TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

**SEÝITMUHAMMET SAÝADY**

# ZÖHRE – TAHYR

**Çapa taýýarlan**
**Araznepes Mämmetjumaýew,**
*dil- edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

**AŞGABAT «MIRAS» 2004**

**UDK 894.361**
**S38**

**S38 Seýitmuhammet Saýady**
Zöhre-Tahyr. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004. –304 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**A.Aşyrow,** *dil-edebiýat ylymlarynyň doktory*

*Seýitmuhammet Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» dessany Türkmenbaşy adyndaky TMGI-de bar bolan nusgalar esasynda çapa taýýarlanyldy. Saýadynyň bu dessany Gündogarda giňden ýaýran «Zöhre-Tahyr» ýordumy boýunça döredilen türkmen dilindäki ilkinji ýazarly eserleriň biridir. Saýadydan öň bu dessanyň halk nusgalary ýörgünlidi. Soňra şu ýordum boýunça dessan ýazan Molla Myrat Horezmi (1782-86-1840-45), Mollanepes (1810-1862) hem Saýadynyň «Zöhre-Tahyryndan» görelde we täsir alypdyrlar.*

**TMMMM №025**

**TDKP №133** **2004** **KBK84Tür7**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004.
Seýitmuhammet Saýady. Zöhre-Tahyr, 2004 ý.
Mämmetjumaýew A., Çapa taýýarlama, sözsoňy, düşündiriş we sözlük, 2004 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň il-günüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-***

***babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr*». **Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## BISMILLAHY-R-RAHMANY-R-RAHYM

Owwal Eýämiň adyna mazmun,
Dana-ýu, kerim-u, haý-ýu biçün[1].

Aýdaý niçe nazmy jan güdazy,
Samyg bol eger sen ähli razy.

Oldur Eýämiz ki laýezaly,
Läşeriki fihi bizowaly.

Hallaky jahan-u asmandyr,
Awsafy jahanda dessandyr.

Adamy ýaratdy arbaýydan,
Aýdaý ki, muny sen eşit menden.

Ab-u-ataşy, bady, häk boldy,
Her kim tanydy, çün päk boldy.

---

[1] Şu beýt Türkmenbaşy adyndaky TMGI-niň hazynasyndaky 5817-nji bukjada aşakdaky ýaly görnüşde berlipdir:
Senaýy hamdymyz ol Kerdigäre,
Keremli patyşa – Perwerdigäre.

Owwalda ýaradan erdi Adam,
Eýledi hüýri aýny oňa hemdem.

Bilgin ki Hudany biçügünä,
Bişübhe-ýu sany binemuna,

Melege buýurdy, kyldy bir jan,
Halyk ekenini bildi aýan.

Howanyň behiştde jübti Adam,
Biri-birine ony kyldy hemdem.

Ol patyşah ki ýokdur enbaz,
Her çend sypatyn eýleseň az.

Köňli söýenlere lutf edeý,
Söýmegenleri jähenneme gideý.

Eý, Saýady, egerçe ýar erseň,
Bir gazal okugyl, humar erseň.

* * *

Adam oglunda hümmetli Muhammet,
Kyýamatda şepagatly Muhammet.

Seniň nuruňdan on sekiz müň älem,
Münewwer boldy, pür nurly Muhammet.

Ki gudrat bilen ýerden göge çykdyň,
Huda gaşynda halatly Muhammet.

Doga kyldy gelip jümle pygamber,
Barynyň içinde täçli Muhammet.

Ki sen pygamberi ahyrzaman sen,
Ki arş üstünde magraçly Muhammet.

Biziň dek asy jafy ymmatyna,
Şerigat şerti, sünneti Muhammet.

Tarykaty, hakykaty diýdiň hak,
Ki magrypetde manyly Muhammet.

Abubekr, Omar, Osman-u Haýdar,
Bular dek ýary-ýaranly Muhammet.

Bary halkyň dilinde aýdylar, Sen –
Iki älemde yzzatly Muhammet.

Erermen pür hata-ýu, pür günähi,
Kerem Senden, keramatly Muhammet.

Bu usýan ýolunda şermendedir men,
Umyt Senden, şerapatly Muhammet.

Bu şeýtan wehminden bize aman ber,
Şüjagatly, sahawatly Muhammet.

Saýady sözüniň köpdür hatasy,
Ata kylgyl, muhabbetli Muhammet.

* * *

Eý, Saýady, gel, imdi pikir eýle,
Mustapanyň ýaranlaryn zikr eýle.

Kim idi Mustapaga ýar bolan,
Munysy jany, gamgusar bolan.

Kimler erdi ki Taňry ýar etdi.
Din üçin janlaryn nisar etdi.

Imdi dört ýar waspyny edeli,
Galam ujuna ne geler biteli.

Ýary owwal idiler ol Syddyk,
Mustapa neslinden biliň takyk.

Ýary ikinji Omary Hattap,
Gelmesin köňlüňize zerre hyjap.

Ýene üçünji erdiler Osman,
Waspyn aýtsam, täze bolar iman.

Ýene dördünji erdiler Haýdar,
Elinde zülpikar, özi sapdar.

Hak resula bu dördi ýar erdi,
Kaýda ol bolsa, ýary geler erdi.

Dost bolsaň, bu dördüsin bilgil,
Ýolunda janyňy pida kylgyl.

* * *

Gel, eý, Saýady, sen bir söz kylgyl,
Ganatyňy ýazyp, perwaz kylgyl.

Ki aşyklara sen güftar açgyl,
Bu türki dil bilen dürler saçgyl.

Ki bolsun uşbu sözler jan pidasy,
Ki bolsun jümle aşyklar sedasy.

Diýdi Saýady: Bir gün ýatyr erdim,
Ki rahat bilen men ukuda erdim.

Çykyp ruhum guşy perwaz kyldy,
Hyýal eder ki, bilbil baz kyldy.

Bahar eýýamynda güller açylan,
Buýyn güller, buýyn barky saçylan.

Ne hoş güller idi onda seýilgäh,
Gözeller uçradylar onda nägäh.

Kylarlar barçasy hoş aýşy eşret,
Ki nägäh boldy bu bendäge şyfkat.

Ki nägäh uçradylar Zöhre, Tahyr,
Diýdiler: «Kyssamyzy eýle zahyr.

Kitap üzre ki biz hem ýat bolaly,
Okyban maksadymyza ýeteli.

Okysyn bizi ymmaty Muhammet,
Eşidenler diýgeý: «Kim oňa rehmet».

Muhammede ki biz hem ymmat bolsak,
Kyýamat gün umydy şyfkat olsak.

Ne bolgaý biz hem aşyk namy bilen,
Salamat bolsak, ol ynamy bilen.

Bolar aşyklara munda melamat,
Umytdyr onda bolgaýlar salamat».

Çün an erteki erdi has-u a:ma,
Dolup erdi bu Hindistan-u Şama.

Oýanyp erdim, taky bidar boldum,
Gije-gündiz muhabbet bilen doldum.

Döwet bile galam elime aldym,
Olaryň yşkyny köňlüme saldym.

Olaryň kyssasyny nazm kyldym,
Ki aşyklara ýagşy bezm kyldym.

Gury jeziredi, bossan kyldym,
Bu aşyklara hup dessan kyldym.

Gel, eý, Saýady, sen başla hekaýat,
Ki bolgaý ol hekaýatda rowaýat.

* * *

Diýdi Saýady: Bir şäher bar erdi,
Şäheriň adyna Tatar diýr erdi.

Bar erdi bu şäheriň patyşahy,
Degip erdi oňa pazly ylahy.

Diýr erdiler onuň adyn Babahan,
Sypat kylsam – sypat kylaly çendan.

Ol erdi patyşahy badiýanat,
Oňa bakar erdi ýedi welaýat.

Adalatda idi misli Nowşirwan,
Musulman erdi-ýu banury iman.

Onuň emrinde ýedi yklym erdi,
Onuň hesretini älem iýr erdi.

Weli, ol patyşa ýüz ýaşap erdi,
Ki ýedi yklym aşyn aşap erdi.

Oňa bagly idi ýüz müň sypahy,
Sütem kylsa idiler barky gähi.

Weli, kemligi perzendi ýok erdi,
Gije-gündiz gam-u gussa iýr erdi.

Bu şah köňlünde daýym erdi bu gam,
Bu gamdan köňli hergiz bolmady jem.

«Men ölsem, täji-tagtymyň eýesi,
Ne kim bolgaý olaryň merhabasy?

Meniň ornumda bir perzent ýok kim,
Ezelde bize bolan takdyr ol kim».

* * *

Şebi – ruzum zulumatdyr, meniň mahy tabanym ýok,
Düşüp men bahry gam içre, neteý bir keşdibanym ýok.

Pyrakyň deştinde galdym, neteý dostlar kylawuzsyz,
Meni menzil ýetirmäge ruhy rahry rowanym ýok.

Bu dünýä bir rabat ermiş, niçe gün menzil eýläre,
Pikir kylsam,byradarlar,meniň sahypkyranym ýok.

Adamyň miwesi perzent ermiş diýrler bu dünýäde,
Neteý ýok mende bir perzent, gury ten men, ki janym ýok.

Kişiniň bolsa perzendi, onuň işleri asandyr,
Öz-özüme pikir etsem, meniň bir şasuwarym ýok.

Saýady, syrry pynhandyr, dowasy derde dermandyr,
Içinde ýüz müň armandyr, ki bir serwi rowanym ýok.

* * *

Gel, eý, Saýady, sahyp many güftar,
Ki Bahyr syryny sen eýle yzhar.

Bar erdi bir weziri, ady Bahyr,
Ýok erdi onda hem perzendi zahyr.

Bary leşgere Bahyr erdi serdar,
Sylahy bar idi, tygy du demdar.

Bu hem perzent gamynda ýyglar erdi,
Köňülde razyny Haka diýr erdi.

Ki bir gün köňlündäki her ne razyn,
Ki ýyglap Taňryga ýetirdi arzyn.

Diýdi Bahyr ki: «Eý, Perwerdigärim,
Jahanyň eýesi, eý, Biribarym.

Saňa arzym diýmeý, men kime diýr men,
Özüň gamhory Sen, men gam ne iýr men.

Kylar arzyn Saňa bu bende Bahyr,
Seniň alnyňda iş barçasy zahyr.

Bu soltana ata kylgyl ki perzent,
Onuň bilen bu soltan bolsa hursant.

Oşol perzent bilen şat bolgaý,
Bary gaýgysyndan azat bolgaý.

Maňa hem kyl enaýat bir guwanjy,
Ol bolgaý hassa janymyň söýenji.

Ikew bir-birine bolsa köňüldeş,
Ki bolgaýlar ne ýerde bolsa ýoldaş.

Özüň Sen patyşahy ba pazylat,
Kylar Sen lahzada älemi rahmat».

Ki sydky bile köp kyldy mynajat,
Diledi Taňrydan bir-iki hajat.

Ýene özge myradyny diýmedi,
Bu pany dünýäden hiç gam iýmedi.

Mynajat eýledi-ýu goýdy başyn,
Dilemedi uzaklygyny ýaşyn.

Wuzu eýläp başyny ýere goýdy,
Hyýal etmedi ondan özge sözi.

Başyn goýdy ýere, gördi bir düýş,
Ezelde bar idi olara ülüş.

Görer, soltan bilen ol atlanypdyr,
Togaby hanaýy Käbä edipdir.

Ulug astanaga aýtdy bu razyn,
Berip astana hem jümle myradyn.

Bu astana togabynda gazaly,
Okyp kylar idi sa-ýu jedeli.

* * *

Rahman eýäm, özüňden myradymy tilär men,
Ýokdur sabry-kararym, hesretimden öler men.

Köýdüm bu yşk oduna, ýokdur derdim dowasy,
Menden burunky köýen tebiplerden sorar men.

Pyrak deşti içinde haýran-u teşne galdym,
Ilden azaşan it dek her tarapa garar men.

Şam-u säherler onuň wasly-umydy bilen,
Bu şemi pyrkat içre perwana dek ýanar men.

Kerwen ki göçdi gitdi, misgin Saýady galdy,
Guluň hatasy köpdür, kylawuzsyz öler men.

* * *

Bu düýşi gördi-de oýandy Bahyr,
Baryp soltanyna ol kyldy zahyr.

Diýdi kim: «Düýş görüp men, patyşahym,
Şükür Allaga kim, kem boldy ahym.

Nazar kyldy saňa, maňa ezizler,
Onuň deki ne bilsin bitämizler.

Söýünji ne berersiz bendäňize,
Geňeşiňiz nedir şermendäňize».

Bu sözi eşidip, soltan hem ol dem,
Hudaýa şükr ediban boldy horram.

Diýdi soltan: «Huda perzent berse,
Olar bile köňül hursant bolsa.

Ogul bolsa, ikewi dost bolsun,
Ikewi bir ten-u bir post bolsun.

Eger gyz bolsalar, bolsun dogan-a,
Ikew bir-birine bolsun janana.

Ogul-gyz bolsalar, hemdert bolsun,
Bu şertden kim däner, namart bolsun.

Bu şähr ili olara bolsa tabyg,
Olary kylmagaý hiç kimse manyg».

Diýdi Bahyr: «Eý-a, eý, şahy älem,
Bu şert-u äht şalara müsellem.

Meniň hetdim çün ýetmez özge söze,
Bu söz bu ýerde durmaz, bolar özge».

Bu söze şah kasam binýat kyldy,
Onuň üçin kyssaýy ebýat kyldy.

* * *

Gel, eý, Saýady, sen hoşwagt otur,
Tomaşadyr, dep-u nagara getir.

Bu dessan owwalyny sözi bilen,
Sen üýtgetme bu sözi bazy bilen.

Diýdi Saýat, enaýat kyldy Taňry,
Bu şahy ýalkap, bir perzent berdi.

Çün ötdi tün-u gün, gunça açyldy,
Bu gunça üstüne dürler saçyldy.

Berip Taňry bu şaha näzenin gyz,
Bu gyzyň tarypyny aýdalyň biz.

Ýüzi gül dek idi, çün agzy gunça,
Ki gören jan bererdi sözleginçe.

Lebi lagl, dişi dürdäne erdi,
Ki görseň türpe bir janana erdi.

Ýüzüniň gyzyly jennet güli dek,
Ol misli Eremiň bilbili dek.

Kamar dek gaşy, ýüzi şemsi enwer,
Gözüniň röwşeni manendi göwher.

Gyýa bakgaç, kişi janyn aladyr,
Kişi görse, özün oda saladyr.

Boýy näzikligi çün serwi azat,
Ony gören kylar ýüz ahy-perýat.

Saçy sünbül, syýahy anbar efşan,
Ysy müşki Hotan, nesrin-u reýhan.

Söýünji berdi şah kim niçe tylla,
Ýygyldy jümleýi hyş-u kabyla.

Bu şah berdi gyzyna toýy bisýar,
Tagamy bar idi ýüz ança taýýar.

Ki ýygdylar olar bad-u haşamy,
Tutup yzzat bu şahy muhtaşamy.

Bu şah geňeşi owwal ile berdi,
Munuň adyn halaýyk Zöhre goýdy.

Ki taýyn etdi gyza ýüz eneke,
Enekeler kylar janyn köleke.

Ýörüse ellisi oň golunda,
Ki ellisi ýörürler sol golunda.

Mübärek ady gyzyň Zöhre erdi,
Bu gyzlar içinde türpe erdi.

Onuň bir sözi iki bolmaz erdi,
Ki Zöhre sözni iki kylmaz erdi.

Onuň owazasy çün Kap, tä Kap,
Onuň arzysyny ýurt etdi awsap.

Onuň tarypy hem gitdi jahana,
Ki maşryk, tä magryp, barça hana.

Babahan Taňryga köp şükür kyldy,
Özüniň köňlünde bir pikir kyldy.

Diýdi: «Bahyryň ogly bolsa, nägäh,
Onuň pikri ne bolgaý?» – diýdi ol şah.

Bu gaýgy bilen köp endişe kyldy,
Köňlünde bu pikrini pişe kyldy.

Diýdi Bahyra gyz berse Allah,
Bolar ol ikisi bir-birden ägäh.

Ogul bolsa, oňa pikir eder men,
Ýetimimdir, tiz başyna ýeter men».

Töwekgel kyldy soltan hem oturdy,
Unutdy şertini bigam oturdy.

* * *

Gel, eý, Saýady, Bahyr zaryn aýtgyl,
Bu bossanyň taky gülzaryn aýtgyl.

Diýdi Saýady: – Bahyr ogly boldy,
Onuň tarypy hem äleme doldy.

Munuň adyny goýdy mürze Tahyr,
Ýüzünde Mustapanyň nury zahyr.

Enesiniň adydyr Şahyhuban,
Bu hem husn içinde bir mahy taban.

Oňa han daýany başga kylypdyr,
Bu syry şähr ili-barça bilipdir.

Niçe ýyllar enekeler çekip jan,
Ki her biri bolupdyr hüýri gulman.

Görüň, Tahyr ki bäş ýaşa ýetipdir,
Bu Bahyr Taňry emrin bitiripdir.

Çün Bahyryň wepatyn bildi ol şah,
Diýdi: «Ölmek erer gudraty Allah».

Öz-özünden diýdi: «Men han erer men,
Bu Tatar iline soltan erer men.

Wezirim Bahyr-u garaçyň ogly,
Ki bu Tahyr erer hem onuň ogly.

Rowa ermez weziri birle hany,
Guda bolup, melamat tartsa jany.

Geler başyma ýüz dürli melamat,
Melamaty Huda kylsyn salamat.

Ki men Bahyr bilen şert eýlegende,
Bu syry bilmegendir hiç kim onda.

Bu syry kim bilipdir menden özge –
Diýdi, almady ol Tahyry gözge.

* * *

Gel, eý, Saýady, binýat et bu kyssa,
Niçik düşdi bu Tahyr bege gussa.

Diýdi Saýat: Oşol gün Bahyr öldi,
Eşidiň munda Tahyra ne oldy.

Bu syry bildi şeýtan, diýdi: «Eý, şah,
Ki bir ýol görseteý – diýp, kyldy gümrah.

Diýdi: «Bahyr bilen şertiň bar idi,
Guda bolara hem ähdiň bar idi.

Ki Bahyr öldi-ýu şertiň bozuldy,
Aradan mähr-u şyfkatlar üzüldi.

Bu Tahyr ýetimiňdir, ýagşy bilseň,
Wezir ogly ýetimdir, pikir kylsaň.

Rowa görmeý, Huda bozupdyr, eý, şah»,
Diýdi sözlerin şeýtan, kyldy gümrah.

Bu sözler şaha hup makul boldy,
Bulary beççedir diýp gul boldy.

Olary bendi mekdep kyldy soltan,
Bular jan bilen okyr erdi Gurhan.

* * *

Görüň Zöhre oşol meýdana girdi,
Onuň aşyklygyny barça bildi.

Girip meýdan içine diýdi: «Begler,
Pakyr biçäre arzyn eşidiňler.

Meni mülke nesip eden Hudadyr,
Bu janan ýolunda janym pidadyr.

Ger, emma kätibin ýazan ezelden,
Ýene taýgan eken ölüm Ýezelden.

Sabyr berdi niçe ýol bir Hudaýym,
Sabyr bilen tapypdyr men myradym.

Bizi maksada ýetiren Allahym,
Arasat köýünde Hakdyr penahym.

Hudanyň özündendir bu nyşanlar,
Ony bilmediler bu katlbanlar.

Ulug derýa akyzdy bahry umman,
Aradan niçe ýyl ötdi peýrowan.

* * *

Ajapdyr kyssa ger, bu janda bolsa,
Berermen jan eger, bu tende bolsa.

Ki emma kätibin ýazmyş ezelden,
Ynanmazmyň delil Gurhanda bolsa.

Ki .................................... bolsa [1]
Munuň manysyny bilgende bolsa.

Nagu  bilmez kişi şerhin beýany,
Ezelden äht ile peýmanda bolsa.

Tapar aşyk diýgen ahyr myradyn,
Gije-gündiz gözi girýanda bolsa.

[1] Golýazmanyň bulaşandygy üçin bu setiri okamak mümkin bolmady.

* * *

Eşidip Tahyr aýtdy: «Eý, dildar,
Hoş imdi mähriban, eý, ýary gamhor.

Maňa ölinçäm, sen dildarlyk kyl,
Men ölsem, murdama gamhorlyk kyl.

Meni bir menzile depn kylar sen,
Ki soňra maslahatyňy biler sen.

Semender köýmeýin, maksada ýetmez,
Galandar ölmeýin, mahbuba ýetmez.

Köýer men, uşbu gün merdanalar dek,
Öler men, hem ýene perwanalar dek.

Garybyň ruhuna tekbir kylgyl,
Garybyň gabryna sebgir kylgyl.

Rakybyň jebrinden kyldym dowalar,
Ki senden özge barça maňa ýar».

Okyp, meýdanda gygyryp urar ah,
Onuň halyna ýyglar gaýry ol şah.

* * *

Eý, nigärim, galmady, bu tende derman, elwedag,
Ýary-ýardan jyda kylma boldy  perman, elwedag.

Men bu gün kyldym sapar şähri hamuşan  şährine,
Sen galyp tapdyň haýaty jawudandan, elwedag.

Men haçan aýrylgaý erdim, jebri soltan bolmasa,
Tä ezel mundag bolupdyr, jebri soltan, elwedag.

Gahar eýläp Züljelal, etdi ilimizden jyda,
Imdi bolmaz derdimiz derdige derman, elwedag.

Gul Saýady, sabyr kyl, yşk myrady sabyrdyr,
Çäre ýokdur kim tükendi, derde derman, elwedag.

* * *

Iki aşyk kylyp perýat, perýat,
Bu Tatar ilinde ýüz dat, set dat.

Diýmedi: men gyzym halyn soraýyn,
Ne diýip ikisin men öltüreýin.

Hyýal etdi, ki Tahyry unudar,
Sabyr bilen ýüregini sowudar.

* * *

Okyp dillerinde ylmy mejazy,
Weli, köňüllerinde yşk bazy.

Bu mekdephana erdi bir bahana,
Geler erdi oşol iki dugana.

Ki saldy gollaryn boýunlaryna,
Ony gören bakar oýunlaryna.

Ki göz bile kylarlar gör nazara,
Bu nobat gaşa ýetdi bara-bara.

Ki gaş-u göz ikisi saz kyldy,
Taky köňül guşy perwaz kyldy.

Köňülde yşk işi binýat kyldy,
Ki Tahyr bu gazaly ýat kyldy.

* * *

Eý, şemsi enwer ýüzlügim, görmegeý erdim käşki,
Köňlümi ahu gözüňe bermegeý erdim käşki.

Eý, gülşeni bagy Erem, eý, mähriban zyba senem,
Lebiň şerbetin dembe-dem sormagaý erdim käşki.

Yşkyňda men eý, bihabar, ýyglap ýörüp şam-u säher,
Hijran çekip huny jiger ýörmegeý erdim käşki.

Yzlap wysalyň, eý, göwher, gedaýy boldum derbe-der,
Hümmet etegin elime almagaý erdim käşki.

Ýadyňdadyr men gijeler, perýatlar kyldym säherler,
Bolup haraby derbe-der, ýörmegeý erdim käşki.

Geldim adem sährasyndan, men bu wujut eýwanyna,
Çün kyldym aşyklyk işin, bilmegeý erdim käşki.

Misgin Saýady, ba kerem, boldy sowaly läjerem,
Merdanawar yşka gadam goýmagaý erdim käşki.

* * *

Diýdi Saýady Zöhre yşk bazy,
Mübeddil boldy  hijrana mejazy.

Eşitdi Zöhre bu Tahyr sözüni,
Ki yşk oduna saldy hem özüni.

Bu sözi eşidip, diwana boldy,
Onuň çün halk era efsana boldy.

Çün yşka hemdem-u hemra boldy,
Gyzyl gül dek ýüzi çün kah boldy.

Alajy ýok idi çün gaýry mekdep,
Bu mekdephana hem köwseri leb.

Ikisi çyrmaşarlar hem çeçek dek,
Birisi garçgaý, birisi ördek.

Hemişe mekdebe hemrah barardy,
Bu syry şähr ili barça bilerdi.

Weli, ikisine aýtmaz idiler,
Aýan boldy ikisine bu syrlar.

Ki bir gün ikisi oýnap gelerdi,
Ki bir hatyn gelip, aldynda durdy.

Diýdi: «Şazadalar, men söz duýup men,
Garyb-u bende zen hem biwatan men.

Garyplaryň dogasyny alyňlar,
Sözümden ol tarapa ýol salyňlar».

Bu sözlere gulak salmady Tahyr,
Ol ýerde biedeplik boldy zahyr.

Ki hezl edip aşyk atdy ol saryga,
Ki bu aşyk baryp degdi garryga.

Baryp aşyk garryga degdi, eý, jan,
O ýerde özge sözler boldy çendan.

Diýdi hatyn: «Meniň-le kylma bazy,
Kylawer Zöhre hanym birle sazy.

Eger sende akyl bolsa, eý, oglan,
Kylawer Zöhre hanym bile jöwlan».

Diýdi Tahyr: «Maňa aýtgyl ne syr bar,
Kylawer uşbu sözi maňa yzhar».

Diýdi hatyn : «Eneňden söz eşitgin,
Sabyr kyl, sabr eýläp, maksada ýetgin».

Bu sözleri eşidip mürze Tahyr,
Baryp enesine çün kyldy zahyr.

Diýdi enesine: «Eý, janym ene,
Meniň janyma mähribanym ene.

Ki bilmen haýsy dagdan guş uçupdyr,
Bu gaz, durna kaýu köle düşüpdir.

Meniň köňlüm tilär, ol köle barsam,
Bu gün onda baryp, men guşy alsam.

Ki mekdepden geler erdim, özüm aç,
Bu köňül arzuw eýlär gowurmaç».

Enesi çusty-çäbik gopdy andan,
Buýurgaç hem gowurmaç kyldy anda.

Diýdi enesine: «Berhaky Razyk,
Goluň bile maňa bergil muwapyk.

Goluňdan aş iýmek köňlüm tileýdir,
Saňa razym diýmek köňlüm tileýdir».

“Hoş” diýip, goluna aldy gowurmaç,
Ki mäkäm tutdy golun ol uzatgaç.

Diýdi Tahyr: «Ene, Taňry hakyndan,
Muhammet Mustapanyň hormatyndan –

Diýdi – Ene, ne syr bar, eşideýin,
Golumdan gelse maksada ýeteýin».

Goly köýgeç diýdi: «Eý, nury dide,
Eşidip kyssany bolgul remide.

Ataň bile Babahan kyldy peýman,
Ajal ýetdi, ataň tapmady derman.

Unutdyk biz ony, sen hem unutgyl,
Ne söwdadyr, begim, köňül sowutgyl.

Olar hanlar erer, hanlara laýyk,
Köňül berme, olara bolma aşyk.

Eger köňül biýr sen, pyganyň artar,
Demiňe ot düşer, älemi örter».

* * *

Eşidip uşbu sözi Tahyry mest,
Bu yşk ody bilen ol boldy peýwest.

Iki däne gowurmaç gola aldy,
Kitabyny alyp, goýnuna saldy.

Baryp mekdebe girdi mesti magrur,
Okyp ebýaty yşk, elinde tanbur.

* * *

Aşygam, eý, dostlarym, janyma janan isterem,
Derdime derman, ýene janyma janan isterem,

Lebleriň aby haýýatdyr, teşne leb aşyklaryň,
Döwletinden men ýene bir aby haýwan isterem.

Sensiz men jennete barsam, hanaýy zulmat erer,
Nalaýy efgan edip, bir mahy taban isterem.

Arzy halyňdan özge ýerde tutmaz men karar,
Andalyby binowa ýaly gülüstan isterem.

Derdi bidermana galdym, ýok tebibi hazygym,
Gadamyňa baş goýup, derdime derman isterem.

Gul Saýady, aşyk erseň, isteme abatlygy,
Men özümi häk edip, bir jaýy weýran isterem.

* * *

Baryna Zöhre halypa erdi,
Beççeler köp idi, magluba erdi.

Diýdi ussady Tahyr bege: «Diňle,
Galatyň bolmasyn kim ony aňla».

Ýene diýdi ki Zöhrä: «Ýary dildar,
Bu Tahyr halyndan bolgul habardar».

Bu sözi eşidip Tahyr dil efruz,
Galadyn aýdar erdi, Zöhrä her ruz.

Bu Tahyr ýyglaban köp näz ederdi,
Okudyp Zöhre gamza saz ederdi.

Sorar kim sapagyndan köp galat diýip,
Galadyn aýdyň, eý, şahy welet diýip.

Bu manydan ikisi söz gatardy.
Beççeler gözüne tedbir ederdi.

Ki yşk oduna köýdi Zöhre çendan,
Gözünden ýaş akar, lebleri handan.

Bu Tahyr yşkynda köp köýdi jany,
Teninde galmady ruhy rowany.

Köýüban istihan suda boldy,
Tenine ot düşüp kül – tuda boldy.

Pena eýläp, özüne läýezaly,
Okyr erdi Zöhre bu gazaly.

* * *

Ruzy ezelde, dostlarym, görmegeý erdim käşki,
Ähdi-wepa ol ýar bilen kylmagaý erdim käşki.

Bir jilwe eýläp janyma saldy tümen söwdasyny,
Mundaý belany janyma almagaý erdim käşki.

Waslyn diläp aşyk bolan, top oýnadar başy bilen,
Başymy bu meýdan era salmagaý erdim käşki.

Aşyk özün eýläp siwa, waslyn diläp hijran era,
Men hem bu dünýäden geçip, galmagaý erdim käşki.

Men bilbili zaryň bolup, haýrany didaryň bolup,
Ýarym, seniňle mekdebe barmagaý erdim käşki.

Bir bilbili biçäre men, menzilgähim beýtil hazan,
Owwalda yşk bazaryna girmegeý erdim käşki.

Eý, gul Saýady, yşk era, boldy jahandan mäsewa,
Ol ýar wysalyn, dostlarym, görmegeý erdim käşki.

* * *

Gel, eý, Saýady, başla imdi dessan,
Zemistanda niçik açyldy bossan.

Gülüstan görmesin bady hazanyn,
Rakyplaryň Eýäm bersin zowalyn.

Görüň biçäre Tahyryň sowalyn,
Niçik berdi, eşit Zöhre jogabyn.

Diýdi Saýady, Tahyr kyldy engiz,
Ki hylwat ýerde kylgaýlar suhanriz.

Bar erdi şahyň bir seýilgähi,
Çykar erdiler oňa gäh-gähi.

Adyn aýdar idiler Bagy meýdan,
Kylarlar erdi onda hup jöwlan.

Ol ererdi Bagy – ryzwan behiştiň,
Hasaby ýok idi onda iýmişiň.

Ýene dürli miweler saýasynda,
Gyzyl güller açylar käsinde.

Içinde akar erdi aby-zemzem,
Düşer erdi gyzyl güllere şebnem.

Gyşy ötüp, meger gelse bahary,
Açylar dürli güller lälezary.

Ýygylar onda köp zagy-zaganlar,
Gyzyl gül şowkundan eýläp pyganlar.

Bolup howuzlar manendi Köwser,
Gider akyp, geler bir ýan seraser.

Miwe bar erdi onda niçe elwan,
Bişer erdi miwesi ýagşy birýan.

Köp erdi kim oşol bagyň bahary,
Ýok erdi kim içinde hiç gubary.

Bişer erdi miwesi niçe elwan,
Bolar gamgyn kişiler dili jöwlan.

Okyr erdi dowam mekdepde Tahyr,
Bul ikisiniň syry boldy zahyr.

Bu mekdepde ikisi deň boldy,
Hapalykdan köňülleri teň boldy.

Ki wada kyldylar, ol Bagy meýdan,
Ki ýagny, oturarlar onda çendan.

Girip bag içre ol iki dügäne,
Biri bilbil, biri gül berki, däne.

Ikisi goşulyp hup muňlaşarlar,
Öpüşip, gujaklaşyp, ýyglaşarlar.

Bir-birine diýip razy dilini,
Ki herne köňlündäki müşgilini.

Bu saza düzülip bu iki tary,
Gyzyp bag içinde bu yşkyň bazy.

Bu yşk ýolunda bolmaz neng-u namys,
Gözüňe hiç görünmez, duşman-u dost.

Hakykat yşkdyr, bu yşk bazy,
Diger ne bolmasyn yşk mejazy.

Bu Tahyr yşk oduna köýer idi,
Ne kim kyssany Zöhre sorar idi.

Bu Tahyr aýtdy öten kyssalaryn,
Ne kim köňlüne gelen gussalaryn.

Diýdi Tahyr ki: «Eý, ruhsary husn,
Kylyp yşkyň meni perwanaýy husn.

Saňa aýdaý bu gün men bir hekaýat,
Eşitgil ol hekaýatdan rowaýat.

Ataňda ýok eken perzendi binýat,
Ki ýyglap aýdar eken dady-perýat.

Diýr eken: “Bir Huda perzent berse,
Onuň bilen köňül hursant bolsa.

Huda kime nesip etse bereýin,
Olaryň döwr-u döwranyn soraýyn”.

Köňülde bar eken uşbu güftar,
Kylaýyn uşbu sözi size yzhar.

Atam eken atаňyzyň weziri,
Arasynda ýok eken hiç neziri.

Bu sözi atama diýpdir atаňyz,
Daryg-a çykdy bu sözde hataňyz.

Atamda ýok eken hiç perzent,
Olar hem bolan eken onda dilbent.

Atama Hak kylyp perzent enaýat,
Oşol wagtda bolupdyr bagt hemaýat.

Ýatyban düýş görüpdir öwlüýäde,
Ýapyşyp öwlüýäge bir balada.

Tahyr aýdar: «Ki öwlüýä erer sen,
Meniň uşbu myradymy berer sen.

Myradym uşbudyr kim hanymyza,
Ki jandan dosturak jananymyza.

Niýetler hajat ermez şerh etsem,
Bu soltan bilen men maksada ýetsem».

Oşol wagtda Huda rehmet kylypdyr,
Biz ikimizi hem Alla beripdir.

Hudaýa şükür edip, kylanda peýman,
Atam ölüp, galypdyr bizde arman,

Ataň bilen atamyň ähdi, eý, jan,
Bar ekendir, ýene gudratly Ýezdan.

Atam öldi, anyň ähdi bozuldy,
Ýene niçe gyzgyn mähri sowuldy.

Diýr ermişler: «Rowa görmen oňa men»,
Bu sözden telbe ýaly mübtela men.

Niçik bolar munuň tedbiri, eý, jan,
Galyp men yşk jeziresinde haýran.

Bilermen sendedir derdim dowasy,
Erer sen hassa köňlüm merhabasy.

Ki senden özge maňa ýar bolmaz,
Bu köňlüm sorgujy dildar bolmaz.

Säherler ah urup oýanadyr men,
Bu hijran elinde awaradyr men.

Pyrakyňda ajap gussa ýuwdup men.
Umyt bilen etegiňi tutup men.

Ýoluňda ýörer men gijeýu-gündiz,
Pida bolsun bu janym saňa ýalňyz».

Bu dessan ahyrynda bir gazal ýat
Okyp, Tahyr kylar ýüz ahy-peryat.

* * *

Pyrakyň hijrinde bes, ýanadyr men,
Gamyň bilen bu gün hemhanadyr men.

Ýüzüňden perdäni algyl, nigärim,
Ki yşkyň oduna perwanadyr men.

Seniň dek ýok jahanda dilberi mah,
Seni görsem özümden dänedir men.

Wysalyň deştinde leb teşne galdym,
Lebiň şerbetin içsem ganadyr men.

Gel, eý, saky, bu gün bir jam içeli,
Bu demde säkini meýhanadyr men.

Meni örtedi her dem nary yşkyň,
Seniň üçin, nigärim, ýanadyr men.

Saba, magşar güni sorsa sowalym,
Seniň waspyň bilen efsanadyr men.

Kylyp menzil bu gün beýtil-haramy,
Ki afwam säkini weýranadyr men.

Karary sabrymy sen eýlediň täk,
Ki sen-sen jan-u, jananadyr men.

Saýady eýledi bisýar zary,
Talapkär çün rahy peýmanadyr men.

* * *

Ki bu sözi eşitdi Zöhre hanym,
Diýdi: «Eý, mähribanym, köýdi janym».

Bu sözleri gulaga Zöhre aldy,
Onuň üçin özün bu gama saldy.

Ki Tahyr bu gazaly kyldy ahyr,
Diýdi Zöhre: «Atamdyr türpe kapyr.

Dirilikde kişiniň ähti bolsa,
Iman etmez kişi ähtini bozsa.

Atam dänse däner, men dänerim ýok,
Ezelden kysmatym ol, ýanarym ýok.

Meniň hem başyma düşdi bu söwda,
Bolup yşk wadysynda men şeýda.

Seniň dek uçramasdyr maňa her ýar,
Köňül pür gam, gözüm ukudan bidar.

Mydama ýokdur hiç sabry-kararym,
Ýaryg dünýäde sendir sen mydarym.

Ki sen Leýli erer sen, ýary Mejnun,
Ki men Mejnun erer men, çeşmi pür hun.

We ýa sen Mejnun, men saňa Leýli,
Bu Leýliniň bolar Mejnuna meýli.

Ki Leýli, Mejnun ikisi ba hemdir,
Jahany ot tutar bolsa, ne gamdyr».

Ikisi goşulyp, kylar pyganlar,
Biri-birin guçup, halyna ýyglar.

Ikisi bag içinde  zary haýran
Bolar, gören kişiniň köňli weýran.

Düşüban başyna yşkyň höwäsi,
Bu ebýat erdi Zöhräniň nowasy.

* * *

Pyrakyň derdinde bimardyryn men,
Wysalyň hasratynda bardyryn men.

Oşol jamy wysalyň içdim erse,
Oşol günden bäri humardyryn men.

Muhabbet tohmun ekdiň köňlüm içre,
Onuň çün gije-gündiz zardyryn men.

Meni gören kişi ýüz tagna eýlär,
Rakyplar derdinden efkardyryn men.

Ki gamzaň okuna kylgyl nyşana,
Seniň halyň üçin gamhordyryn men.

Meni meng eýlemäň bu yşk ýolundan,
Mysaly tanuryň narydyryn men.

Jemalyň bolmasa ryzwany neýleý,
Onuň dek jezireden bizardyryn men.

Saýady, menlik işden toba kyldym,
Ki men bir mahluky Jepbardyryn men.

* * *

Gel, eý, Saýady, sen sözle nedir hal,
Niçik bolgaý bu işden soňky ahwal.

Oşol meýdan içinde bagbany,
Boluban ikewine didebany.

Bularyň barça işlerin görüpdir,
Babahanyň görnüşine ýügrüpdir.

Salam berdi bagban, diýdi: «Eý, şah,
Eşitgil, aýdaýyn, takdyry Allah.

Goşuldy bilbil-u gül bag içinde,
Ikisin gördüm emma, dag içinde.

Hazan wagty idi, güller açyldy,
Dürr-u dürdäneler herýan saçyldy.

Ki bilbil gül bilen hemraz boldy.
Muhabbet bilen ol dem saz boldy.

Ikisin gördüm çün men mynasyp,
Mynasyp görmegen öldür asyp.

Biri gül dek bolup, ot dek ýanadyr,
Biri bilbil bolup, uçup-gonadyr.

Biri Zöhre erse, birisi Tahyr»
Diýdi bagban, bu sözi kyldy ahyr.

Olaryň şanyna ebýat okyban,
Okyp şah alnynda hem boldy girýan.

* * *

Şah-a gördüm çemen içre gonupdyr türpe şuňkary,
Nezaketler bolar peýda tekellüm kylsa güftary.

Onuň men wasp-u towsyfyn kylaý alnyňda, soltanym,
Eger akyl iseň öldürme ki any diňle mukdary.

Ajap akyl dana bilip, bu dünýäni kylyp pany,
Kylypdyr misli ähdiňi ajaýyp bir puşeýmany.

Bolup Seýpelmelek säni, Bedygy agtaryp tapyp,
Gurup söhbet, içip bada, köýüp alnynda dildary.

Girip Bagy Erem içre geda birle şahynşahy,
Geçip özden wysal yzlap, ki tapdy ol dilefkary.

Gözel şuryda bilbil dek pygan eýlär, şahym, Tahyr,
Eziz janyn pida eýlär, görüp Zöhre wepadary.

Iki aşyk bile her dem pygan-u nalalar eýläp,
Bu yşkyň oduna köýen, Saýadydyr dilefkary.

* * *

Buýurdy şah Tahyra niçe mährem,
Bu mähremler idi Tahyra hemdem.

Bu mähremler görüban nala kyldy,
Hemme göz ýaşlaryny jala kyldy.

Hemme matam bilen ýyglaşdylar zar,
Diýdiler bir jismi hem, eý, dilefkar.

Geliban diýdiler kim: — Eý, juwan mert,
Ne kylar sen bu ýerde ýeke-ýu fert.

Seni han çarlady, sözlär sözi bar,
Geliň tiz alyp, ýolunda bisýar.

Seniň janyň üçin biz köýüşdik,
Günähiň ne bolupdyr, soraşdyk.

Diýdi Tahyr: «Ne sözdür, maňa aýdyň,
Ki munda gelmeýin, aýdyň-da gaýdyň».

Diýdiler: – Emri şah, durmagy ýokdur,
Ýöre tizräk, saňa şa rehmi ýokdur.

Diýdi Tahyr: «Maňa gaýgy nedendir,
Ki gaýgy bolsa, maňa Zöhredendir.

Ki Zöhre jan, onuň jananasy men,
Bu Zöhre şem, onuň perwanasy men.

Ki Zöhre bag, men [ol] bagyň güli men,
Ki Zöhre gül erer, men bilbili men.

Ki Zöhre şems erer, men mahy-enwer,
Ki Zöhre bahry yşk, men dürri göwher.

Ki Zöhre patyşa, men hem geda men,
Ki Zöhre mungym-u, men binowa men.

Ki Zöhre patyşahy Bagy meýdan,
Ki Zöhre maňadyr, men oňa haýran.

Ki Zöhre dilberi, dildadesi men,
Ki men biçäre bir awarasy men.

Kaýan hökm eýlese, perman onuňdyr,
Ki dert menden weli, derman onuňdyr”.

Bu sözleri diýdi-ýu, gopdy Tahyr,
Çykardy köňlünde bir ahy zahyr.

* * *

Kim ki aşykdyr, ýaranlar, rehberi Allahdyr,
Kim ki aşyk ermez Allaha, oşol gümrahdyr.

Lap urarlar köp halaýyk, bul höwes aşyk kibi,
Aşyky dananyň reňki, gäh raba-ýu kahdyr.

Aşyky didar olan kim masuwallah bolgusy,
Iki dünýäde myrady hasyl olan şahdyr.

Dawaýy ýalan edip ýören, myradyn tapmady,
Tobaýy şeýtan erer ol, bendeýi gümrahdyr.

Gul Saýady ah uradyr, dostlar-a, didar üçin,
Her myrat-maksadyňa hem ýetgiriji Allahdyr.

* * *

Gel, eý, Saýady, Zöhräniň hyýaly,
Niçik erdi bu Tahyryň jogaby.

Ki ol ýerde hyýaly ham kyldy,
Ki Zöhre gündizini şam kyldy.

Diýdi Zöhre: «Görüň atamy baryp,
Köňül gamlaryny aýdyň çykaryp.

Bu sözler hem oňa mälim bolsun,
Eşidip, köňlüne makul bolsun.

Baryp arz eýläňiz alnynda zynhar,
Ki bolsun halymyzdan ol habardar.

Ki şaýet, köňlünden kim çykan olgaý,
Eşidip, şertleri ýadyna gelgeý.

Ata-enem özüme mähribandyr,
Bu söz ýadynda ýokdur diýp gümandyr.

Meniň köýenime ýokdur ryzasy,
Eşitse zerre ýokdur majerasy».

Ki Tahyr bege rugsat berdi Zöhre,
Ki endek oldular ol ýerde bähre.

Eştdi Zöhreden Tahyr bu sözni,
Ki Tahyr ölmäge eltdi özüni.

Ki ahyr bir gazal Tahyr kylyp ýat,
Okyp bu bag içinde kyldy perýat.

Bir ebýat okydy Tahyr beg anda,
Ki Zöhre delmuryp ýyglar çemende.

* * *

Janan seni söýdüm taky, geçdim bu älem baryndan,
Köňül guşy perwaz eder, gorkman jahanyň naryndan.

Kyrk ýyl melamat eýläne zahyt meniň şanym üçin,
Zerre gamym ýokdur meniň, billah ki onuň aryndan.

Bir bendeýi biçäre men, menzilgähim beýtil hazan,
Synam sary tiri keman, gelse nigärim sarydan.

Eý, çarhy kaddar bagyma, salma hazanyňdan kusur,
Bu andalyby zary sen, kylma jyda gülzaryndan.

Misgin Saýady hikmeti Möwlamdyr ser kysmaty,
Pitwa berip öldürseler, perwaýy ýokdur daryndan.

* * *

Gel, eý, Saýady, Zöhre dadyn aýtgyl,
Kyssaýy merdi-namardyn aýtgyl.

Diýdi Saýady: Tahyr gitdi gamnäk,
Ki Zöhre bagda galdy dide nemnäk.

Garap Tahyry görmeý ah urdy,
Pyrak ody bilen örtendi, turdy.

Golun açyp, dilär Hakdan mynajat,
Diýdi: «Senden dilär men uşbu hajat».

Çün ýyglap aýdar erdi: «Eý, Ýaradan,
Bu dünýäni kerem bilen düzeden.

Bu Tahyr ýekedir, Sen bol penahy,
Ki näumyt etmegeý sen, Ylahy.

Açylar barçanyň Senden myrady,
Budur aşyk guluňyň Saňa dady.

Ki Senden bolmasyn näumyt aşyk,
Eger bolsa, boladyr bary sadyk.

Ki aşyklar işi daýym töwekgel,
Köýer yşk oduna, kylgaý tahammyl».

Bu Tahyr hesretinden bu gazal ýat,
Okyp, Zöhre kylar ýüz ahy-perýat.

* * *

Eý, söýgüli dilberim, dildary janym sen idiň,
Diriligim, aýşy hoşum, şirin zybanym sen idiň.

Sensiz jahany neýläýin, eý, älemi soltany husn,
Ýedi yklym şähri era soltan-u hanym sen idiň.

Leýli-ýu Mejnun söhbeti, Perhad-u Şirin ülpeti,
Bu hassa janym rahaty, ruhy-rowanym sen idiň.

Şemsi ýüzüň, gaşyň kamar, lagly lebiňdir çün şeker,
Kirpikleriň ganym döker, jellady janym sen idiň.

Misgin Saýady, hasta dil, ugruňda köýdi niçe ýyl,
Biçäredir men, rehim kyl, sahypkyranym sen idiň.

* * *

Gel, eý, Saýady, Tahyrdan hekaýat
Ne mazmun bilen sen kyldyň rowaýat.

Diýdi şah alnyna kim geldi Tahyr,
Bu işi owwalyndan kyldy zahyr.

Salam berdi Tahyr, durdy anda,
Golun köksüne tutup, misli bende.

Bu soltan sordy Tahyrdan sowalyn,
Bu hem bilgeniçe berdi jogabyn.

Diýdi şah: «Bu ne işdir sen kylyp sen,
Söýle habaryňy, kimden alyp sen.

Bu tedbir işimi, adam işimi,
Ýok eýse bu pelegiň gerdişimi?

Kim etdi uşbu işi saňa binýat,
Bu yşkyň dadynda kim boldy ussat?

Ki senden ileri adam ötüpmi,
Bu yşk dadynda maksada ýetipmi?

Bu Zöhre patyşa, sen hem geda sen,
Salam haky bilen sen ki aşna sen.

Adam bilen adamda parh bisýar,
Tapawut etdi-ýu halk etdi Jepbar.

Atаň kim maňa mährem erdi Bahyr,
Ki andan bolmady hiç işi zahyr.

Ataňa dostlugym hem idi bisýar,
Ýok eýse saňa lazym erdi saňsar.

Ýok eýse, seniň deriň soýar erdim,
Ýanar oda ýene köýdürer erdim».

Bu sözleri diýdi, şah kyldy ahyr,
Towazyg kyldy-ýu oturdy Tahyr.

Diýdi Tahyr: «Meniň hem bir sözüm bar,
Eger diňleseň aýdaýyn, şah – serdar.

Ki owwal sözläýin, men bir garyp men,
Garyp külpetine men sargaryp men.

Ezeli kätibi kylan aşna men,
Ölüm awara kylan binowa men.

Men ol Tahyr ki – derdi bidowa men,
Ki Zöhre bilen dosty-merhaba men.

Men ol Tahyr ki – bir söz aşnasy,
Ki Zöhre patyşa, men gedasy.

Men ol Tahyr ki – pür gam hassa dil men,
Ki Zöhre patyşa, men bende - gul men.

Men ol biçäre Tahyr – natuwan men,
Ki yşk ýolunda ryswaýy jahan men.

Meni aýyp kylma, sen, eý, Babahan,
Özüň kylan eken sen ähdi-peýman.

Jahanyň şasy sen, men bendedir men,
Seniň alnyňda bes şermendedir men.

Terehhüm kyl biziň tagsyrymyza,
Şahym ýetir bizi maksadymyza.

Özüň gamhorlyk kyl bu halymyza,
Rehim kyl, girme biziň ganymyza».

Ki ahyr şahyň şanyna bir ebýat
Okyp, Tahyr kylar ýüz ahy-perýat.

* * *

Bu jydalyk hasratyndan ýüregim gandyr, şahym,
Bize arman, size hasrat hemdemi jandyr, şahym.

Arzuw eýlär idim ki hyzmatda men bolsam mydam,
Lutf edip kylgyl enaýat, bende permandyr, şahym.

Bu göwheri kim sendedir, berme nadan eline,
Bilmez onuň gadryny ol, bes ki ol nadandyr, şahym.

Keşt edip, gördüm bu Tatar iliniň ýagşylaryn,
Ýagşylaryň içinde ol sahyby kändir, şahym.

Hak tagala lutfy bilen berdi saňa bir täze gül,
Bende Tahyr misli bilbil, zary nalandyr, şahym.

Hasyly ömrüm erer bu Zöhre hanym näzenin,
Sordum onuň leblerin, lagly Badahşandyr, şahym.

Patyşahym, ýar ile içdik çemende badany,
Hahy öldür, hahy köýdür, janym gurbandyr, şahym.

Men garyby binowany salma hijran oduna,
Bize hijrandyr mübärek, size nogsandyr, şahym.

Niçeler arzuw kylyp, senden dilärler genji mal,
Bu Saýady mutdogasy jaýy jöwlandyr, şahym.

* * *

Bu söz üstüne geldi Şahyhuban,
Niçe söz sözledi, hem boldy girýan.

Ki ýyglap diýdi: «Eý, şahy zamana,
Ne işi etdiňiz munda bahana.

Bu Bahyr bilen kyldyň ähdi-peýman,
Ki wadaň şulmydy, eý, şerti ýalan.

Hem ýetim biz, hem ýesir biz, garyp biz,
Garyplyk külpetinde sargaryp biz.

Ýetimler hakyna kylmaň jepany,
Kişi görmez bu dünýäden wepany.

Eger çün bu köňüledir wepasy,
Ýene ýüz ança köp bolgaý jepasy.

Wepasyz dünýäde bermäň dil azar,
Garyplara özüň bolgul wepadar.

Bu dünýä bäş gün, on gün imesdir,
Bu täji soltanat barça hebesdir.

Ki sizden kim burun gördi wepany,
Weli bisýar, köp dartdylar jepany.

Wepasyz dünýäýe bolma giriftar,
Garyplara özüň bolgul wepadar”.

Bu dessan ahyrynda bir gazal ýat,
Muny okydy, ýyglady ah-perýat.

* * *

Patyşahym, sen eşit, burunky döwranlar hany?
Biziň bilen kasam kylan ähdi-peýmanlar hany?

Uşbu dünýä biwepa, syndyrmagyl peýmanyňy,
Niçe ýyglap zary kylan şerti ýalanlar hany?

Sen diýme: “Dünýä meniňdir, menden özge kime ýar»,
Senden ileri köp öten şah-u soltanlar hany?

Her kimi döwranynda aşyk-u magşuklar öter,
Niçe ýüz müň öten, ol, il içre dessanlar hany?

Zöhre-ýu Tahyry ýat etmäň melamat içre siz,
Leýli-ýu Mejnun diýen biser-u samanlar hany?

Eý, Saýady, daýyma mestana ýörgül gam öter,
Hysrowy, Perhad-u Şirin, Ýusuby Kenganlar hany?

* * *

Gel, eý, Saýady, yşk babynda dertment
Bu Tahyry niçik kyldy bular bent?

Bu sözlere gulak salmandyrlar hiç,
Mälik Tahyra ne iş kyldy ol giç.

Diýdi: «Gelsin duradgärler sera-ser,
Ýasasyn boýuna sandyk barabar».

Bu sözi bildi, Zöhre bardy ol dem,
Ki ussalar gaşyna çust-u ýyndam.

Diýdi Zöhre: «Kylyň sandygy mäkäm,
Ony myhlaň içine ötmesin nem.

Içine katra suw ötmesin zahyr,
Berer men barçaňa lagly jowahyr.

Eger ötse deriňi soýdurar men,
Alow ýakyp baryňy köýdürer men.

Ýasawullar gelip sandygy mazbut,
Alyp getirdiler şaha ony zut.

Bu sandygy tiledip gördi soltan,
Ýasawul bar idi alnynda çendan.

Diýdi: «Tahyry bu sandyga salyp,
Ki taşlaňlar ony derýaga baryp».

Alyp çykardylar soltan gaşyndan,
Tahyr ýüzün ýuwup gözde ýaşyndan,

Ýaşardyp gözüni her ýan bakadyr,
Ki ol bakan sary ýaşy akadyr.

Alyp bardylar ol derýa lebine,
Bular ot saldylar Zöhre janyna.

Eşdip şäher ili boldy doly - top,
Aýak astynda galyp öldüler köp.

Diýdi Tahyr: «Duruň begler zamany,
Göreýin bir zaman ýagty jahany.

Bu günden men sapar kylgumdur, dostlar,
Nigärimden jyda bolgumdur, dostlar.

Ki bardyr Zöhräge niçe sowalym,
Ki ýyglap aýdaýyn bu arzy-halym».

Gaşyna ol zaman geldi nigäri,
Ki ýyglamakda erdi käri bary.

Ki ýyglap diýdi: «Eý, dürri ýegäne,
Ki bolduk bir-birimizden bigäne.

Aýyrdylar meni hup senden agýar,
Ki imdi hoş galyň ýary-wepadar.

Eger men görmesem ýaryň jemalyn,
Atamyň boýnuna bolsun webalyň.[1]

Meni sen käşki görmegeý erdiň,
Meniň üçin janyň bermegeý erdiň.

Ki men hem uşbu gün diwana boldum,
Garyb-u, bidil-u weýrana boldum.

[1] Şu setiriň: «Ki menden soň ne bolgaýdyr halyň» ýaly nusgasy hem bar.

Meniň hiç galmady sabry-kararym,
Ki zerre galmady namys-u arym».

Diýdi-ýu bu gazaly ýat kyldy,
Eşidenler bary perýat kyldy.

* * *

Eý-a, dostlar, bu gün diwana boldum,
Ki yşkyň şemine perwana boldum.

Ki näge gördüm ol gül dek ýüzüňi,
Ki men bilbil saňa hemhana boldum.

Okydym niçe ýyl husnuň kitabyn,
Müderrisler kibi guýana boldum.

Many derýasyna düşen zamany,
Ki ol guwwas-u, men dürdäne boldum.

Ezeliň kätibi gördi mynasyp,
Ki ol jan boldy, men janana boldum.

Ki yşk meýhanasyna girdim onda,
Nigärim saky, men peýmana boldum.

Ne ýazan gul idim ruzy ezelde,
Bu dünýäde ajap efsana boldum.

Ne kyldym, neýledim, Perwerdigärim,
Özümden geçdim-u sersana boldum.

Pygan nala kylsam, kylmaňyz aýyp,
Rakyplar jebrinden bigäne boldum.

Saýady, ýaryny yzlap hemişe,
Pyrakyň deştinde juýana boldum.

* * *

Ki Zöhre uşbu sözi kyldy ahyr,
Ýene söz başlady Tahyr mysapyr.

Diýdi Tahyr: «Eý-a, ýary wepadar,
Meniň çün bolmagyl munça giriftar.

Egerçe suw ýüzünde men gider men,
Weli ýüz müň belaga sabr eder men.

Eger, sen kylmasaň maksady hasyl,
Sabyr kylgyl, sabyr kylgyl, sabyr kyl”.

Diýdi Zöhre: «Niçik men sabyr eder men,
Ne bolsam bolaýyn, men hem gider men.

Galyp, bolgynça biseri - saman,
Seniň ýoluňda ölsem, galmaz arman».

Durup Şahyhuban ol demde häzir,
Gözünden dökedir dürri-jowahyr.

Diýdi ýyglap: «Hudaý-a, köýdi janym,
Tenimde galmady ruhy - rowanym.

Ikiňiz siz meniň derdime derman,
Jyda bolup galar men zary - haýran.

Doga eýläň, ki jan teslim edeýin,
Ki siz duranda maksada ýeteýin.

Ýok, eýse, ki maňa hiç gamhor bolmaz,
Meniň derdime hiç kimse ýar bolmaz.

Ylahy bolmasyn hiç ene zar-zar,
Ki perzent dadyna hergiz giriftar.[1]

Ki sen iki gözümiň röwşeni sen,
Bu köňlüm bilbiliniň gülşeni sen.[2]

Umydym nahlynyň biten nahaly,
Myradym, maksadym ýeten kemaly.

Seniň üçin köýer boldum, men imdi,
Seni görmän öler boldum, men imdi.

Seniň üçin köýer men gije - gündiz,
Saňa gurban bolaýyn ýeke-ýalňyz.

..........................................................[3]
Ki sensiz menzilim ol şor bolsun.

[1] Bu setir golýazmalarda «Bolup men dide girýan, syna efkar» görnüşinde hem duşýar.
[2] Bu setir golýazmalarda «Wujutym sährasynyň gülşeni sen» görnüşinde hem duşýar.
[3] Golýazmalarda şu setiri bozulanlygy üçin okap bolanok.

Sagynsam men seniň gül dek ýüzüňi,
Alyp gözüme sürter men yzyňy.

Ýene köňlüm tilese, görmesem men,
Diri dünýä içinde ýörmesem men.

Seni görmez gözüm bolsun garaňky,
Ki senden özge maňa ýokdur gaýgy.

Diýdi: — Sen iki gözümiň çyragy,
Başymdan gitmeý wysalyň pyraky.

Ki sensiz Aýy, Güni neýläýin men,
Meniň Aý-ýu, Günüm mutlak özüň sen».

Bu sözleri diýdi, perýat kyldy,
Babahan alnynda köp dat kyldy.

* * *

Pyrakyň hijrinde köýmek, ezelde kysmatym boldy,
Wysalyň şemine ýanmak, ezelde kysmatym boldy.

Seniň waslyň yzlap ýörmek, ýene ýüz müň bela görmek,
Seniň ýoluňda jan bermek[1] ezelde kysmatym boldy.

Huda kyldy seni aşyk, rakyplar görmedi laýyk,
Uly, kiçi – bary pasyk, ezelde kysmatym boldy.

---

[1] Golýazmalarda «Ýene mähnet bile ýörmek» ýaly görnüşinde hem duşýar.

Niçe ýyllar jepa çekdim, nahaly berkemal ekdim,
Daryg-a men hata etdim, ezelde kysmatym boldy.

Pygany hetden aşypdyr, tenim oda tutaşypdyr,
Maňa enduh ulaşypdyr, ezelde kysmatym boldy.

Saýady çeker külpeti, çün görmeý zerre ülpeti,
Çün görmek munça apaty, ezelde kysmatym boldy.[1]

* * *

Diýdi Tahyr ki: «Mähribanym, enem,
Garyby muşfykym, eý, janym, enem.

Köýer sen, kül bolar eý, janym, enem,
Bu janym hemdemi, imanym, enem.

Meniň üçin ajaýyp mübtela sen,
Diri sen tä giriftary jepa sen.

Garyplaryň garyby bolduň ahyr,
Garyplyk gurbatynda köýdüň ahyr –

Ýene diýdi ki: – Eý, käbäm enem sen,
Dogaga bizden artyk piş gadam sen.

Diläňiz Hydyr atadan bir dogaýy,
Diläň ki rehmini salgaý Ylahy.

Sapardyr, ki maňa barmak gerekdir,
Nä kim kysmat bolar, görmek gerekdir.

Barymyza Huda gamhor bolsun,
Bu aşyk gullaryna ýar bolsun.

Ki aşyklar işi daýym töwekgel,
Köýer yşk oduna, kylar tahammyl.

Töwekgel kylmagan aşyk imesdir,
Oşol Hak ýoluna laýyk emesdir.

Ki müşgillerni hall kylgan töwekgel,
Garyp köňlüni seýl eden töwekgel.

Töwekgel ner erer, endişe mada,
Bolar turynça köp asy zyýada.

Ne gündür, ol kyýamat günleri dek,
Ki gündiz, güni ýelda tünleri dek”.

Ýasawullar kylar saýy jedeli,
Bu Tahyr beg okyr erdi gazaly.

* * *

Müşgil iş başyma düşdi, ýary janym, elwedag,
Durmasam bir lahza men, ruhy - rowanym, elwedag.

Men bu gün kyldym sapar, düşdüm garyplyk ýoluna,
Barsa başym ýakmaýyn, şahy-jahanym, elwedag.

Şum rakyplar tagnasy ahyr jyda kyldy meni,
Bilbil erdim, aýra düşdüm, gülüstanym, elwedag.

Ger, nesip bolsa, ýene görsem, ýüzüňiň jemalyň,
Ger, kaza ýetse, maňa eý, mähribanym, elwedag.

Hyzr zulmatyna düşdüm, tapmadym aby haýat,
Ahyry boldum jyda, eý, ýary janym, elwedag.

Eý, Saýady, gan ýutar sen, telbe ki hasrat ile,
Ahyry boldum jyda, eý, ýary janym, elwedag.

* * *

Ýene ol ýerde Tahyryň enesi,
Ne kylsyn, gözüniň agy-garasy.

Köýüp, ol nalalar binýat kyldy,
Niçe sözler okyp, ebýat kyldy.

Diýdi kim: «Eý, botam, merdana bolgul,
Geçip jandan ýene janana bolgul.

Jahany terk edip bol masuwany,
Talap kyl suw içre merhebany.

Eger bolsaň wysalynyň gedaýy,
Miýesser bolsa, bolmagyl jydaýy.

Kişi merdanalar dek ýola girse,
Ol işden dänmeýin ýolunda ölse.

Sen ol diwanalar dek terki dünýä,
Kylyp, beýtil-hazan menzilde magwa.

Mysaly Leýli-ýu Mejnuny sany,
Çün görme dünýäde ýagşy-ýamany.

Ýene Seýpelmelek, Sagyt bilen,
Ýene ýüz müň sypahy abyt bilen.

Düşüp derýa içinde ol ýol aldy,
Ata-enesi ýyglap, onda galdy.

Ne mähnetler bilen tapdy nigärin,
Kim ol Medhaljemal dek tapdy ýaryn.

Ýene sen dek ötüp, niçe dilefkar,
Gözel jandan geçer, kim aşyky-zar.

Ki sen kim aşyky janana bolgul,
Weli Hak ýolunda demsaz bolgul».

Köýüp, ýanyp, berip rugsat enesi,
Okydy bu gazaly jan pidasy.

* * *

Aşyk erseň, geç bu jandan, elwedag,
Jany dilden, hany-mandan, elwedag.

Talyp erseň, çek jepany, ýanmagyl,
Elwedag, jany jahandan, elwedag.

Aşyky janana erseň küfri din,
Ýolunda kylgyl iman, din, elwedag.

Hijr elinde taby-takat galmady,
Rehm ýok nämähribandan, elwedag.

Eý, Saýady, wasl hasyl bolmady,
Imdi ol mahy-tabandan, elwedag.

* * *

Ýasawullar tutup, Tahyry onda,
Ki sandyk içre salyp misli bende.

Salyp sandyk içre jaýladylar.
Ki Zöhräni ot içre dagladylar.

Ýasawullar baryp onuň başyna,
Niçe günlük azyk salyp gaşyna.

Ýene tedbir ile suw salyp oňa,
Halaýyk barça haýran galyp oňa.

Çün gulpun berkidiban suwa saldy,
Enesi zar ýyglaýyp, onda galdy.

Bu şäheri ili diýdi: «Boldy kyýamat»,
Bu şaha barçalar kyldy melamat.

Diýdiler: «Geliň barça baraly,
Babahan alnynda häzir duraly.

Bu han gaznasy dolynça zer olsun,
Bu Tahyr ötünini bize bersin».

Geňeş bilen halaýyk barça geldi,
Gelip, şah alnynda hyzmatda durdy.

Diýdiler barçasy: «Soltany älem,
Bu şähr ili barçasy tutdy matam.

Bu Tahyr ötünini bize bergil,
Nä kim sen para mukdarynça algyl».

Bu sözlere Babahanyň gahry geldi,
Ajyglandy, ýylan dek zähri geldi.

Diýdi soltan: «Bu ne sözler, ne güftar,
Ötün bersem, bolaýyn ähli küffar.

Jezasy uşbudyr: ölmek gerekdir,
Ölüm hakdyr, ryza bolmak gerekdir».

Olara berdi bu jogaby mutlak,
Ki Tahyra bul erdi kysmaty Hak.

Okydy bu gazaly barça durup,
Şäheriň ortasynda halka gurup.

* * *

Şah işiginde duruban, barçasy hem dat etdiler,
Ahy-waweýla diýiban, çün Haka perýat etdiler.

Masewa eýläp, bary bir sowmaga eýläp karar,
Pany dünýädir diýiban, barçasy perýat etdiler.

«Adam ogly kerwendir, gondular göçmek üçin,
Dünýä bir köne rabat» diýp, barçasy perýat etdiler.

Ol erenler hanyman-u tagty-täjinden geçip,
Çünki Ybrahym kibi dünýäni abat etdiler.

Tahyr biçäräniň köňlüni alyp, munça halk,
Janlaryn eýläp pida, Tahyry çün şat etdiler.

Her kişide aýdy dünýä, panydan aýdyn tutup,
Tahyry awaranyň ýolunda berbat etdiler.

Gul Saýady, sen melul sen, dünýä bipeýan erer,
Her kişi okyp, doga bilen seni ýat etdiler.

* * *

Göterip saldylar Tahyry suwa,
Töwejjüh kyldy, Tahyr zikri Hüwe.

Uly derýa erdi, paýany bolmaz,
Garyp ölse, onuň dowany bolmaz.

Garyp erdi, görüň Tahyr ne boldy.
Bu sandyk içre girdi, diri öldi.

Garyplaryň işi daýym tazarrug,
Köýer yşk oduna kylar towakgug.

Garyplar derdine derman tapylmaz,
Tarylsa, ol, weli asan tapylmaz.

Garyby görseňiz agyrtmaňyzlar,
Garyplar köňlüni dag etmäňizler.

Garyby görseňiz köňlüni awlaň,
Garyp köňlündäki gamlary kowlaň,

Mübärekdir garyp ýüzün görüňler,
Terehhüm bilen halyny soruňlar.

Garypdyr bu Saýady binowaňyz,
Bitipdir niçe söz misgin gedaňyz.

* * *

Bu dünýäde ne müşgildir garyplyk,
Ajaýyp, türpe bedildir garyplyk.

Hudadan özge hiç ýokdur penahy,
Dilegi Haka makbuldyr garyplyk.

Egerçe ki öz ýerinde ol şah bolsa,
Mysapyr bolsa, bir guldur garyplyk.

Garyp görseň, garyba berme azar,
Erem bagynda bilbildir garyplyk.

Garyp köňli syndyrmaklyk ýamandyr,
Şikeste, natuwan guldur garyplyk.

Saýady, il arasynda  bir garypdyr,
Çemen içre gyzyl güldür garyplyk.

* * *

Gel, eý, Saýady, söz üstünde sadyk,
Ne boldy gudraty Ýezdany Halyk.

Ýasawullar bary geldiler anda,
Bu sandygy suwa saldylar anda.

Salyp suwa, barysy boldy haýran,
Uly - kiçi barysy bolup girýan.

Ne kylsyn Zöhre jan, biçäre boldy,
Köýer kim ah urup, perwana boldy.

Gyzyna köşk ýasap erdi bu soltan,
Niçe görseň belent erdi perawan.

Bu Zöhre çykdy köşk üstüne ol dem,
Ki geldi jümle älemi tutup gam.

Kylar köşk üstünde Zöhre pygany,
Göýä kim çykdy ol ruhy - rowany.

Bu köşk alnynda bir girdap bar erdi,
Ne kim tüşse, any balyk iýr erdi.

Bu sandygy görüp, balyk hem ol dem,
Bu halk gözünçe jeň urdy deme-dem.

Ala bilmedi bu sandygy balyk,
Medet kyldy bu Tahyr bege Halyk.

Bu Tahyr bildi: Balyk jeň urdy,
Garyp Tahyr Hudasyna sygyndy.

Mynajat etdi Tahyr beg Hudaga,
Ki meşgul boldy ol hamd-u senaga.

Senasy bu idi ol demde zahyr,
Huda diýp ýyglady biçäre Tahyr.

* * *

Seni diýp barçadan geçdim, Hudaý-a,
Şeraby yşkdan içdim, Hudaý-a.

Howa bilen höwes başymdan ötdi,
Pakyrlyk ýoluna düşdüm, Hudaý-a.

Seniň yşkyň bilen kaknus guşy dek,
Köýüban, kül bolup, öçdüm, Hudaý-a.

Ne mende uky bar, ne bir halawat,
Ki men bir guş bolup uçdum, Hudaý-a.

Köýüp dünýäniň şowkun kyl, Saýady,
Ki renji-mähnetin guçdum, Hudaý-a.

* * *

Diýdi Tahyr ki: «Eý, derýaýy agzam,
Hemme derýa içinde sen muazzam.

Demi döwlet bilen ber maňa pursat,
Ki Zöhre jan bilen bir dem ganymat».

Bu Zöhre hanym zowkuny görgül,
Ýene biçäräniň zowkuny görgül.

Bu söz üstünde Zöhre gözi düşdi,
Bu sandyk aýlanyp, köşke ýowuşdy.

Seda kyldy Zöhre: «Köýdi janym,
Pyrakyň oduna örtendi janym.

Jemalyň ryzwaýy ryzwanym erdi,
Dodagyň çeşmeýi haýwanym erdi.

Jemalyň erdi bu derdime derman,
Ýene bir görmän ölsem, wah ne arman.

Hany, bir derdi dil bolan garyndaş,
Ki bolgaý erdi ýalňyzlykda ýoldaş.

Bu ýalňyzlykda, halyň ne geçsin,
Bu deňiz içre ahwalyň ne geçsin.

Hemme saňa ýary-ýaran idiler,
Bary saňa jan-u janan idiler.

Garyplykda saňa ýoldaş kimdir?
Sözüň sözlemeli syrdaş kimdir?

Daryg-a barça älem ýat boldy,
Jahana sözümiz ebýat boldy.

Biziň başymyza düşen bu söwda,
Olaryň başyna düşermi taňla?

Ki men bu jezirede sensiz nädeýin,
Ne bolsam bolaýyn, bile gideýin?»

Bul sözleri diýiban ol Zöhre hanym,
Ki senden özge ýokdur mähribanym.

* * *

Ýar gitdi, dostlarym, men zar galdym delmuryp,
Men şikeste, hassa dil, bimar galdym delmuryp.

Desti halym ýetmedi ýar bile hemdem bolgaly,
Bala guş dek delminip, naçar galdym delmuryp.

Gül ýüzüň gördüm, unutdym, käri barym dilberim,
Imdi senden aýrylyp men, bikär galdym  delmuryp.

Manendi barmy, meniň bir lahza halym sorgujy,
Örtenip yşk oduna, efykar galdym delmuryp.

Eý, Saýat ogly, haraby munça efganyň nedir,
Yşk oduna örtenip, eý, ýar, galdym delmuryp.

* * *

Ýene bir aýlanyp, derýaýy Şetdat,
Bu sandygy göterip, kyldy perýat.

Diýdi Tahyr: «Harab-u hassa boldum,
Seniň yşkyň bilen peýweste boldum.

Seniň yşkyň meni biçäre kyldy,
Pyrakyň ýüregimi para kyldy.

Kişi bil baglasa, bu yşk ýoluna,
Gümany galmagaý oň-u soluna.

Ne ýerde [ki] yşk bazary gurulsa,
Gamy bolmaz, onuň yşkynda ölse.

Bolar aşyk hemişe zary haýran,
Ýörer ol syna suzan, hanaweýran.

Jemalyň rowzaýy ryzwanym erdi,
Dodagyň çeşmeýi haýwanym erdi.

Seniň yşkyňda bu janym ýakyldy,
Onuň üçin melamatlar döküldi.

Çykar yşk babynda dürli melamat,
Huda kylgaý melamatdan salamat.

Hudanyň lutfunda näumyt bolmam,
Ki bolsam kül bolar men, bet bolmam.

Gazal ýat etdi, Tahyr beg oşonda,
Ki göýä saýrady bilbil çemende.

Ýene hem bolsa, Tahyr bul höwesde,
Weli bilbil ne kylsyn teň kapasda?

* * *

Ne aşyk men ki sergerdan, golum tut, eý, nigärim sen.
Ne magşuk sen ki rehm eýläp, diýmez sen: «Intizarym sen».

Ki men şuryda bilbil,  säher gül şowkunda nalan,
Sen ol kim subhy demde hoş açylan gülzarym sen.

Çün Isgender Zülkarneýn zulmat içre gark boldum,
Hydyr dek rehberim bolgul, çyragy şasuwarym sen.

Muhabbet şerbetin sungul maňa, eý, sakyýy döwran,
Pyrakyň deştinde leb teşnedir men, sen humarym sen.

Niçe sepsem sabyr suwun, Saýady, zerre ot öçmez,
Köýer men, kül bolar men, çün kim ezelden narym sen.

* * *

Bu sözleri diýdi, çarh urdy derýa,
Kylyp sandygy uşbu ýerde şeýda.

Ki her üç günde bir aýlanar erdi,
Ýene düşen ýerine geler idi.

Ýene çarh urdy bu derýaýy ser joş,
Bolup Zöhre bu köşk üstünde bihuş.

Ýene öwrüldi, getirdi ýanyna,
Ýene ot saldy Zöhräniň janyna.

Ýene eňňiz kyldy nala bilen,
Büheýlik dileşip janany bilen.

Okyp ebýadyny jananasyna,
Bu şemiň üstünde perwanasyna.

Kylyp köşk üstünde köp ahy-perýat,
Köýüp nala kylar, ol kaddy şemşat.

* * *

Ne halawatdyr maňa, eý, ýar, senden aýrylyp,
Gaýgy-hasratdyr[1] maňa, dildar, senden aýrylyp.

Gül idim, sen bilbilim, uçduň gonar zagy-zagan,
Haýsy söhbetdir maňa, gülzar, senden aýrylyp.

Ýar gitdi, men galyp men, tagnaýy agýar bilen,
Ne melamatdyr maňa, gamhor, senden aýrylyp.

Şum rakyplar goýmady, ýar bile hemdem gitgeli,
Neýläýin galdym yrak, naçar, senden aýrylyp.

[1] 2-nji bukjadaky golýazmada «Gaýgy külpetdir» görnüşinde gelýär.

Bu pyrak hijrinde köýse idi ki bu jismi jan,
Rahat olgaý mähnetim hummar, senden aýrylyp.

Dilber-ä gitdi, Saýady, hassa galdym delmuryp,
Men şikeste, hassa dil, bimar, senden aýrylyp.

* * *

Ki Zöhre bu gazaly diýdi eýse,
Ýene Tahyr görüp örtendi eýse.

Çykardy janyndan bir ahy dilsuz,
Kyýamat boldy göýä ki oşol raz.

Ýene bir nala başlady oşol dem,
Eşidenler barysy boldy pür gam.

Ne gamdyr ah uruban örtenendir,
Ýüregi tutaşyp, ot dek ýanandyr.

Diýdi: «Eý, Zöhre janym, mähribanym,
Ki senden aýrylar bu uşbu janym.

Ki sen bossan idiň, men misli bilbil,
Ki bilbil uçdy, eý, gül kyl tahammyl.

Ki her zagy-zagany ýar kylma,
Meni, dilhassany efkar kylma.

Jahan baryça aşyga jepadyr,
Jepakeşe tümen  mähru-wepadyr.

Diri bolsam, gutulsam bu beladan,
Dilegimdir ýene seni Hudadan.

Eger, kim bagty döwlet ýar bolsa,
Ne kim hökm eýlesem, taýýar bolsa.

Unutmaz men seni, ýary-wepadar,
Ki sen hem özgäni ýar etme zynhar».

Köýüban örtenip Tahyr beg anda,
Okydy bu gazaly jan-u dilde.

* * *

Ki eger, bu başym göge ýetişse, ýar, men ýaryň men,
Çün Leýli sen ki Mejnuny beýewan umydygäriň men.

Ne hoş ki reftary sen, näz kereşmäň janym örtär,
Ki men Perhat kibi aşufta haly bikararyň men.

Jahanda aşyky magşuk ekendir Wamyky-Uzra,
Ki sen nowruz älem era, men [bolsa] ýary garyň men.

Züleýha kibi nigärim, janyma jebri-jepa kylma,
Çün men Ýusup kibi şam-u säherde intizaryň men.

Men ol Seýpelmelek-Medhaljemal sen misli sergezdan,
Teýiňizde paýmal oldum, ýene umydygäriň men.

Süleýman soltanat şahym, şu imdi arzym jöwlan et,
Göreý bu kaddy-kamatyň, gedaýy dilefkaryň men.

Saýady, sabr eýlän aşyk, ahyr ýeter myradyna,
Niçik sabyr eýläýin men, arzyňda şahy baryň men.

* * *

Bu sözüň üstünde möwç urdy derýa,
Ne kyldy möwç urup sandygy anda.

Bu girdapdan çykaryp suw akyzdy,
Ki Zöhre ýüreginden gan damuzdy.

Bu sandyk durmady, girdapdan ötdi,
Ki hiç kim tutmady, ol akdy gitdi.

Ki Tahyr bildi, sandyk düz ýol aldy,
Hudanyň kysmatyndan razy boldy.

Akyp sandyk barardy suw ýüzünde,
Ki onda baraýdy [ol] akly özünde.

Ki ýetdi näge hoş bir menziline,
Gulak saldy onuň razy diline.

Olara adamy aby diýr erdi,
Olar adam ysyndan gorkar erdi.

Olara geleni üçin adam ysy,
Huda diýp kyçkyrar erdi barysy.

Ki nägä gördüler kim çykdy sandyk,
Bu sandyk gaşynda hiç adamy ýok.

Ýakyn ýetinçe adam ysy doldy,
Bu ysyň wehminden bagzysy öldi.

Diýdiler: «Adamy tezwir edipdir,
Niçäni bize ogşadyp tutupdyr».

Diýdiler: «Eýläp adam ogly tezwir,
Ki bizi tutmak üçin mekr-u tedbir».

Barysy gaçdy sandykdan ýyragy,
Bu gowgadan dynyp Tahyr gulagy.

Olaryň şährinden çün ötdi sandyk,
Hemme hal bolsa, Tahyrda köňül dok.

Ki ýagny arkadan umydy bisýar,
Maňa bolaýmu diýp, bähbidi ahbar.

Habar arkasyndan bolmady zahyr,
Ki jan teslim edere ýetdi Tahyr.

Gaşynda alty aýlyk azyk erdi,
Weli suw wejhiden ol näzik erdi.

Ki bu üç aý idi akyp gelerdi,
Ki bähre katraýy suwdan alardy.

Ki ýetdi aýlanyp bir ýere nägäh,
Eşitgil, nä bolar takdyry Allah?

* * *

Gel, eý, Saýady, imdi kyl bu güftar,
Beýan eýle bu kyssada näler bar?

Näler gördi bu derýanyň içinde —
Ony getir, bitilsin til ujunda.

Uly girdap idi Taňry ýaradan,
Daragtlar degresinde köp biten.

Düşüp derýanyň üstüne saýasy,
Onuň üstünde guşlaryň öýesi.

Uly guşlar idi hetden zyýada,
Ki bir jüre ýatyr erdi öýide.

Bu sandyk erdi ýakutdan murassag,
Bu Tahyr erdi içinde mulammag.

Ony guşlar görüp öýünden uçdy,
Ikisi çaglaşyp talaşa düşdi.

Çykaryp aldylar suwuň içinden,
Öýüne eltdiler zoruň güýjünden.

Öýünde niçe gün guş bilen boldy,
Diri erdi, göýä kim imdi öldi.

Kylar nala özünden öz-özüne,
Bagyr hunabasy dolup gözüne.

Diýdi ki: «Patyşahy her du älem,
Hemme älem erer saňa müsellem.

Saňa tabşyrdym özümi amanat,
Bu guşlar jebrinden sakla salamat.

Ne bolsam bolaýyn derýa içinde,
Ne görsem göreýin derýa içinde.

Ki şaýet görse, her kim ýar bolgaý,
Bu derýa içinde gamhor bolgaý.

Welikin Senden özge ýokdur gamhor,
Özüň bolgul garybyňa medetkär.

Rehim kylsaň meni Sen gutararsyň,
Meni muhabbetli güne ýetirersiň.

Meni bu ýerde kylmagyl giriftary,
Ylahy kylmagyl aşyklaryň zary.

Gel, eý, sen hoşhabar bady şemaly,
Miýesser kyl maňa ýarym jemalyn.

Ony diýp barçadan boldum siwaýy,
Ki ondan özge bir merhabaýy».

Sygynyp ýyglady jananasyny,
Ki Zöhre atly ol azadasyny.

Hem ol dem ýyglady, diýdi ki: «Eý, ýar,
Jyda boldum, ki neteý men çar-näçar.

Rakyplar jebrinden aýryldym onda,
Akyp sandyk içinde misli bende.

Eger çün suw ýüzünde men gider men,
Nesibim ne bolar, ony görer men.

Ýene ondan zyýada boldy halym,
Ki menzilim öýde, ýok mejalym».

Bary halyny aýdyp ýat kyldy,
Özüniň halyny ebýat kyldy.

* * *

Eý, saba arzymy ýetir, çün ol wepaly ýara,
Men gedanyň halyny aýtgyl, oşol dildara.

Derdi dil aýdaý diýiban, terpener köňlüm guşy,
Hassa janym melhemi, ol gözleri hunhora.

Uşbu söwdada görüp men, başymy meýdan era,
Şaýet ki bolgaý miýesser, gözlerim didara.

Nalaýy efganymy aýp eýlemäň, eý, dostlarym,
Bilbili şuryda men, ki aşygam ol gülzara.

Gul Saýady, toba ki köýdüň rakyplar jebrinden,
Kim ýaman bolsa ony, tabşyr Eýäm Jepbara.

* * *

Gör imdi gudraty Ýezdany Halyk,
Niçik gutuldy ol biçäre aşyk.

Gazaly okydy dili suz bilen,
Şemal ösdi ýene nowruz bilen.

Agaçlar yranyp boldy jydaýy,
Bu guşlardan halas etdi Hudaýy.

Düşüp derýaga ol boldy rowana,
Ýene gitdi bu oda ýana-ýana.

Bara erdi suw içre ol dilefkar,
Ki suwuň ýoklugyndan boldy naçar.

Bu sandyk içinde suw galmady hiç,
Bu Tahyr bentden aýrylmady hiç.

Suw tapman gitdi bir gün halatyndan,
Geçip dünýäniň aýşy-rahatyndan.

Suw içre baradyr, suwdan nesip ýok,
Bu dünýäde onuň dek bir garyp ýok.

Geler bolsa, geler Şam-u Yrakdan,
Gider bolsa, gider gaş-u gabakdan.

Bu sözler erteden[1] galan mysaldyr,
Her işde owwalda saýy jedeldir.

Jedelden bolsa ki maksadyň hasyl,
Sabyr kylmak gerek biçäre köňül.

Her aşyk maksada kim ýetdi neden?
Sabyrdan bil, sabyrdan bil, sabyrdan.

Suw içre tapyp ol jümle myradyn,
Diläp barça myradyny Hudadan.

Kylyp bent içre Tahyr sabry naçar,
Ki bir seňpara onda geldi duçar.

Ony derýa öwürip, urdy daşa,
Bu sandyk lerzan boldy haşa-haşa.

Bu sandyk suw içre boldy peýda,
Ýene akyzdy bu sandygy derýa.

Ol suwda katra-katra bähre aldy,
Onuň üçin teninde jany galdy.

Üç aý erdi,[2] gelerdi gije-gündiz,
Bu sandyk içinde ýeke ýalňyz.

Barar erdi ki bir menzile ýetdi,
Özi-özünden Hudaýa şükür etdi.

---

[1] Bu sözüň golýazmalarda «ärlerden» ýaly görnüşde gelýän nusgasy hem bar.
[2] Golýazmalarda «Niçe mütdet erdi» görnüşinde hem duşýar.

Oşol menziliň ady erdi Bagdat,
Onuň dek ýok jahanda şähri abat.

* * *

Munuň şahynyň ady Adyl erdi,
Adalatda weli köp kaýyl erdi.

Bu şanyň şanynda erdi adalat,
Adalatda idi ol ba diýanat.

Onuň üç ogly, üç gyzy bar erdi,
Gyzynyň birine Mahym diýr erdi.

Ki Mahym bir güni uklap öýünde,
Görer bir wakyýa derýa boýunda.

Ne wakyýa bolar ol bir belaýy,
Oňa bir müjde ýetirdi Hudaýy.

Ne müžde erer kim düýş göredir,
Eziz janyna emgek iş göredir.

Görer düýşünde bir şazada bilen,
Goşulyp oturar mahpara bilen.

Ki garap oturmyş ol maşryk saryýa,
Ki söz gatmaýyr ol Mahym periýe.

Niçe sözler sorady Mahym ondan:
«Eşitgil, sözle, geldiň munda kaýdan?

Kaýu şahzadanyň perzendidir sen,
Kaýu mahparanyň dilbendidir sen?

Haýsy bagy çemen gülzarydyr sen,
Haýsy zülpi simin bazarydyr sen?

Haýsy bakja içiniň narydyr sen,
Ki diýgil, haýsy gözeliň ýarydyr sen?

Diýdi: "Taňry ýaradan bir guly men,
Yşk bazarynyň men bilbili men.

Meni ol Tatardan dartan nesibe,
Gelipdirin, rehim kyl men garyba.

Adym Tahyr, atamyň ady Bahyr,
Bu sözi kylmagyl hiç kime zahyr.

Mysapyr men, niçe gün saňa bende,
Ötermen çün nesibäm dartsa anda.

Weli menden saňa ýokdur wepaýy,
Ýeter menden saňa bihet jepa

Bu sözüň üstünde oýandy Mahym,
Diýdi: «Tutdy pelegi imdi ahym».

Bu gyzyň bir enekesi bar erdi,
Gije-gündiz onuň bilen ýar erdi.

Diýdi ýyglap baryp Mahym enekä:
«Gulak sal, aýdaýyn düýşümi saňa.

Gije düýşümde bir gowga görüp men,
Başymda ýüz tümen söwda görüp men.

Ne söwdadyr munuň peýany bolmaz,
Meniň derdimiň hiç dermany bolmaz.

Niçik kim görüp erdi kyldy yzhar,
Pygany nala bilen ýyglady zar.

Eneke diýdi: «Eý, jananaýy yşk,
Kylypdyr Hak seni diwanaýy yşk.

Bu düýşüň tagbyryny aýdaýyn men,
Bu sözi ýagşy diňläp aňlagyl sen.

Bu maşryk sarydan bir buýy ter baz,
Düşer saňa weli, öter gider baz.

Saňa bolmaz onuň zerre wepasy,
Weli örtär seni jebr-u jepasy.

Ol erer özge ýaryň merhabasy,
Niçik bolar bu kyssanyň dowasy?».

Bu sözi özge hiç kim bilmediler,
Bu syr tedbirini hiç kylmadylar.

Gije-gündiz bu gyz oda köýedir,
Özi hem ah uruban örtenedir.

Diýdi bir gün: «Ony yzlap gider men,
Eger tapsam ony bir iş eder men.

Eger tapsam, maňa kylmasa walla,
Ne kylgaýdyr meni biçäre, Alla.

Özüniň düýşüni ebýat kyldy,
Okydy köňlüni hem şat kyldy.

* * *

Bir nigär gördüm men, köýdürdi temennasy,
Bes ajap ýaraşypdyr iki zülpi-ragnasy.

Ýüzi bir mahy taban, her dem kylandyr owaz,
Bes kelam üzre ýazmyş gaşy lam-eliplasy.

Şem dek ýanar her dem çünki nury ruhsary,
Ruh misli perwana örtener ser-u pesi.

Çünki handaru bolsa, açylar güli ragna,
Halk era zuhur bolmuş andalyby şeýdasy.

Aryzy kuýaşdan hup, nutky ol Mesihadan,
Jan pidaýy aşykdyr iki lagly göýesi.

Diýdi Saýady misgin, niçe gün bolup teskin,
Geldi akybet joşa, ol muhabbet derýasy.

* * *

Eşit, üç gyz idi aýdan zyýada,
Görüp şalar bolar erdi pyýada.

Üçüsi daýyma eşret kylardy,
Bu Bagdat şährinde döwran sürerdi.

Bularyň bir seýilgähi bar erdi,
Ki nobat bilen olar seýr ederdi.

Seýilgäh erdi ol Bagy Erem dek,
Olar jöwlan urardy jamy Jem dek.

Içinde açylypdy ýüz dürli gül,
Gülzar içinde saýraýyr misli bilbil.

Ki nobat bile gyzlar seýl ederdi,
Ki nobat doldy ol kim giderdi.

Ýetişdi uşbu gün Mahyma nobat,
Bu Mahyma bolup ýar bagty döwlet.

Nazargähinde akar erdi derýa,
Bu derýa içre Tahyr boldy peýda.

Görerler bir gara dogry geledir,
Nä syr bolsa, görüp Mahym biledir.

Hemme gördi geler derýa ýüzünde,
Ýok erdi ol zaman akly özünde.

Geledir aýlanyp sandyk ýaly,
Gözi ýaşly idi, bagry dagly

Bar erdi bir gyzy ady Şähri,
Kişi görse açylar erdi bähri.

Diýdi Şähri oňa: «Eý, nury dide,
Ki bir sandyk geledir suw ýüzünde.

Ki bir sandyk murassagdyr geledir,
Kişi bilmez ki ol niçik beladyr”.

Diýdi Mahym oňa: «Guwwaslar girsin,
Açyp görmeý ony munda getirsin».

Ýene bir gyzynyň ady Jahangir,
Diýdi ki: «Men kylaýyn muňa tedbir».

Anyň saçy idi kyrk gez tamamy,
Görüp haýran galardy has-u a:my.

Baradyr men berip bular goluna,
Baryp alyp rowan boldy ýoluna.

Baryp saçy bilen çolap biline,
Aperin, aperin, girdi goluna.

Ki dartyp hem ony suwdan çykardy,
Ki Mahym köňlüni alyp çykardy.

Görer düýşünde gören mahy peýker,
Ýüzi bagyň güli, lebleri şeker.

Görüp Mahym ony, bir ah urdy,
«Näge ah urduňyz?» diýp, Şähri sordy.

Diýdi Mahym Şähriýe: «Bihabar sen,
Meniň ahymy sen ne diýp sorar sen.

Düýşümde görenimi munda gördüm,
Ki şeýda boldum-u, diwana boldum.

Ýene galdym ajap gaýgy içinde,
Gelip görseň ýatyr sandyk içinde».

Bu Şähri gördi kim mähribany,
Galypdyr teninde ol ruhy-rowany.

Baryp getirdiler müşkün gülaby,
Ýüzüne sepdiler bes bihasaby.

Ýene hem oda salyp ud-u anbar,
Kylyp ol gyzlary, barçasy perwer.

Maşamyna ýetip hoşboý nägäh,
Ki Tahyr oýandy kim urdy bir ah.

Gözün açyp bulary gördi eýse,
«Bu ne ýer?» diýp, bulardan sordy eýse.

Diýdi Mahym ki: «Sen söýle ne ýerden,
Geler sen, bir habar bergil sen ondan.

Sebäp nedir girip sandyk içine,
Düşüp, akyp geler sen suw içinde.

Ki sen kyssalaryň kylgyl hekaýat,
Ki biz hem kylaly oňa kipaýat».

Diýdi Tahyr olara: «Näzeninler,
Gulak salyň gelip hüýri periler.

Adym Tahyr, atamyň ady Bahyr,
Hasaby ýok idi dürri-jowahyr.

Meniň atam idi ýurtda bezirgen,
Bar erdi köp hazyna onda çendan.

Atam baryp idiler kim şähri Hamuş,
Bu sözi aňlagyl eý, akly bahuş.

Gijeler hazyna içre ýatar erdim,
Ki gündiz yşk ýadyn aýdar erdim.

Geňeş bilen gelip bir niçe kapyr,
Kylyp dürleri almaga çün tedbir.

Ýatyr erdim oşol haznada nägäh,
Belaga uçradym onda nägäh.

Golumy hem aýagym bagladylar,
Meni gam ody içre dagladylar.

Alyp gitdi olar meni göterip,
Ki bir menzilde goýdy meni eltip.

Şuny bildim ki: bir sandyga saldy,
Meni taşlap suwa, özleri galdy.

Gözüm açdym, görer men ýagşy sandyk,
Ki ýedi alma onda, hiç neme ýok.

Ýene ýedi ýuwdum alnymdadyr suw,
Men biçäre guluň kysmatydyr bu».

Bu kysmat babynda Tahyr beg onda,
Okyp ebýat hat berdi ol şonda.

* * *

Bu ýere gelenim dostlar, ezelde kysmatym boldy,
Jemalyň görmegim dostlar, ezelde kysmatym boldy.

Bu derýa içine girmek, ýene mähnet bile ýörmek,
Seniň alnyňda jan bermek ezelde kysmatym boldy.

Ezelde bar idi dostlar, munuň dek sudy söwdalar,
Düşüp başyma gowgalar ezelde kysmatym boldy.

Bu ýere salan Alladyr çyn aşyk masuwalladyr,
Her aşyk ajap beladyr ezelde kysmatym boldy.

Görüň kim bu Saýat ogly nesibesi niçik [boldy],
...................... ezelde kysmatym boldy.[1]

* * *

Ýene sordy ki Mahym: «Eý, juwanmert,
Ki ýa bolduňmy sen yşk ýolunda fert?

Mujerretmu idiň ýa kethuda sen,
Çyn aýgyl sözi berhaky Huda sen».

Bu Tahyr bildi gyz maksady buldur,
Özüniň hem taky bähbidi buldur.

---

[1] Golýazmanyň zaýalananlygy üçin şu sözleri okap bolmady.

Diýdi Tahyr oňa: «Men binowa men,
Jahan meşgulyndan hem masuwa men.

Açylmyş gunça men sandyk içinde,
Diýsem ýalan, galaýyn tyg içinde».

Kasam ýat etdi Tahyr beg oşol dem,
Bu Mahym boldy onda şad-u horram.

Onuň ýalan sözüni rast bildi,
Bu Tahyr bege ol destgir boldy.

Bu gün hoş hal-u horram boldy Mahym,
Diýdi: «Şükri Hudaýym buldur halym».

Oşol ýerde hemme gyzlar bolup şat,
Ýene Mahym bolup bu gamdan azat.

Getirdi munşiýi dana mükerrem,
Gadymdan erdi hana hasy mährem.

Kylyban munşyga bu sözi yzhar,
Bu işiň owwalyndan kyldy ahbar.

Buýurdy namada mazmunyn inşa,
Adalat mesnedine ol şahynşa.

Bitiginde budur kim: Arzy bende,
Gezer erdim seýirgähi çemende.

Dogup derýa içinde Gün garaýyp,
Ony her kim görse, galar ajaýyp.

Düşüp derýaga ol akyp geledir,
Onuň içinde baryn kim biledir.

Ýakyn geldi eýse bir ýagşy sandyk,
Bu sandyk gaşynda hiç adamy ýok.

Akyp ötgeli goýmaý tutup aldyk,
Özümden-özümiz bir gama galdyk.

Ki bir sandyk murassag hana laýyk,
Nesip etse Huda, soltana laýyk.

Ki tagtasy zümerret, gulpy altyn,
Ony her kim görer bolgusy mejnun.

Weli, bilmez kişi içinde ne bar,
Özi zahyr biliner size derkar.

* * *

Bu sözi şah eşitdi, boldy hoş hal,
Diýdi: «Berdim oňa ýüz müň çyksa mal.

Eger ki doly bolsa lagly-jowahyr,
We ýa müşki Hotan, ýakuty ahmar.

Ýok erse niçe bolsa dürri galtan,
Baryn kyldym gyzym ýolunda yhsan.

Eger çyksa içinden adam nesli,
Ki jennet hüýri ýa gulman nesli.

Nesip etsin baryn gyzyma Allah,
Erada bolsa akd işi binägäh».

Gelip ilçi diýdi şanyň sözüni,
Bagyşlady ýigide gyz özüni.

Iberdi sandygyn şah hyzmatyna,
Diýdi: «Laýyk atamyň döwletine».

Söýünip bardy gyzlar öýlerine,
Degip döwlet bu gyzlaryň baryna.

Gelip düşdi bary hasse hareme,
Tahyryn tabşyryp Şähri seneme.

Diýdiler: «Bir niçe gün sen perweriş kyl,
Onuň pygly mizajyn aňlaban bil.

Ony Şähri alyp geldi öýüne,
Bu Tahyr düşdi olaryň goluna.

Niçe günler kylyp bir ýerde pynhan,
Olaryň eşreti Tahyra zyndan.

Bu Tahyr gunça dek birden açyldy,
Onuň waspy halaýyga saçyldy.

Onuň tarypyny eşitdi soltan,
Ki çarlap alyban şah kyldy myhman.

Sorap şah köňlüne gelen sowalyn,
Bu hem tezwir ile berdi jogabyn.

Ynanyp şah Tahyryň [bu] sözüne,
Ony damad eder boldy özüne.

Wezirlerini ýygyp geňeş kyldy,
Munuň ýalan sözüni rast bildi.

Wezirler aýtdy: «Eý, soltany älem,
Tapylmaýdyr munuň dek ýary hemdem.

Ony kylsa kişi özüne hemdem,
Bu dünýäden öter bolsa, nedir gam?»

Bularyň geňeşine girdi soltan,
Buýurdy şährini aýyn-u elwan.

Ýene aýtdy: «Kylyň eşret ýaragyn,
Salyňlar her tarapa toý soragyn”.

Bişirip nazly-nygmat köp perawan,
Halaýyk geldiler çendan-çendan.

Bu şah üç gije-gündiz toý berdi,
Halaýyk görmegen eşretin gördi.

Ki ahyr kyldylar akdy nikahy,
Bolup Tahyra zyndan ol nikahy.

Bulara kyldy Tahyr beg mydary,
Durara ýok weli sabr-u karary.

Tikip her gähi çiýi hysrowana,
Kylyp ýüz dürli onda şadyýana.

Kylyp ilden oşol öýleri hylwat,
Bular kylsyn diýp onda aýşy-eşret.

Ikisin goşdular gyzlar çün anda,
Bu Tahyr boldy onda misli bende.

Bu Mahym söz gataryn bilmedi hiç,
Weli gün öwrüliban boldy hem giç.

Diýdi Mahym şahy: «Eý, dilawer,
Saňa boldum oşol bahr içre ýawer.

Seni diýp kylmadym bir zerre namys,
Ýüzüme niçe salar duşman-u-dost.

Ki imdi ne günähim boldy zahyr,
Halaýyk tagnasyna goýduň ahyr».

Diýdi Tahyr: «Jogap aýdaý sözüňe,
Weli makul geler bu söz özüňe.

Meniň bar köňlüm içre köp hasabym,
Ki soňra saňa aýdaý men jogabym.

Galyp erdi atamdan maly bisýar,
Kylaýyn uşbu sözi saňa yzhar.

Ony bil ýedi ýyl hasap eder men,
Bitiban depderi kitap edermen.

Ýedi ýyla çen maňa hemdem bolgul,
Ki ondan soň maňa sen mährem olgul.

Maňa sen dost bolsaň degme zynhar,
Eger degseň, bolar köňlüme azar».

Bu sözleri diýdi Mahyma Tahyr,
Bu Mahym sabry pişe kyldy ahyr.

Bu öýde ikisi hemdem ýörerdi,
Pyrak ody bilen Mahym köýerdi.

Goýar erdi gylyjyn der miýana,
Bu erdi majera daýym bahana.

Ki bolsa iki ten bir ýerde wasyl,
Bolar yşka höwes ol tende hasyl.

Weli Mahym çün sabryn pişe kyldy,
Bu işiň ahyryn endişe kyldy.

Bular syryn hiç kim bilmedi hiç,
Bu Mahym köňlünde hiç üstüne hiç.

Ki Tahyr şanyna kyldy gazal ýat,
Okyp ýyglap kyladyr ahy-perýat.

* * *

Eý, nigärim husn içinde sen kibi janana ýok,
Şemi ruhsaryňa köýen men kibi perwana ýok.

Düşdi yşkyň başyma sabry kararym galmady,
Taby takat etgeli bir aşyky merdana ýok.

Bilbili şuryda dek hijriňde ýandym men garyp,
Ahy-perýat eýlesem, Mejnun kibi diwana ýok.

Yşk meýdany içinde bendi zyndan dartgany,
Hezreti Ýusup kibi bir göwheri-ýegana ýok.

Yşk bazary içinde köp melamatlar çekip,
Mansury Hallajy dek jan beriji janana ýok.

Çyrmaşyp zülpüň hyýaly-le, perişan hal men,
Zary köňlüm dek bozuk, bu dähr era kaşana ýok.

Eý, Saýady, sabyr kyl, aşyk myrady sabyr erer,
Çün sadap dek sabyr edere bir dürri-dürdäne ýok.

* * *

Gel, eý, Saýady, sahyby yşk damy,
Getir imdi içeli wasly jamy.

Ki bolsa uşbu mejlis içre saky,
Ki sunsun bize hem döwür aýaky.

Bu mejlisde hekaýat ýat bolsun,
Garyp biçäreler dili şat bolsun.

Ki bolsun uşbu ýerde wasly ýady,
Açylsyn hassa Tahyryň myrady.

Kyl imdi bu garyplardan hekaýat,
Bu Tahyr kyssasyndan bir rowaýat.

Ýörir Tahyr bu Bagdat içre gamnäk,
Köňlünde ýar gamydyr, dide nemnäk.

Zeruratdan gelip görnüş kylardy,
Ki mundan ötenin Taňry bilerdi.

Ki ýedi ýyl mundan kylyp myrada,
Onuň halyna ýyglar seňňihara.

Kylar öz-özünden Tahyr pygany,
Akar gözlerinden aby rowany.

Köýüban örtenip diýr: «Eý, Hudawent,
Özüň kyldyň meni Adama perzent.

Egerçe pür günädir, hata men,
Dilär men rehmetiňden ata men.

Adam ata guluň perzendidir men,
Howa biçäräniň dilbendidir men.

Olaryň hakyndan maksada ýetir,
Dilegim uşbudyr mahbuba ýetir.

Myradym ýar waslydyr, Allahym,
Myradyma özüň ýetir, Allahym.

Eý-a, eý, barça mahluk üzre rehber,
Nigärim waslyny kylgyl miýesser».

Görüň, gül çehresi ýadyna düşdi,
Bu Tahyr janyna otlar ýapyşdy.

Bu Tahyr Zöhresini ýat kyldy,
Çün ýyglap nalaýy perýat kyldy.

Diýdi Tahyr: «Eý-a, sahypkyranym!
Pida bolsun saňa bu hassa janym.

Ki Zöhre ýar-u, men ýarany Zöhre,
Ki Zöhre ebr-u, men barany Zöhre.

Ki sen köşk üstünde hoşhal-u horram,
Meni bidil, seni bu gama mährem.

Sen sen köşgüňde soltanlyk kylar sen,
Meni biçäräni sen ne biler sen.

Ki köşgüňde ýüz müň soltanatlar,
Meni bidil ýöripdir men, bolup zar.

Ki köşgüňde kyrkyňyz bilen jem,
Meni bidil, men ki biçäre pür gam.

Ki sen köşgüňde bir şahy jahany,
Meni bidil pakyr-u natuwany.

Ki sen köşk üstünde bir patyşahy,
Meni bidil meni müflis gedaýy.

Ki sen köşgüňde näzikler bilen ýar,
Meni bidil meni hiç ýokdur gamhor».

Saba saňa kyldy halyny yzhar,
Ki men bidil men munda giriftar.

Ýetir arzymy ol zyba seneme,
Diri bolsa, ýene misgin eneme.

Diri men, şähri Bagdatda garyp men,
Garyplykda garyp dek sargaryp men.

Meni ol näzeninim ýat kylmaz,
Meger gelenimi hiç munda bilmez.

Unutsa ol weli, enem unutmaz,
Oşol süýt hakyndan mährin sowutmaz.

Güzer kyl onda zynhar, onda zynhar,
Diýgil: Tahyr giriftar onda naçar».

Bu sözleri diýdi, aýdy gazalyn,
Gazalda ýat kyldy bu gözelin.

* * *

Ýar, sensiz bolmasyn bu bagy-bossanym maňa,
Bolmasyn bu hasta jan ten hemdemi janym maňa.

Bu dirilikde wysalyň görmesem eý, serwi näz,
Köňlüm içre galgysydyr ýüz müň armanym maňa.

Ger wysalyň köýünde bolsam gedaýy derbeder,
Ýar beýany arzyny aýtsam ýagşy soltanym maňa.

Ger nesip bolsa behişt barsam, wysalyň bolmasa,
Neýläýin, wallah, gerekmez hüýri gulmanym maňa.

Ýar özi kim wadasyny, diýdi kim ruzy ezel,
Gul Saýady, şol bolgaý Taňry permany maňa.

* * *

Gel, eý, Saýady, binýat et bu güftar,
Ki ýalan bolmasyn bu sözde zynhar.

Sen imdi eýlegil bir kyssa binýat,
Eşidenler diýgeýler: aperin bat.

Diýdi Saýady: Tahyryň enesi,
Bolup Tahyr üçin jan mübtelasy.

Pelegiň jebrinden perýat ededir,
Balam diýip ah urup hem örtenedir.

Ki bir gün derdinden kyldy hekaýat,
Pelegiň elinden kyldy şikaýat.

Ki diýr: «Çarhy pelek, ne kast edip sen,
Ne maksady-myradyňa ýetip sen.

Meni her ýana kim kaş-kaş kylar sen,
Bu jany çykmaga ýetdi biler sen.

Meni ol gün ki balamdan aýyrdyň,
Iki gül-gunçanyň şahyn gaýyrdyň.

Meniň Tahyr balam dartdy melamat,
Hudaý-a, kyl melamatdan salamat.

Ki her kimi [men] özüme dost kylsam,
Çün duşman boldy ol janyma bilsem.

Ki imdi Sen maňa bergil myradym,
Myradym uşbudyr kim eý, Hudaýym.

Ki mundan nary köp kylma jepany,
Ki imdi görkezgil maňa wepany.

Maňa jebr-u-jepany köp aşyrma,
Bu bagt esbabyny menden ýaşyrma.

Bitmez müşgilimi bitir, Allahym,
Myrat maksadyma ýetir, Allahym.

Myradym bu erer: Tahyry görsem,
Onuň yzyn alyp, gözüme sürtsem.

We ger ne galgysydyr ýüz müň arman,
Balam erdi meniň derdime derman.

Hudaý-a, Tahyrymy kyl miýesser,
Garyplykda özüň bol imdi rehber.

Ýok erse ölenime yrza men,
Munuň dek ýörenimden närza men».

Bu sözleri diýdi-ýu ah urdy,
Bu Tahyr ýolunda janyny berdi.

Garyp erdi, garyp dek öldi ahyr,
Beli, ölmekden özge ýokdy tedbir.

Eşidip bu sözleri Zöhre hanym,
Gopup ah urdy, diýdi: «Köýdi janym».

Kenizleri bilen geldi gaşyna,
Gara çadyr salyp barça başyna.

Kylarlar her biri bir nowha perýat,
Okyrlar her biri bir nowg ebýat.

Bu Zöhre uşbu ebýaty okyrdy,
Bu gyzlar barçasy any diýr erdi.

* * *

Diýdi: «Eý, nury didäm mähribanym,
Bu zulmat içre eý, mahy tabanym.

Meni biçäräni gurbata salyp,
Kaýan bardyň garyb-a natuwanym.

Munuň dek bikes ölen barmy eken,
Tasaddyk eýläýin bu hanymanym.

Bu derdim zahyda, şerh etmegim ýok,
Eger suw dek dökülse tende ganym.

Bu täji-tagtym, mundag soltanatym,
Ki öteý galmasyn namy-nyşanym.

Maňa kim bolgusy bu ýerde gamhor?
Ajap köýdürdiň, eý şeker zybanym”.

Saýady, häkisary binowaga
Nazar salgaýmy, ol sahypkyranym.

* * *

Gel, eý, Saýady, Zöhräniň myzajyn,
Ata - enesi tapmady alajyn.

Eşidiň imdi Zöhräniň nowasyn,
Salyp başyna Tahyryň höwäsin.

Gije-gündiz bolup mustagraky mest,
Kylyp Tahyr gamyn özüne peýwest.

Görer köşk üstünde nalan-u giryan,
Özi giryandyr ki ol bagry biryan.

Atasyny, enesini unutdy,
Jahan eşretinden köňlün sowutdy.

Ki çykmaz bir zaman dünýä ýüzüne,
Garaňkylyk bolup älem gözüne.

Ýalňyz hijrinde çün menzil kylyban,
Özün yşk ýolunda bidil kylyban.

Ne baş-u ne aýagyndan habar bar,
Ne Tahyr halyndan bir zerre ahbar.

Niçe ýyllar görünmeý il gözüne,
Ki bir hüjre munys eýläp özüne.

Gije-gündiz köýer erdi enesi,
Gyzyna ýar erdi bu yşk höwesi.

Diýr erdi daýyma: «Eý, päki Perwer.
Kylawer sen Tahyrymy miýesser».

Ki Tahyryň enesini ýat kyldy,
Ajap ah urdy-ýu perýat kyldy.

Kişi ýokdur onuň halyny sorgaý,
Hany ata-ene reňkini görgeý.

Any her kim görgeý göýä ölüpdir,
Gyzyl gül berki dek reňki solupdyr.

Enesine diýdiler bu habary,
Enesi bilmedi mundag zerary.

Köýüp geldi enesi şah gaşyna,
Gyzyny arz kyldy hezretine.

Oşol dem şanyň köňlüne düşdi,
Gyzyny göreý diýip ýandy-bişdi.

Bilip gyzynyň halyn ol şahyn-şah,
Dil-u jany bilen kim urdy bir ah.

Diýdi: «Özüm taky diňleý sözüni,
Eşidip sözüni göreý özüni».

Muhabbet bilen çarlatdy gyzyny,
Gyzyna aýtdylar soltan sözüni.

Diýdi Zöhre: «Ene, ne diýp, baraýyn,
Atamyň ýüzüni niçik göreýin.

Bu dünýäde ne atam, ne enem bar,
Ne hyş-u, akrabadan ne gamym bar.

Baryndan geçdim [men]ýeganedir men,
Bu Tahyr yşkynda diwanadyr men.

Gamym Tahyr, özge [hiç] hemdemim ýok,
Bu janym ýolunda çyksa gamym ýok.

Golundan gelse, öldürsin, yrza men,
Munuň dek ýörenimden närza men.

Bu ot içinde goýgynça meni zar,
Meni öldürsin, bolsun ..............[1]

Ki mende zerre ýokdur neng-u namys,
Bolupdyr akly-huşym barça maýus.

Meniň şanymda boldy melamat,
Melamat ählini tutsun salamat».

Melamat ähline aýdan gazaldyr,
Melamat dartan bu Zöhre gözeldir.

[1] Golýazmanyň zaýalananlygy üçin şu sözleri okap bolanok.

* * *

Melamat daşyna şähri wujuty kähgil eýläp men,
Müderrisler kibi yşk wadysynda tahsyl eýläp men.

Maňa bu yşk gedasy derbederlik hoş geler,
Neteý, naçaram ne kim uşbu ýerde menzil eýläp men.

Ezeliň kätibi mundag bitipdir depderi halym,
Rakyplar jebrinden takdyr hakyna tebdil eýläp men.

Gözümde uky ýok, köňlümde aram eý, musulmanlar,
Kylyp janym pida her dem özümi bidil eýläp men.

Enaýat eýläp ol ýarym, muhabbet bile diýgeými,
Bagyşlap ýolunda janym, özümi bidil eýläp men.

Muhabbet hesretinden bul gadar köýdüm, wepa tapmaý,
Saýady häkisary, binowany bir pul eýläp men.

* * *

Gyzynyň sözüni bu şah eşitdi,
Özüniň köňlünde bir pikir etdi.

Bu şanyň bir emekdeşi bar erdi,
Onuň ogly-garyndaşy bar erdi.

Diýr erdiler adyna Garabatyr,
Uruş babynda erdi köp bahadur.

Ony çagyrdy-ýu aýtdy sözüni,
Bu şah oňa berer boldy gyzyny.

Bu şanyň köňlüne geldi bir many,
Gyzym hem şat bolgaý diýip teselli.

Hyýal etdi ki: Tahyry unutgaý,
Oňa meşgul bolup köňlün sowutgaý.

Okydy «fatyha», damad kyldy,
Garabahaduryň köňlün şat kyldy.

* * *

Eşitdi Zöhre uşbu şum habary,
Bidil kyldy ýygylan sim-u-zeri.

Garyplara bererdi paralaryn,
Alar köňüllerin biçäreleriň.

Berer lagly-jowahyr binowaga,
Haýyr yhsan kylar misgin gedaga.

Bularyň barysy tedbir bolgaý,
Bu Tahyr halyna destgir bolgaý.

Işikden Garaçomak hem geliban,
Gider erdi uzakdan delmuryban.

Eger gelse, oňa bakmaz idiler,
Eger söz gatsa, söz gatmaz idiler.

Gelip gider erdi ol erteýu-giç,
Myradyn hasyl etmez erdi ol hiç.

Tutar erdi köňlünde kine bisýar,
Bu Tahyrdan eşitse zerre ahbar.

Baryp tutup, onuň başyny kesse,
Bu gyzlar gözüçe ýanyna assa.

Bu erdi Garabatyryň hyýaly,
Bu gyzlara ýetişmez erdi dady.

Weli gyzlar muny bilmez idiler,
Ony kim göze hiç almaz idiler.

Olaryň pikrine her gije-gündiz,
Çykararlar barysy ahy dilsuz.

Ki bir gün Zöhre köp kyldy pygany,
Ki bir ah urdy-ýu örtendi jany.

Ýene Zöhre kylyp bir nala binýat,
Dilinde Tahyry köňlünde perýat.

Ýene Mejnun kibi diwana boldy,
Görüň, halk içinde efsana boldy.

Pyrak oduna köýen binowa dek,
Gülüstan görmegen bady saba dek.

Diýdi ahyr ki: «Eý, ýary ýegäne,
Meni yşkyňda sen kyldyň diwana.

Nä diýp bolduň eken menden bigäne,
Ýatyr men yşk oduna ýana-ýana.

Ýüzüň gaýyp durar gamdan jyda sen,
We ýa bir näzenine mübtela sen.

Meni biçäräni ýat etmediň hiç,
Bozuk köňlümi abat etmediň hiç.

Garybyňy kylyban munda haýran,
Ýörir sen haýsy ýerlerde huraman.

Meni biçäre yşkyňda köýer men,
Hemişe yşk odunda örtener men.

Meni biçäräni mundag unutdyň,
Ne kyldym, mähriňi menden sowatdyň.

Ýatyr men hüjrede biçäreler dek,
Başy aýak-ýalaň diwanlar dek.

Sen onda aýşy-eşret bile meşgul,
Uçar bilbil bolup sen, hemdemiň gül.

Ki men munda habary hassadyr men,
Ki yşkyň damyna peýwestedir men.

Garyp men, sargaryp men, natuwan men,
Seniň hijriňde kim men mübtela men.

Ki kasyt ýok erer men binowaga,
Bolup men muntazyr bady sabaga.

Ki bu derdim sözläri hemdemim ýok,
Seniň waspyňy diýre mähremim ýok.

Özüm ýörgeli tapmaz men bahana,
Ki kül boldum bu oda ýana-ýana».

Bu sözleri diýiban köp ah urdy,
Enesi eşidiban bagry köýdi.

Kylyp her öý gyzy bir nowg nala,
Döküban gözlerinden dürri jala.

Diýdiler: «Barçamyzyň rehberi sen,
Ki göýä husn era hüýr-u-peri sen.

Bolup sen yşk oduna sen giriftar,
Hany nengu, hany namys, hany ar?

Hany munda oşol bady haşamlar,
Bu yşk babynda öten muhtaşamlar.

Hany döwran sürer ki soltanatlar,
Hazan bolmaý, harap bolan tagtlar.

Hany eşret, hany aýyş, hany ýar,
Bolupdyr şady horram jemi agýar.

Gel, imdi bir nazar kyl oňa-sola,
Saňa kyldyk nesihat, gir bu ýola.

Ki külpetler bilen haýp ömrüň ötdi,
Gidip döwlet başyndan, gaýgy ýetdi.

Gel, imdi bertarap kyl bu jenany,
Sabyr bilen görer sen ba wepany.

Uly, kiçi hemme horram duraly,
Parahat bilen bir dem oturaly.

Rakyp – duşmanlaryňy şat kylma,
Bu gamhana içinde köp oturma».

Eneke uşbu gamdan kyldy ebýat,
Eşidip barça gyzlar kyldy perýat.

* * *

Hijr şamy ötgüsi, bihuda, eý, jan, gam iýme,
Wasyl jamy ýetgisi, bihuda, eý, jan, gam iýme.

Her şekeriň talhy bardyr, her tikende gül biter,
Her gamyň bir şady bardyr, bihuda, eý, jan, gam iýme.

Her hazandan gül biter, bihuda nalan bilbili,
Her zulumatdyr, öter, bihuda, eý, jan, gam iýme.

Talh kim kylmaň köňüli hijrinde eý, jany dil,
Bu pyrakyň waslydyr, bihuda eý, jan gam iýme.

Gul Saýady, sen garyp, goýma Hudanyň zikrini,
Müşgiliň asan bolar, bihuda, eý, jan gam iýme.

* * *

Enekeden eşitdi bu hekaýat,
Diýdi: «Geňeşiňiz nedir begaýat?

Geliban barça mahy hysrowylar,
Maňa geňeş beriň şahy periler».

Diýdi Zöhre: «Baryň mahparalar siz,
Meniň derdim üçin dil paralar siz.

Kylyňlar barça alnymda hekaýat,
Ki menden Tahyra bir rowaýat.

Biliňler ol dirimi bu jahanda?
Özi köňlümde, emma jismi onda.

Rowaýat diýiban inşa kylyňlar,
Meniň halymy hem imla kylyňlar.

Ki şaýet, bolgaý ol maňa teselli,
Ki men Mejnun bolup men, gäh Leýli».

Ýygylyp barça gyzlar jem boldy,
Bu Zöhre ortasynda şem boldy.

Olaryň her haýsy bilenin diýdiler,
Barysy Zöhre jan gamyn iýdiler.

Weli bir öý gyzy kim, ady Şahbaz,
Bu erdi daýyma Zöhräge dem saz.

Bary öý gyzlarynyň başy erdi,
Hemişe Zöhräniň ýoldaşy erdi.

Bolar erdi bu Zöhräge garyndaş,
Ýene bir ýerde süýt emen emekdeş.

Diýdi ol: «Getiriň munşiýi dana,
Bitiňiz namaýy hoş labzy göýä.

Berip kasyt goluna iberiňler,
Habar ne bolgusy ony görüňler.

Tapylsa bolgaý ol derdime derman,
Tapylsa bary [hiç] galmagaý arman».

Bu sözler Zöhräge köp hoş geldi,
Muhabbet bilen oňa joş geldi.

Diýdi: «Munşy gelip halymy sorsun,
Görüp halymy ol kagyza alsyn».

Getirdi munşyny Zöhre gaşyna,
Ser-u pa geýdirip aýak başyna.

Oňa kyldy bary halyny yzhar,
Diýdi: «Ger Tahyrymdan bolsa ahbar.

Myradyňça jowahyrlar bereýin,
Seni doganym ornunda göreýin».

Ki bitdi munşy her ne aýtganyny,
Kim müşgil başyndan ötgenini.

Ýene ýazdy oşol hat içre ebýat,
Okyp bu gazaly kyldy perýat.

* * *

Ýüz nala kylyp aýdyp, iberdim habarymy,
Getir habaryn eý, kasyt, oşol simi – zerimi.

Ol bizi goýup, özge bilen ýar bolupdyr,
Emma men özüm kylsam andan güzerimi.

Bir hatda beýan kylaram arzy halymy,
Kim bar çykarsam waweýla ahy semerimi.

Janymy pida eýläýin, ger nesip etse, Hudaýym,
Görsem ýene ýer ýüzünde şems ile kamarymy.

Ýüz mähneti enduha giriftar olup men,
Janymy berip kem kylaýyn derdeserimi.

Perwaz kylar bende Saýady uça bilmez,
Köýdürdi ýüzüň şemi meniň baly-perimi.

* * *

Berip bu haty kasydyň goluna,
Rowan bolgaý ki Bagdadyň ýoluna.

Ýene niçe tiwege ýükledi zer,
Bary lagly-jowahyr erdi ahmar.

«Ki şaýet, bende bolsa ol mysapyr,
Berip alsaň ony dürri jowahyr.

Ýok erse haýsy ýere şa bolsa,
Oňa fathy zafar hemra bolsa.

Diýgil arzy dilimi oňa zynhar,
Meniň halymdan ol bolup habardar.

Gadam goýsun biziň weýranymyza,
Rehim kylsyn biziň bu halymyza.

Gadam renjide kylsyn bu güzere,
Nazar salsyn garyby bisabyra.

Gözümniň nury ýok, ýoluny görsem,
Tilim ýok, kimseden halyny sorsam.

Uçara neýläýin bal-u perim ýok,
Şu dünýäde meniň dek [bir]  garyp ýok.

Diri men, özge ýok imdi umydym,
Unutdym men, diýip hem zar perýadym».

Diýban halyny kasyda seraser,
Getirip goşdy kerwene barabar.

Hatar eýläp ýene ýelmaýalary,
Sürüp, ýel dek turup, bady sabany.

Diýdi kasyt: «Eý-a, dilrubalar,
Süýji jan hemdemi, mahy lykalar.

Soragyn sorsam onuň her şäherde,
We ýa guwwas dek ol bahry gamda.

Ýene gygyrsam her ýazu-beýanda,
We ýa çöllerde her bagy-çemende.

We ýa bazar içinde jary kylsam,
Ne diýr men her güzerlerde ýörisem?[1]

Soragyny anyň kaýdan sorar men,
Meni kasyt ne ýerlerde ýörer men».[2]

Diýdi Zöhre: «Bu sözi ýagşy aýtdyň,
Jogabyn men bereýin, sen eşitgin.

Eger her menzil-u mäwada bolsaň,
We ýa şähr içre bazarda bolsaň.

Ger ýa oturanyňda turanyňda,
We ýa derýa içinde ýöreniňde.

We ýa çöli jezirede ýörer sen,
We ýa bossan, bag içinde ýörer sen.

Belent owazlar gygyr: dady-yşk men,
Garyp uftada gelen zady yşk men.

---

[1] Golýazmalarda bu setiriň «Ne diýr men, aýdyňyzlar ony bilsem?» diýen nusgasy hem bar.
[2] Golýazmalarda bu setiriň «Ne diýr men, her güzergähde ýörer men?» diýen nusgasy hem bar.

Bulary gygyryp bu ýol ýörerde,
Kaýu menzilde oturyp turarda.

Meniň dek kim eser olan bu yşkdan,
Garyb-u dil garyp bolan bu yşkdan.

Meniň dek kim erer bu yşka düşen,
Ili-halkdan jyda boluban ýören.

Meni bu yşk ody haýran kylypdyr,
Meniň dek kimi sergerdan kylypdyr.

Niçe ýyllar bu yşka mübtela men,
Garyb-u bikes-u bes natuwan men.

Ýörer men gije-gündiz ol talapda,
Guşum dek guş ýene bolmaz arapda.

Onuň yşky meni ryswa kylypdyr,
Tutup bu guşy kim perwa kylypdyr».

Bu sözleri diýdi-ýu boldy şeýda,
Bu ýerde niçe ebýat boldy peýda.

* * *

Bilbili mestem, gonara bir gülüstan isterem,
Bul höwes gülleri neýleý, özge bossan isterem.

Aşykam, eý, dostlar-a, janymyň haýrany men,
Jany janan bolaly, janyma janan isterem.

Ýarsyz jennete girsem, zulmaty marwa erer,
Nala-ýu efgan edip, bir mahy taban isterem.

Gitdi ol ýarym gaşymdan hassaýy bimary men,
Nalaýy perýat edip, derdime derman isterem.

Gel, eý, Saýady, sabr eýle, ýeter sen ýar waslyna,
Özgäni men istemen, didary janan isterem.

* * *

Diýdi Zöhre: «Eý-a, kasyt eşitgil,
Köňülde tut bu sözi rast bilgil.

Bulary gygyryban ýol ýörerde,
Kaý-u menzilde oturyp - turarda.

Bu sözleri eşitse ol dilefkar,
Bolar yşk babynda saňa wepadar.

Kylawer janyna jany pidaýy,
Bolawer ol garyba rahnemaýy.

Bu derdime dowa yzlap ýörer men,
Geçip jandan ki ilbe-il sorar sen».

Bu sözleri eşitdi eýse kasyt,
Rowan boldy ýol üzre ýeke - wahyt.

Ýöriban her şäherde söz ederdi,
Ki «zaty yşk men» diýip owaz ederdi.

Ki nägäh uçrady bu şähri Bagdat,
Bolar gamly kişi Bagdatda dilşat.

Seýrgäh erdi, şahlar seýr ederdi,
Ki bu ýol seýrgäh içre öterdi.

Durup şahzadalar bile bu Tahyr,
Nyşana atar erdi, gördi zahyr.

Durup gygyrdy kasyt: «Zaty yşk men,
Garyp uftada gelen dady yşk men.

Ýetişipdir yşk hem biser-u saman,
Habary hassa ol bir gözi girýan,

Meniň dek barmykan ki şana yşk?
Meniň dek bolsa bir janana yşk.

Meniň dek bir mysapyr hiç şäherde,
Ki bolgaýmy eýse olam – güzerde?

Meniň dek barmykan yşk içre düşen,
Ýer-u ýurdundan aýrylyp azaşan?

Meniň dek barmyka yşk içre bagly,
Gözünde ýaşy bolgaý, bagry dagly?

Kim ol bolgaýmy bir kerwene muştak,
Meniň dek eýse bir ýoldaşa muştak?

Meniň dek bu şäherde bir mysapyr,
Ki bolgaýmy maňa hem ýary hemsyr.

Ki bagry yşka köýen bolgaý ol şah,
Garyplykda maňa ol bolsa hemrah.

Eger bolsak mynasyp bu saparda,
Ýörseň dag-u çölde, deştde, ýolda.

Ki ol golunda bolsa hup dutary,
Ki gygyrsam men ol ebýaty zary.

Ki aýdyşsak ikew bir derdi haly,
Köňülde galmagaý bir kyl-u kaly».

Ki kasyt köýeninden bu gazaly,
Okyp ýat etdi, ýyglap ol gözeli.

* * *

Eý, nigär-ä, men seni söýdüm, ýene ýar istemen,
Isterem waspyňy emma, özge dildar istemen.

Mesti bihud men, jemalyňy görgeli muştak men,
Bilbili şurydadyr men, özge gülzar istemen.

Ýusub-a intizar men Ýakuby Kengan kibi,
Mäliki täjir dek özge bir hyrydar istemen.

Hak ezelden diýdi kim,men diýmişem: «Kalu bela»,
Çün ezel ykrarydyr men özge ykrar istemen.

Gul Saýady, sudy söwda haýry badyn isterem,
Men onuň bazarynda men, özge bazar istemen.

* * *

Bu yşk ýadyny kasyt kyldy ahyr,
Bu sözleriň baryn aňlady Tahyr.

Diýdi Tahyr: «Eý-a, şahzadalar siz,
Durup siz bir bölek azadalar siz.

Ol ýigit yşk oduna örtenipdir,
Jahanda görmegenlerin görüpdir.

Baraýyn, ol ýigit halyn soraýyn,
Ne bolupdyr ki ahwalyn soraýyn.

Kaýu şahzadanyň perzendi eken,
Kaýu mahparanyň dilbendi eken?

Gelip sordy ki Tahyr: «Eý, dilaram,
Kaýu meýhanaýy yşkdan içip jam.

Ýörip sen läýagkyl şeb-u ruz,
Ne sende aýş-u eşret, aýdy nowruz.

Ýörüp sen bisabr-u ýokdur kararyň,
Akyl babynda zerre ygtyýaryň.

Wujutyň şährinde kim tagt gurupdyr,
Oşol tagt üstünde kim oturypdyr.

Bu dünýä şahymy ýa binowamy,
Ki ýa dilber dagymy ýa gedamy?

We ýa yşky höwesi patyşa sen,
Düşüpdir tagtyňa yşk bir geda sen.

Geda hem şah kylsa ähdi-peýman,
Gedany şah kylar bendi zyndan.

Kaýu şadan bolup mähribanlyk,
Onuň bilen kylypmu sen aşnalyk.

Gedaýa şah kylmaz mähribanlyk,
Ne hoşdur binowalyk, binowalyk.

Eger görseň çün şadan mähribanlyk,
Sen ondan kylgyl elbetde jydalyk.

Menem bir şah bilen hemhana boldum,
Rakyplar jebrinden bigäne boldum.

Onuň bilen muhabbet tohmun ekdim,
Weli, bisýar gurbatlaryn çekdim.

Yrzaýym ýok idi men aýrylara,
Garyplykda garyp bolup ýörere.

Ýok erdi aýrylara ygtyýarym,
Aýyrdy bir sebäp birle Hudaýym.

Bolup men bu şäherde yşk ýesiri,
Ki ýokdur menden özge bir garyby.

Kişim ýok aýtgaly razy dilimi,
Bu köňlüm içre düşen müşgilimi».

Okyban bu gazaly zary girýan,
Görüp şahzadalar hem boldy haýran.

* * *

Dostlarym, boldum bu gün, ol mähribanymdan jyda,
Hassa köňlüm sorgujy, ol magzy janymdan jyda.

Nury aýnym, gülşenim, bagym, baharym, dilberim,
Gözi ahu, serwi kad, ol [gül] bossanymdan jyda.

Men haçan aýrylgaý erdim, bolmasa takdyry Hak,
Lagly handan, mähriban, ol nuktadanymdan jyda.

Nala kylmaý neýläýin, andan bu gün boldum yrak,
Rişi dilim melhemim, ol jana-janymdan jyda.[1]

Bir köňül berdim täki terki siwallah eýledim,
Täji-tagty, maly-mülki, hanymanymdan jyda.

Ah çeksem, nala kylsam, dostlarym aýp eýlemäň,
Nala kylmaý neýläýin boldum nigärimden jyda.

Bilbili şurydadyr men, hiç kararym ýok meniň,
Nala kyldym aýrylyp, ol gülüstanymdan jyda.

Mejnuny diwanadyr men çöl – sähralary gezeý,
Boldum ol Leýli ýarym, serwi rowanymdan jyda.

---

[1] Gazalyň 2-4-nji beýtleri 91-nji bukjadaky golýazmadan alyndy.

Owwaly-ahyr Saýady maksady didar erer,
Ýa Ylahy, ruzy kyl, kylma imanymdan jyda.

* * *

Diýdi kasyt: «Eý-a, gamzadaýy yşk,
Bu şähri içre garyp uftadaýy yşk.

Ki hiç gamhor barmykan garyba,
Kaýu ýerden seni dartyp nesibe.

Gelip munda tutupdyr sen mekany,
Düşüpdir boýnuňa saýýat damy.

Ne ýerden sen, maňa kylgyl hekaýat,
Çekip sen renji mähnet binahaýat.

Bu yşk söwdasynyň peýany bolmaz,
Eger aşyk öler täwany bolmaz.

Ne köňlünde gamyň bolsa dilefkar,
Oşol derdiňi kylgyl maňa yzhar».

Diýdi Tahyr: «Ki şährim şähri Tatar,
Ki jümle kerwenler ondan öter.

Jahankeşde eger bolsaň, eý, ýar,
Saňa aýdaý, bolawergil habardar.

Ki şaýet, düşse ýoluň ol ýere,
Salam aýt bizden ol mahy perä.

Diýgil, elbetde, bizden oňa ahbar,
Bu hassa halymdan bolsun habardar.

Mysapyr bir ýigit Bagdatda bize,
Ki uçrap, köp salam kim aýtdy size.

Sebäp bilen düşüpdir [ol]  mysapyr,
Dileýdir sizden ol bir hile tedbir.

Diýgil ne sabry bardyr ne karary,
Seniň ýadyň ýüreginiň mydary.

Diýgil, elbetde, bu sözleri oňa,
Terehhüm eýlegil şaýet ki maňa.

Eger gideý diýsem, emma ýolum ýok,
Eger öleý diýsem, maňa ölüm ýok.

Mysapyr, [bu] şäher içre hordur men,
Didaryna sagynyp [men]  zardyr men.

Didaryny Huda kylsa miýesser,
Berermen saňa hem bisýar göwher».

Sagynyp ýaryny Tahyr beg onda,
Okydy bu gazaly misli bende.

* * *

Saba ol ýar-u janyma salam eltgeými sen baryp,
Meniň ol mähribanyma salam eltgeými sen baryp.

Galypdyr men pyrakynda, köýer men iştiýakynda,
Ýetebilmeý ýol yrakda, salam eltgeými sen baryp.

Güýjüm ýok ki ýörip ýetsem, etegin jan bile tutsam,
Ýok eýse arzy hal aýtsam, salam eltgeými sen baryp.

Doýup men indi janymdan, geçip men hanymanymdan,
Meniň dagy nehanymdan salam eltgeými sen baryp.

Eşit bu söz Saýadydan, jydadyr ýary janyndan,
Behaky Taňrym, adymdan salam eltgeými sen baryp.

* * *

Diýdi kasyt: «Eý-a, yşk mübtelasy,
Düşüp başyňa köp gurbat belasy.

Garyplykda hazan dek sargaryp sen,
Eger çün bir garyp sen, hoş garyp sen.

Ki Zöhre onda haýrany harabyň,
Pyrakyň odunda daýym kebabyň.

Men onuň kasydy men ýagşy bilgil,
Gider bolsaň gider pikrini kylgyl».

Bu sözleri eşitdi eýse Tahyr,
Çykardy ýüreginden ahy zahyr.

Gujaklaşyp ikisi ýygladylar,
Duranlar ýüregini dagladylar.

Kylyp her haýsysy dürli pygany,
Ki boldy göz ýaşy aby rowany.

Bu Tahyr beg ynanmazdan durardy,
Söýünenden dirilip, gäh ölerdi.

Diýdi Tahyr: «Bu sözüň çynmy eý, ýar,
Niçik hemdem bolup gepleşdi dildar.

Gözüň bilen görüpmi siz özüni?
Gulak bilen eşitdiňmi sözüni?

Tiliňiz bilen hem sözleşdiňizmi?
Gamy-gaýgysyny yzlaşdyňyzmy?»

Diýdi kasyt: «Beli, özün görüp men,
Ne haly bar any tilden sorup men.

Niçe derdi bar erdi maňa aýtdy,
Meni kasyt kylyp size uzatdy».

Ki boldy ikisi hoşhal-u-horram,
Bolup biçäre köňülleri jem.

Bar erdi onda bir kerwensaraýy,
Düşer erdi garyb-u binowaýy.

Bu Tahyr getirip düşürdi onda,
Bolup kasyda Tahyr misli bende.

Diýdi Tahyr: «Men öý sary baraýyn,
Baryp handan gider destur tiläýin».

Ýügürip bardy Tahyr ol hareme,
Bu syryn aýtdy ol Mahym seneme.

* * *

Weli, şahzadalar aňlady sözi,
Ki ganly ýaşa çün doldurdy gözi.

Gelip atalaryna hem diýdiler,
Pikir bilen gam-u gussa iýdiler.

Diýdiler: «Imdi Tahyr gitgisidir,
Gözüň nury Mahym ne etgisidir.

Hemme ýyglaşdylar bu ýerde halky,
Diýdiler: «Sabr ediň, bozmaý köňlümi».

Bu söz üstünde Şähri geldi ol dem,
Girip oturdy ol hem tutdy matam.

Hemme diýdi: «Ýaman boldy bu işler»,
Eşiden dostlar [hem] goluny dişlär.

Ýügürip ýetdi Tahyr beg ol şonda,
Towozzyg kyldy, durdy misli bende.

Girip oturdy soltanyň gaşyna,
Gözüni dolduryban göz ýaşyna.

Diýdi soltana Tahyr arzy bisýar,
Bu işiň owwalyndan kyldy yzhar.

Kylyban owwal-ahyr yşk ýadyn,
Özi hem Zöhräniň jümle myradyn.

Eşitdi erse ol arzyny soltan,
Onuň köňlüni alyp boldy handan.

Diýdi kim: «Her ýerde bolsaň aman bol,
Ki dursaň tagta çyk, gitseň, ine ýol.

Durar sen-didämiz üstünde ýörgil,
Gider sen-ýene bir aýlana gelgil.[1]

Ne ýerlerde ýörer sen ki bar bolgul,
Ki Hak ýady bilen sen demdar bolgul.

Ki bir dem bolmagyl gapyl Hudadan,
Hudaýym ýetirer jümle myradyn.

Ki bolsun jümle müşgiliň küşady,
Kylawer bizi hem, elbetde, ýady».

Bu sözleri diýdi-de berdi rugsat,
Gidip mähnet Tahyrdan, geldi döwlet.

Ryzalyk bilen şahdan rugsat aldy,
Ki ondan çykdy-ýu öýüne bardy.

---

[1] Bu beýdiň golýazmalarda:
«Durar sen, didämiz üzre durar sen,
Gider erseň, nesibäňi görer sen»
diýen nusgasy hem bar.

Bu şahyr şanyna soltany älem,
Ki binýat etdi bul ebýaty ol dem.

* * *

Ezelden ähdi-peýmana wepalyk, biwepa aşyk,
Oşol elwadaýy deýin jepakeş, pür jepa aşyk.

Nigärim wepasydar diýp, jahany jümle terk eýläp,
Niçik kim aýşy eşretden bolupdyr masewa aşyk.

Rakyplar tagnasyndan ýok gamy-gaýgysy bilgil kim,
Gör emma kätibin ýazan ezelde ol ryza aşyk.

Wujuty örtäbän kül boldy kim derdiň azabyndan,
Köňül aýnasyna berdi kim otdan jela aşyk.

Saýady ne temennadyr, özüňden zerre geçmez sen,
Niçik mülki mekanyndan bolupdyr kim jyda aşyk.

* * *

Ýanyp geldi Tahyr hanym gaşyna,
Ol ýerde barça ýyglar baş-başyna.

Bu hanym erdi Mahymyň enesi,
Bu gyz boldy ki janynyň belasy.

Diýdi Tahyra: «Eý, perzendi janym,
Saňa ne iş kylyp erdi bu Mahym?»

Çün ýyglap diýdi: «Eý, ýary jepakär,
Gyzyma bolmadyň ahyr wepadar.

Gyzym hiç kylmady bir aýşy-eşret,
Zyýada oňa kyldyň gaýgy külpet.

Diri ömrüni köýdürdiň, gurutdyň,
Eziz janyny külpetde çüýrütdiň.

Ylahy gelmegeý erdiň gaşyna,
Ne bu söwda idi saldyň başyna?»

Gyzynyň derdi bilen köýdi ol dem,
Pyrak ody bilen örtendi ol dem.

Pygan-u nala bilen kyldy wahşat,
Ne kylsyn bu hem ahyr berdi rugsat.

Diýdi: «Her kaýda bolsaň bol salamat,
Weli goýduň gyzyma müň melamat».

Bu sözleri diýdi haznaga girdi,
Giriban hasse donlardan göterdi.

Ser-u  pa geýdirip andag jenany,
Bu Tahyra idi hoş mähribany.

Ki hasse kär ýüz müň ussady namdar,
Bary Mahyma erdiler howadar.

Ki bir gün barçasyn ýygdyryp erdi,
Ki bir zerrin pota kyldyryp erdi.

Oňa köp erdi Tahyryň höwesi,
Ki bäş ýüz müň tümen erdi bahasy.

Weli ol potany bermedi oňa,
Diýdi: «Saklap goýar men muny saňa,

Eger kyrk ýyl öter hiç özge kylmam,
Ki senden özgä-ge hiç ony bermem.

Pota bolsun gyzyma ýadygäri,
Göýä köňlüne bolsun paýydary!

Ki barsaň onda sen bizi unutma,
Bu Mahymdan gyzgyn mähriň sowutma.

Ki sen gelinçäň, pota munda dursun,
Seni köňli tilese ony görsün.

Diri ömrün nisar eýlär ýoluňda,
Unutmagyn sen onda baranyňda.

Baryp görseň sen ol mahparalary,
We ýa näzik beden şahzadalary.

Olar bilen goşulyp eşret etseň,
Ki bu biçäräni onda unutsaň.

Eý-a, näder zagyf-y natuwanym,
Pyrakyňda köýer ol hassa janym.

Pyrakyňda çekip erdi jepany,
Ki sen dek görmedi bir biwepany.

Ýene goýduň ony ýüz müň belaga,
Alajy ne bolar ol binowaga?»

Bu sözleri diýban ýyglar enesi,
Eşitdi heýli-hyşy akrabasy.

Okydy uşbu ebýat, onda hanym
Diýdi: «Sensiz neteý bu tende janym?»

* * *

Dostlarym, bir biwepa yşkynda köýdi janymyz,
Ah urup ýyglap ýörüp, hiç galmady dermanymyz.

Wadaýy waslyň üçin boldum jahan awarasy,
Yşk ody köýdürdi kim örtendi hanymanymyz.

Leýli dek ol dilrubanyň aşyky zary bolup,
Telbe Mejnun dek ýörip, weýranadyr mekanymyz.

Arzy halym aýdaýyn alnyňda, ýetgil dadyma,
Gahr edip gözden salypdyr bizi ol jananymyz.

..................................................................[1]
Imdi çykdy perdeden hiç galmady armanymyz.

Bu senemler wazgynda mundag bolarmy ýarlyk,
Pikr edip hiç ýetip bilmen biz onuň haýrany biz.

---

[1] Golýazmanyň zaýalananlygy üçin şu setiri okap bolanok.

Eý, Saýady, düşdi myhman külbeýi ahzanyňa,
Jan pida kylsaň gerek bu ýolda gurbanymyz.

* * *

Ýene Tahyr özüne nala kyldy,
Eşitdi şähr ili barça ýygyldy.

Ýene burnagyndan bir nala düzdi,
Bu duran barynyň köňli bozuldy.

Diýdi: «Bir şäheriň şazadasy men,
Ki bir jananaýň awarasy men.

Ki men onda idim bir ähtibary,
Meni mest eýledi onuň humary.

Pelek başyma saldy uşbu söwda,
Garyp düşdüm bu ýerde, galdy magwa.

Bar erdi mesgenimde niçe mundag,
Barysyndan görüň aýryldym andag.[1]

Bar erdi baryndan mundag kumajy,
Ýok erdi dünýälikden ähtiýajy.

---

[1] Bu beýdiň golýazmalarda:
«Bar erdi mesgenimde niçe mährem,
Kylar erdik bu aýş köýünde zem-zem»
diýen nusgasy hem bar.

Biziň hem hazynadan bar erdi mundag,
Baryny gören idim men kim andag.

Bu gün onuň birine hem zar boldum,
Hany ol tagt-u bagt, efkar boldum.

Umydyň men pakyrdan bar bolsa,
Geler men ger Hudaýym ýar bolsa.

Daryg etme  bu bir potany menden,
Umydyň bolsa zahyr muhteremden.

Kylar ol barça hemdemler melamat,
Geler men ger Huda kylsa salamat.

Olaryň alnynda şermende kylma,
Ki bir pota üçin dermende kylma».

Bu tezwir bilen ol potany aldy,
Ki Tahyr şat, Mahym gamda galdy.

Bu hanym alnyňda uşbu gazaly
Okyp, Tahyr kylar saýy jedeli.

* * *

Yşk era Mejnun bolup men Leýli dek ýarym gerek,
Gam diýaryna düşüp men, ýagşy gamhorym gerek.

Nalaýy zary eger kylsam, meni aýp eýlemäň,
Bilbili şurydadyr men, maňa gülzarym gerek.

Her kimiň köňlünde bir armany bar, islär ony,
Aşyky dildar erer men, maňa dildarym gerek.

Meng kylmaň küfri zülpiden meni, eý-a, dostlar,
Kapyry yşk olmuşam kim, maňa zünnarym gerek.

Dostlar, aýp eýlemäň, bu synamyň çägin görüp,
Yşk era meýdana girdim, maňa biarym gerek.

Gul Saýady, intizardyr, derdi dili sözlegil,
Ýagşy sahypdil bilen, elde dutarym gerek.

* * *

Bu gün gelip Tahyr Mahym gaşyna,
Gyzyl gül dek ýüzün ýuwup ýaşyna.

Kylar Mahym eşidip ahy-efgan,
Döker gözlerinden ýaş ornuna gan.

Pygan eýläp diýdi Mahym: «Eý-a, şah,
Goýar bolduň meni betbagt-u gümrah.

Bu ne mähnet ki yşk ýolunda eken,
Bu ne hesret ki yşk ýolunda eken.

Zagyf boýum bilen çekdim jepany,
Ki senden görmedim hergiz wepany.

Pyrakyň ataşy bagrymy daglar,
Meniň ahwalyma şähr ili ýyglar.

Eger sen bilmeseň, Eýäm kerimdir,
Weli, husn ähli barça birehimdir.

Ajap köýdürdiň eý, şeker dahanym,
Seniň köýüňde köýdi uşbu janym.

Seniň hijriňde köýdüm, bilmediň hiç,
Meniň derdime derman kylmadyň hiç.

Meni örtär seniň nary pyrakyň,
Köňülden çykmagaý bu iştiýakyň.

Nihan etsem içim köýüp baradyr,
Pygan etsem jahan ähli biledir.

Gider men diýme ýüregim ýarylar,
Ýoluň topragyna ganym garylar.

Bu nagyşly hüjräni men terk eder men,
Gider bolsaň men hem bile gider men.

Meni bu ot içinde goýma, eý, jan,
Meniň hem köňlümde galmasyn arman.

Pyganymdan halaýyk barça dynsyn,
Jyda kylan pelegiň boýny synsyn».

Pelegiň şanyna kyldy gazal ýat,
Okyp Mahym kylar ýüz ahy-perýat.

* * *

Niçe jebir etdiň maňa, perýat eliňden, pelek,
Dadyma hiç ýetişmediň, perýat eliňden, pelek.

Takat-u sabry kararym galmady bu hijriňden,
Bolmady köňlüm ki hoş, perýat eliňden, pelek.

Ýary hemdem ýok ki tä arzy dilim şerh eýlesem,
Şat köňlümi eýlediň näşat, eliňden, pelek.

Jümleýi jany-tenimi örtedi nary pyrak,
Hijr odundan bolmady, binýat eliňden, pelek.

Eý, Saýady, bu pelek köpleri näşat eýledi,
Ýetmedi Şirine Perhat, ki dat eliňden, pelek.

* * *

Diýdi Tahyr: «Eý-a, yşk mübtelasy,
Ki zerre bolmady gamyň dawasy.

Sabyr kylsam boladyr gam zyýada,
Mydara galmady hiç majerada.

Niçe ýyllar saňa hemhana boldum,
Ýesir-u dilber-u janana boldum.

Ýürekden çykmaz hiç gülzary dagy,
Meni köýdürdi hem waslyň pyragy.

Gözümden bolmagaý gaýyp didary,
Köňlümden çykmagaý zerre humary.

Hyrydar bagynda men bir gül erdim,
Açylmagan çemende bilbil erdim.

Eziz erdim jahanda har boldum,
Gadam topragyna men zar boldum.

Egerçe men erer men zary efkar,
Umydymdyr miýesser bolsa ol ýar.

Eger sen aşyk erseň, sabr eder men,
Sabyr kylsaň, myradyňa ýeter sen.

Gider men, durmagym ýok hoş galgyl,
Meniň görgül dagymy, pendim algyl.

Eger her kim çeker hijran jepasyn,
Görer biçäre gul ahyr wepasyn.

Ýesir boldum, men görüň kim, hor boldum,
Bolup aşyk, men harab-u zar boldum».

Ki aşyk şanyna kyldy gazal ýat,
Diýdi-ýu okydy bir niçe ebýat.

* * *

Hassa janym ýüz elem dartar pygany ýar üçin,
Dartmaz idim ýüz elem, dartdym muhabbet bar üçin.

Ah ursam, nala kylsam, dostlar-a, aýyp eýlemäň,
Nala kylmasam, neýläýin, ol dilber, dildar üçin.

Ne günähim bar idi, aýyrdyň ýar wepadary,
Bolmas erdim men, jyda boldum gamy agýar üçin.

Aşyky biçäreler meýdanda gördi başyny,
Magrypet bazarynda duran şükri güftar üçin.

Bilbili şuryda gülüň şowkunda efgan eder,
Gonmady biçäre bilbil gaşynda ki bar üçin.

Ýusuby soltany Hak saldy çün gamyň çaýyna,
Müsüre girizdiler ser depderi bazar üçin.

Külbeýi ahzan erer, misgin Saýady mesgeni,
Janyny eýlär pida, ol sahyby esrar üçin.

* * *

Bu ebýaty okyp çykdy gaşyndan,
Roýmalyny öl edip gözýaşyndan.

Gelip kasyt gaşyna ýyglady zar,
Bu kasyt hem gözünden dökdi hunbar.

Diýdi kasyt: «Daryg-a bi wepa sen,
Kylar sen bu garyplara jepa sen.

Ony onda görer men zary haýran,
Muny munda görer men hanaweýran.

Ki Zöhre hanym onda bagry girýan,
Ki Mahym jan munda didesi biryan.

Ki Zöhre jan erer bir şahy huban,
Ki Mahym jan erer bir mahy taban.[1]

Ony onda görer men ýüzleri gül,
Muny munda görer men zülpi sünbül.

Ony onda görer men ýary peýker,
Muny munda görer men lagly şeker.

Ony onda görer men kaddy şemşat,
Muny munda görer men serwi azat.

Ol onda aşyky zaryň seniň kim,
Ki bu munda giriftaryň seniň kim.

Ol onda seniň üçin har bolupdyr,
Bu munda hassaýy bimar bolupdyr.

Görer men ikisi zaryň, eý-a, dost,
Ki jan baz-u hyrydaryň, eý-a, dost.

Ki Zöhre hanym onda zar ekendir,
Ki Mahym jan saňa gurban ekendir.

---

[1] Bu beýdiň golýazmalarda:
«Ki Zöhre jan erer bir mahy enwer,
Ki Mahym jan erer bir şahy serwer»
ýaly nusgasy hem bar.

Ki Zöhre hanym onda gunçaýy gül,
Ki Mahym jan erer kim misli bilbil».

Olaryň halyna köp köýdi kasyt,
Niçe söz aşygana aýtdy kasyt[1].

* * *

Çyn aşyklar hemişe zar ekendir,
Hakykat ýolunda ol har ekendir.

Seniň yşkyňda köýenleri gördüm,
Olaryň arzuwy didar ekendir.

Bolup daýym bu ýolda zary-efkar,
Çün kyl-u-kalyňdan bizar ekendir.

Açylar reňbe-reň güller baharda,
Ki her gün gaşynda ýüz har ekendir.

Görüň bilbil pygan eýlär çemende,
Onuň hem maksady didar ekendir.

Gözel ýaryndan aýrylany gördüm,
Onuň hem bagysy agýar ekendir.

Diýdiler: yşkda bolmaz sud-u söwda,
Görüň dostlar bu nä bazar ekendir.

---

[1] Bu «kasyt» sözi käbir nusgalarda, meselem, 129-njy bukjada Wahyt görnüşinde hem duş gelýär.

Diýseler: “Eý, Saýady jan pida kyl”,
Bu yşk meýdanynda taýýar ekendir.

* * *

Okydy bu gazaly kasyt anda,
Köňüle yşk düşdi, jany-tende.

Bu Şähri aşyky kasyt bolupdyr,
Görüň ki Şährige nobat gelipdir.

Bu kasyt hem bolup yşkyň humary,
Bolup Şähri senemiň intizary.

Ki bir sözi kylyp kasyt bahana,
Görüň Şähri bilen boldy janana.

Ýene bir işi görüň kyldy kasyt,
Bu Tahyrdan niçik aýryldy kasyt.

Diýdi Tahyra: «Eý, merdi suhan söz,
Ki bir sözi saňa men eýleý owaz.

Ki siz gidiň, pakyr munda duraýyn,
Nesibäm ne bolar, ony göreýin.

Gije-gündiz durup hyzmat kylaýyn,
Hahy tirik, hahy ölük bolaýyn.

Özüme her jepa gelse göreýin,
Başyma bu garyplygy alaýyn».

Bu söz Tahyra hem andag hoş geldi,
Ki bu Şähri seneme hem joş geldi.

Diýdi kasyda: «Men berdim sözümi,
Halaýyk çyn biliň uşbu sözümi».

Diýdi Tahyr: «Men özüm toý ederin,
Köňüli dyndaryp, mundan giderin.

Oşol toýda  ýasawul mürze Tahyr,
Hakykatlygy onda kyldy zahyr.

Bu toýda köp halaýyk boldy handan,
Jowahyr seçdiler çendan-çendan.

Garaz toý etdiler Şähri senemni,
Bulara tabşyryp Mahym haremni.

Bu kasyt aýş bile eşretde ýatdy,
Bu Tahyr gaýgy külpet bilen gitdi.

* * *

Meýdana giren aşyk, merdana gerek bolsa,
Her jebri sütemlere, şirana gerek bolsa.

Aşyk bolan ärlere ne namysdyr, ne ardyr,
Taşlap neng-u aryny, diwana gerek bolsa.

Her sözi erenleriň hem dürri-göwher bolsa,
Derýaga çümer guwwas, dürdäne gerek bolsa.

Her ýerde görüň aşyk jan çekdi, jepa çekdi,
Janyny berer aşyk, janana gerek bolsa.

Dünýäni telek eýlär, yşk potasyny baglar,
Çille nary dek daýym, mestana gerek bolsa.

Bu sözi, Saýady, aňla, hümmet kemerini bagla,
Gurhan okyban ýygla, hemhana gerek bolsa.

* * *

Gelip Tahyra ýarynyň salamy,
Gidip Mahym golundan wasly jamy.

Duruban ança köp ýyglaşdylar zar,
Eşidenler hemme boldy dilefkar.

Ikisi ýyglaşyp kyldy wadany,
Urar Mahym durup çarhy semany.

Ki Mahym enesi hem çarh urdy,
Başyna gum bile toprak sowurdy.

Kylyp Bagdat ili barça tomaşa,
Bolup kasyt bile Tahyr tomaşa.

Diýdi kasyda Tahyr: «Sen biler sen,
Meniň tedbirimi hem sen kylar sen.

Tiwäniň kaýsysydyr maňa ýoldaş,
Ne diýsem, bolsa ol syryma syrdaş.

Meniň bu jebrime hemrah bolgaý,
Ýene her syryma ägäh bolgaý.

Ýöre diýsem, ýörise, saz bilen,
Meniň dutaryma owaz bilen».

Getirip mündi Tahyr ýagşy janbaz,
Uçar erdi, ýörise misli şahbaz.

Ki bir janbaz idi ol mundan artyk,
Eger haýwan diýmeseň, jandan artyk.

Namaz okyp, rowan boldy şäherden,
Bolup Mahym jyda ol bahry bardan.

Bolup Tahyra onda Hydyr rehber,
Medet kyldy oşol ýolda pygamber.

Ýöridi mähir bilen, «Hak» diýdi bisýar,
Gözünden ýaş akar, köňlünde dildar.

Barar erdi ýol üzre mesti magrur,
Köňlünde yşk ody, golunda tanbur.

Özünde ýok idi hab-u hyýaly,
Hyýalynda nigäriniň jemaly.

Nigäri ýady bilen saz ederdi,
Özi öz sazyna owaz ederdi.

.................................................[1]
Niçe yşk babynda ebýat eýlär.

Bu Tahyra garakçy duş geldi nägäh,
Tutuban bendi eýledi Tahyry nägäh.[2]

Diýdi Tahyr olara arzy halyn,
Özüniň hem ýene Zöhre nigärin.

Bular hem bildiler: aşyk ekendir,
Bu Tahyr Zöhräge laýyk ekendir.

Diýdiler: «Biz bileli aşyk erseň,
Bu yşkyň ýolunda sen laýyk erseň.

Bu yşk şanyna kyl bir gazal ýat,
Eşidibän seni eýläli azat».

* * *

Dostlarym, ol dilberi şirin zyban   bolgaý nesip,[3]
Gözleri jellat sypat, aramy jan bolgaý nesip.

---

[1] Golýazmanyň zaýalananlygy üçin şu setiri okap bolmady.
[2] Bu beýdiň golýazmalarda:
«Garakçy ýol tutup, ýatyrdy anda,
Geliban tutdy, Tahyr boldy bende»
ýaly nusgasy hem bar.
[3] Biziň esas edip alan 129-njy bukjadaky nusgamyzda bu ýerde: «Aşygam, eý dostlarym, janyma janan istärem» diýen setir bilen başlanýan gazal getirilýär. Ýöne ol gazal eseriň başynda eýýäm gelipdi. «Bolgaý nesip» redifli bu gazal 2, 91-nji bukjadaky nusgalarda bar.

Dünýäde bir ýary hemdem tapmadym derdim diýsem,
Käşki, dostlar, maňa ol mähriban bolgaý nesip.

Serwi boýly dilberimden şum rakyp kyldy jyda,
Taňry perman eýlese, serwi rowan bolgaý nesip.

Mutdagylar ýar ile hylwat tutup, söhbet kylar,
Maňa kim ol söýgüli sahypkyran bolgaý nesip.

Eý, Saýady, takdyry Hak özge bolmaz, gam iýme,
Gop, säherler ýyglagyl, ahyr iman bolgaý nesip.[1]

* * *

Eşitdiler, eýse, Tahyr sözüni,
Pida kylar bular barça özüni.

Goýberdi olar kylmaý zerer hiç,
Ýamanlyk bolmady zerre eser hiç.

Olardan ötdi Tahyr, sordy ýoly,
Garawul dek garap ol oň-u-soly.

Göründi alnynda nägäh sypahy,
Çykardy janyndan Tahyr bir ahy.

Ýakyn ýetdi ki gördi ol dili zar,
Barysy ata bizar, ene bizar.

---

[1] Bu beýt 91-nji bukjadaky golýazma nusgada:
«Eý Saýady, kysmatyga razy bolgul, gam iýme,
Gop säherler ýyglagyl, saňa iman bolgaý nesip»
görnüşinde gelýär.

Bular geliban Tahyry tutdy,
Garyp biçäre hunaba ýuwtdy.

Görüp Tahyry barça boldy haýran,
Gözünden ýaş akar synasy birýan.

Diýdiler: «Bu ne haldyr, bu ne reftar,
Ki sen ogrumy sen, ýa aşyky zar?».

Jogap berdi olara bende Tahyr,
Bary halyn olara kyldy zahyr.

Diýdi: «Men bir garyp diwanadyr men,
Bu Tatar ilinde bigänedir men.

Düşüpdir köňlüm içre däneýi yşk,
Bolup men dostlarym diwanaýy yşk.

Bu yşk köýünde köýen binowa men,
Garyb-u bikes-u misgin geda men.

Huda kyldy meni hemhanaýy yşk,
Kylypdyr mübtela dürdäneýi yşk.

Ki bir mahparanyň boldum gedasy,
Meni köýdürdi ol bilsin jydasy.

Bu derde ýedi ýyldyr men giriftar,
Köýer men, örtener men zary efkar.

Jemalyn göreli tapmaý bahana,
Ýörer men yşk odunda ýana-ýana».

Diýdi Tahyr bu sözleri tamamy,
Bular ýyglaşdylar her has-u a:my.

Diýdiler: «Biz eşitdik jümle dadyň,
Huda bersin ýigit barça myradyň.

Bu yşkdan sözle bir gazal bary,
Ki senden bize galsyn ýadygäri».

* * *

Dostlarym, mejruh bolup men ýardan aýrylgaly,
Bilbili şuryda men gülzardan aýrylgaly.

Gam beýewanynda galdym teşne leb, eý-a, dostlar,
Howzy köwser sakasy muhtarydan aýrylgaly.

Eý, musulmanlar, meniň halym perişandyr, besi,
Mähribanym, muşfykym, gamhordan aýrylgaly.

Käşki bady saba ýetirse arzy halymy,
Razy dili zar men dildardan aýrylgaly.

Gul Saýady, yşk sährasynda sergerdan erer,
Ol ki piri könedir ensardan aýrylgaly.

* * *

Bu sözden oldular barçasy ülpet,
Ulug-kiçik barysy berdi rugsat.

Ýene ýola girip, boldy rowana,
Ýene şowk ody bilen köýe-ýana.

Köýer yşk oduna perwanalar dek,
Kylar joş-u huruj diwanalar dek.

Ýene öz-özünden hem joş ededir,
Gähi ýyglap, gäh özünden gidedir.

Nowasy uşbu erdi binowanyň,
Dilegidir Hudadan dilrubanyň.

Diýr erdi: «Eý, Hudaý-a her du älem,
Ýaratdyň Adama Howany hemdem.

Olardan sen meni hem bar kyldyň,
Esir-u, bikes-u, hem zar kyldyň.

Eziz etdiň ki men yzzatda boldum,
Garyp etdiň özüň, gurbatda boldum.

Ne ýazdym, ne ýaňyldym? Har kyldyň,
Pyrak ody bilen bimar kyldyň.

Meniň şem oduna örtendi janym,
Tenimde galmady ruhy-rowanym.

Meni bir dilrubaga ýar kyldyň,
Esir-u bikes-u hem har kyldyň.

Kiçilikden bäri çekdim jepany,
Ki imdi görsem ol ýardan wepany.

Nesip etgil jemalyny göreýin,
Diýiban arzymy, halyn soraýyn.

Tanapyn dart bu ýeriň şol zamany,
Wysalyn görset ol jan mähribany.

Ki bir gijede ol menzile ýetir,
Meni zyba senem-hemdeme ýetir.

Säher wagtynda görset maňa ony,
Goşulsyn uşbu ten ruhy-rowany.

Kylar Sen, barça müşgili Sen asan,
Ki Senden özge ýok derdime derman».

Bu sözleri diýdi, ýöridi bir dem,
Görer alnynda bir dagy muazzam.

Ki bu ýol dag arasyndan öterdi,
Ne kim kerwen gelip ötüp giderdi.

Bu Tahyr gelip ýol başyga, ötgeý,
Ki bu dagdan ötüp menzile ýetgeý.

Görüň dag birigip boldy giriftar,
Ýörir ýoly ýok erdi galdy naçar.

Diýdi Tahyr: «Daryg-a kysmatym bul,
Ki bu dag içre galdym tapmaýyn ýol.

Ki bu dag içre ölsem bir garyp men,
Gyzyl gül dek soluban sargaryp men.

Garyp ölse, kişi bolmaz gaşynda,
Garyp ölse, garyp ýyglar başynda.

Garyp men ne ata-ýu, ne enem bar,
Ne halk-u, ne hyş-u, ne tagna agýar.

Garyp men, bir salam aýdar kişim ýok,
Töwekgelden täki özge işim ýok.

Garyp gaşynda käşki ýary  bolsa,
Ne armandyr, eger her ýerde ölse.

Garyp bu dünýäde barmy meniň dek,
Garyplykda öler men telbeler dek.

Garybyň üstünden ötmez şemaly,
Oňa zerreçe ýetmez arzy haly.

Garyplary garyp kylan Hudadyr,
Garyby binesip kylan Hudadyr».

Diýdi bu arzy halyny sabaga:
«Salam ýetir diýip ol merhabaga.

Ki menden bir salam oňa ýetirgil,
Ki ondan bir peýam maňa getirgil».

* * *

Saba, meniň salamymy nigärime ýetirgeý sen,
Meniň bu arzy halymy nigärime ýetirgeý sen.

Görer sen, uşbu halymy, götermez sen webalymy,
Meniň hab-u hyýalymy nigärime ýetirgeý sen.

Men onuň birle äht etdim, göýä maksadyma ýetdim,
Ki gözden ýaş nisar etdim, nigärime ýetirgeý sen.

Bile bilmen günähimi, tapmaz men dagda ýolumy,
Meniň bu arzy halymy nigärime ýetirgeý sen.

Görüban bu Saýady gul, tapyp her manydan bir ýol,
Ki görseň, gözi daýym öl, nigärime ýetirgeý sen.

* * *

Bu dagyň şanyna hem niçe ebýat
Okyp, kylar bu ýalňyzlykda perýat.

Ki ýyglap diýdi: «Eý, seňňihara,
Ne kyldym men saňa, misgin biçäre.

Garyplara rehim kylsaň ne bolgaý,
Kişi ýokdur meniň halymy sorgaý».

Garyplara rehim kylmady daglar,
Garyp ötse, garyp ýoluny baglar.

Garyp ölse, garyp bagryny daglar,
Garyp ölse, garyp halyna ýyglar.

* * *

Eger tuhfa diýseň, ýok jandan özge,
Bu ýerde hiç kişi ýok menden özge.

Meniň emrimde ermes, jany bersem,
Maňa arman imes janany görsem.

Niýet kyldym oşol janany görsem,
Oňa şükürana janymy bersem.

Hudawenda oşol maksada ýetir,
Meniň halymy ol mahbuba ýetir.

Menem mahluk-u, dag hem mahlugyňdyr,
Ne hetdir bendäge matlup seniňdir.

Diýdi kim: «Eý-a, dag, Taňry hakyndan,
Muhammet Mustapanyň hormatyndan.

Zemin-u asman-u arşy hakyndan,
Ýene ol lowhy mahfuz nagşy hakyndan.

Umydyň bolsa ýary ba sapadan,
Kyýamat gün ol ähdi biwepadan.

Umydym köpdür Taňry rehmetinden,
Muhammet Mustapanyň şyfkatyndan.

Meni biçäräge sen ýol berer sen,
Göýä jennet içinde gül berer sen.

Mynajat kyldy erse ol Hudaga,
Bu dag kim açylyp, ýol berdi oňa.

Hudaga bir mynajat etdi Tahyr,
Bu dag açyldy-ýu ýol boldy zahyr.

* * *

Seniň ýadyň bilen her ýerde men, rehm eýle eý, Allah,
Senden özge ýok hemdem, ki Sen-Sen hemdemim Allah.

Pida eýleý Saňa janym, ki Sen-Sen ýary pynhanym,
Ata kyl maňa imanym, degil köňlümde gaýrullah.

Kylyp möminlere hyzmat, mukym olsa tiläp hümmet,
Yşarat eýlese sälige, ki mömin köňli beýtullah.

Niçe bagrymy gan etsem, kamug syrryn nahan etsem,
Ki ýüz ahy-pygan etsem, diýsem her lahza şähdullah.

Saýady näumyt olma, Onuň bahry muhytyndan,
«Ezim lätaknatu» diýdi medet ger kylsa jan Allah.

* * *

Bu dag arasyndan ötdi bolup şat,
Bu Tahyr gaýgylardan boldy azat.

«Huda» diýp, düşdi ýola, boldy aram,
Ki Tatar şährige baglady yhram.

Ýene ýola girip, andag ýörerdi,
Tiwäni ýol bilen tiz-tiz sürerdi.

Hudaýym ol zaman kyldy enaýat,
Säher wagtynda dogdurdy sagadat.

Göründi şähri Tataryň garasy,
Haýal etmäge ýokdur majerasy.

Weli, hiç saklamaýdyr gözde ýaşyn,
Berip ýol üstünde tiwäniň aşyn.

Iýmek üçin tiwe boýnun uzatdy,
Tiwäniň şanyna Tahyr söz aýtdy.

Diýdi Tahyr ki: «Hemrahym bolar sen,
Meniň köňlümdäki syrym biler sen.

Ajaýyp iztirabyň uşbu ýolda,
Meseldir kim aşygyň başy golda.

Meniň başym durar Zöhre ýolunda,
Öledir men pyrakynyň çölünde.

Seni goýsam eger bir lahza otga,
Ýete bilmen bu gün uşbu talapga.

Ýene bir niçe pursat kyl kanagat,
Ki ýetgeý men nigärime salamat».

Bu söz bilen tiwesi ýola girdi,
Gadamyn tiz ädip, ýyldam ýügürdi.

Karary galmady girdi şähere,
Ki sabry ýok enesine barara.

Girip derwezeden boldy rowana,
Köňlünde şükür edip aýdar terana.

Baryp köşk işiginde tiwe çökdi,
Düşüp, tiwe ýüzünden sypap, öpdi.

Tiwäni goýdy-ýu ýokary çykdy,
Bu köşk hüjrelerini gördi-bakdy.

Görer, bir hüjrede ýatyr dükana,
Görüban urdy ahy aşykana.

Onuň ahyndan oýanmady Zöhre,
Bu Tahyr almady Zöhreden bähre.

Pygan eýledi Tahyr: «Eý, şahy yşk – diýp,
Meni biçäräge hemrahy yşk» diýp.

Yrakdan gelenim sen ýar üçindir,
Jepalar çekenim sen ýar üçindir.

Seniň yşkyň meni diwana kyldy,[1]
Seniň yşkyň meni efsana kyldy.

Seniň yşkyň garyp etdi meni, ýar,
Seniň yşkyň ýesir etdi meni, ýar.

---

[1] Golýazmalarda bu setiriň «Seniň yşkyň meni weýrana kyldy» ýaly nusgasy hem bar.

Seniň yşkyňda gördüm köp jepany,
Ki görgeýmenmi indi bir wepany?

Başyňy göterip, gör binowany,
Seniň yşkyňda köýen mübtelany.

Nigärim näz eýläp, köp ýatmagyň ne?
Meni görüp, tagapyl etmegiň ne?

Gop imdi wasl jamyny getirgil,
Meni teşnäge sen bir dem içirgil.

Pyrakyň teşnesini sirap kylgyl,
Bu zulmat gijesini mahtap kylgyl.

Meni müflis ki bir misgin geda men,
Seniň yşkyňda köýen mübtela men.

Ki ýedi ýyl erer yşkyňda eý, jan,
Jepa dartdym weli galmady arman.

Ki gamgyn köňüller imdi bir dynsyn,
Kast etgen kişiniň ki boýny synsyn.

Ki imdi wagtydyr sen dilşat bolsaň,
Araga wasl jamyny getirseň.

Eger dostlar eşitse şat bolsun,
Bary gam elinden azat bolsun.

Eger duşman eşitse kör bolsun,
Gam-u gussa bilen pürşor bolsun».

Ki ahyr bu gazaly kyldy binýat,
Bu sözi aýdyban ol boldy dilşat.

* * *

Dostlarym, men bu gün gördüm ol ruhy gülpamy,
Ýüzüniň eksi meger hurşyt eýlär jamy.

Jamy meý tutgul nigärim, men bu gün bir jam içeý,
Bil ganymat uşbu güni, ötürmegil bu eýýamy.

Tiri yşkyň degeli janyma eý, şirin lyka,
Bes ki ryswa eýledi, hijriň meni betnamy.

Lutf edip kylgyl kerem eý, patyşahy husny sen,
Ruzy enwer dek kylar lutfuň garaňky şamy.

Bu kaddy kamatyň görüp, galdym çün hijran şamynda,
Sahypa içre okydym, gördüm elib-u lamy.

Mundag eşreti rowa görmez maňa bu zaly dun,
Eý, Saýady, kylmagyl uşbu hyýaly-hamy.

* * *

Okyban bu gazaly urdy bir ah,
Munuň ahyndan ol gyz boldy ägäh.

Okyp ýyglaýdyr ol, zary kyladyr,
Gäh özünde, gäh özünden gidedir.

Gözün açyp görer ol ýary hemdem,
Düşüp göz ýaşyndan ýüzüne şebnem.

Gözi düşdi, tanydy Tahyryny,
Çykardy derdi ahy zahyryny.

Gopup, ýyglap gujaklap diýdi: «Eý, jan,
Kylaý janymy men janyňa gurban.

Köňle salma owaz, gop diýip, eý, ýar,
Hyýalymda gelip gaşyma agýar.

Kyladyr ol maňa köp mähribanlyk,
Seni bilmedim eý, ýary wepalyk.

Meniň derdime sendir sen wepadar,
Ki senden özge ýokdur hiç bir gamhor.

Geçip men jümleýi aýşy tarabdan,
Ýatyr men öz-özümden ahy her dem.

Kişi bilmez ony, eý, ýary hemdem,
Kylar men öz-özümden ahy her dem.

Seniň derdiňi kyldym werdi owkat,
Kylar men hijr elinden ahy perýat.

Köýüp kaknus kibi men öz-özümden,
Döküp hunaba ýaş iki gözümden.

Kabul bolgaýmy diýp ahy sähergäh,
Garap ýola urar men dembe-dem ah.

Seniň ýarym wysalyňda hyýalym,
Tenimde galmady zerre mejalym.

Weli waslyň kylar erdi tejella,
Diýr erdim ýetir seni maňa Möwla.

Şükür lillah ki Hak kyldy miýesser,
Mukadder hatyrym boldy münewwer».

Söýünenden okyp öten gününi,
Niçe ýyl başa düşen müşgilini.

* * *

Men seniň hijriň bile bimar boldum, eý, habyp,
Hem ýene lagly lebiňden zar boldum, eý, habyp.

Jümle eşretden köňül üzdüm lebi laglyň görüp,
Hanymanymdan geçip bikär boldum eý, habyp.

Dert çoh hem dert ýok kylmaz dowaýy kim maňa,
Bes eziz erdim burunrak har boldum, eý, habyp.

Her niçe men jäht edip, waslyňy kyldym jüsteju,
Ýar istäp, hemdemi agýar boldum, eý, habyp.

Nalaýy zary kylyp, köýdi bu janym gam bile,
Pyrkatyň ody bile efkär boldum eý, habyp.

Nägehan goýduň gadam bu beýti ahzanyma sen,
Misli bilbil tabygy gülzar boldum, eý, habyp.

Gul Saýady, hasta dil kyldy mekan weýranany,
Ýar wysalyn yzlaýyp, attar boldum eý, habyp.

* * *

Iki aşyk goşuldy bir-birine,
Habar ýetdi ki bul gyzlaryna.

Gonup bilbil gülüstanyň gülüne,
Ýene hemdem bolup öz bilbiline.

Bu bilbil zowk edip uçup gonadyr,
Ki bu öten jepalardan dynadyr.

Açylyp reňbe-reň bu gunça gül-gül,
Salyp boýnuna golun misli sünbül.

Ki gaş-u gözlerin kyldy terezu,
Bu gije bir-birinden gandy arzuw.

Daň atynça kylyp maksady hasyl,
Ne arman bar idi dyndardy köňül.

Pelegiň boýny syndy, ýetdi döwran,
Köňülde galmady bir zerre arman.

Bolup ol gije göýä ki ýeldan,
Howadan ýagdy ýagmyr misli neýsan.

Jezire erdi, göýä gül açyldy,
Sadapdan dürri galtanlar saçyldy.

Bu sözüň manysyna ýetdi akyl,
Ki etmeý şanyň sözüni makul.

Ki ahyr bir gazal Tahyr kylyp ýat,
Niçe beýt aşykana kyldy ebýat.

* * *

Guý eý, saky sabuhdan jamy waslat,
Getirip sungul, bize ýetdi nobat.

Ki sabyr öýünde bize ýetdi döwran,
Ýar ile kylgaly bir aýşy-eşret.

Bu dünýäni egerçe tutdy küffar,
Çün basdy barynyň gözüni gaflat.

Gel, ýar bolup indi çykaly gamdan,
Köňülde galmasyn renji muşakgat.

Bu köşk üzre çykyp, kylyp terana,
Ki bir döwran sürüp, tutaly söhbet.

Çekdik ki bes hem bu köp jepany,
Bir jana rowamy munça mähnet?

Ki gül niçe şegüfte bolsun imdi,
Açyl gözelim ki ýetdi nobat.

Açylsa gerek bu bagy bossan,
Çendan ki ýagar bu aby rehmet.

Çün patyşah sen, pakyr geda men,
Ki şahzada kylar gedaga şyfkat.

Alnyňda Saýady bende bolsa,
Häki gadamyňda bir eýle türbet.

* * *

Söýünip, ýyglaban aýdar ki: «Eý, jan,
Şükür lillahy Taňry kyldy perman.

Hudanyň emri birle kim goşuldyk,
Pelek işkalyndan imdi işildik.

Tutaly uşbu demi biz ganymat,
Tükendi mähnet-u bes geldi döwlet.

Oşol gün ki jemalyň gördüm, eý, jan,
Wysalyň şemine örtendim, eý, jan.

Pyrakyň derdinde dermende boldum,
Jemalyň görmäge armanda boldum.

Gije-gündiz pyrakyň zor kyldy,
Wujutym şährini pür şor kyldy.

Tutaşdym yşk oduna sönmedim hiç,
Pyrak awusyn içdim, ganmadym hiç.

Seniň yşkyň ýüregimde ýakyldy,
Muhabbet ragdy janyma çakyldy.

Pygan etsem halaýyklar güledir,
Ki menden ötenin Taňrym biledir.

Pygan etsem köýedir tende janym,
Köýüban tuda boldy istihanym.

Ki sabry pişe kyldym ahyry kär,
Zeruratdan ýöredim munda naçar».

Bu sözleri diýban ebýat okydy,
Bu söz üstünde erdi daň ýarydy.

* * *

Pyrakyň oduna köýdürdi bu yşk,
Jemalyň şemine ýandyrdy bu yşk.

Ki hijr ile hazan eýläp baharyn,
Çyragy jismimi söndürdi bu yşk.

Sunup erdi pyýala bize saky,
Alar-almaz idim sundurdy bu yşk.

Tebessum birle eýläp bir kelamy,
Dil-u janym tamam öldürdi bu yşk.

Içim-daşym pyrak oduna daglap,
Gam-u gussa bilen köýdürdi bu yşk.

Pyrakyň deştinde leb teşne boldum,
Gara ganyma kim gandyrdy bu yşk.

Saýady – bende, gurban gül ýüzüňe,
Gyzyl gül dek ýüzüm soldurdy bu yşk.

* * *

Munuň dek razy dil diýmeý daň atdy,
Pakyr biçäreler hunaba ýuwtdy.

Ki ýagny görse bir öý gyzy nägäh,
Olaryň agzyndan eşitse ol şah.

Ne kylgaýmyz diýiban, ýyglaşarlar,
Ýürek bagryny oda daglaşarlar.

Ki ahyr kyldylar bir pikri sandyk,
Salyp Tahyry oňa agzy gulpluk.

Mysaly görenini görmegen dek,
Lebinden şähdi şeker datmagan dek.

Ýene ol hüjresinde ýeke ýalňyz,
Urar halk gözüçe ahy jiger suz.

Ki gündizler gadymy mähnetinde,
Gije bolsa özüniň eşretinde.

* * *

Görüň, Zöhre hyýaly-ham kyldy,
Bu eşret gündizini şam kyldy.

Bar erdi bir enekesi gadymy,
Weli bisýar erdi onuň pähimi.

Bu erdi Zöhräniň içki nedimi,
Oňa aýdar idi kim her gamyny.

Ynanyp syryn oňa kyldy yzhar,
Çera ki, ol idi Zöhräge gamhor.

Diýdi: «Käbäm enem, puşty-penahym,
Afu kyl hyzmatyňda bu günähim.

Ki senden bihabar ýördüm ýaňyldym,
Eger ýazdym ýene alnyňa geldim.

Bu gün derdi dilim dermany geldi,
Gurygan jismimiň hem jany geldi.

Muşakgat gündiziniň güni batdy,
Parahat gijesiniň daňy atdy.

Gara bagtym oýandy ukusyndan,
Gutulaýyn halaýyk gülküsinden.

Geňeş nädir, eý-a, gyzlar seresi?
Düşüpdir goluma bir Aý parasy.

Gelipdir mürze Tahyr ne kylar sen?
Ne kylsaň, sen kylar sen, sen biler sen.

Ki bilmezmiz nädir kim majerasy,
Ne bolar imdi bu iş majerasy?

Biz ikimize boluň imdi rehber,
Kylawer ikimizi imdi perwer.

Durupmyz hyzmatyňda iki aşyk,
Garyplarmyz, kylawer mähribanlyk».

Enekesi diýdi kim: «Hoş gelip sen,
Bu zulmatdan ýaruglyga çykyp sen.

Ony gündiz maňa ber ýaşyraýyn,
Gije bolsa özüňe tabşyraýyn».

Bu söz ikisine ki boldy makul,
Kylyp ikisi Taňryga töwekgel.

Ki gündiz bolsa Tahyry beredir,
Gije bir ýerde söhbeti kyladyr.

Niçe günler munuň dek ötdi pursat,
Kylyp bir-birine yzzat-u hormat.

Enekesinde hem bir piri zaly,
Ýörerdi hyzmatynda mahy-saly.

Ne syr bolsa oňa aýtmaz idiler,
Bu syry kim oňa bildirmediler.

Diýr erdi köňlünde: «Ol şahga aýtsa,
We ýa hemsere aýtsa, eşitse.

.........................................[1],
Ýaşyrdylar any ortaga alyp,

.Bularyň syryndan zal erdi ägäh,
Ki şeýtan kyldy ol melguny gümrah.

Gudrat tutdy bul köňlünde bisýar,
Bolup Tahyra zal ol ýerde agýar.

Ýok erdi ol gün eneke öýünde,
Seýilgäh erdi derýanyň boýunda.

Bary öý gyzlary hem baryp erdi,
Bu öýde piri zaly galyp erdi.

Gelip ol piri zal Tahyr gaşyna,
Ne günler saldy Tahyryň başyna.

Diýdi: «Saňa ýetermi uşbu işler,
Başyňa ýagdyryn dag-u-daşlar.

Bilermen gündizi munda geler sen,
Gijeler baryban eşret kylar sen.

Seni soltana aýdyp soýduraýyn,
Bu duran ýerleriňi köýdüreýin.

Maňa sen bir günäkäri mekir sen,
Ýok erse maňa bir ebýat okyr sen.

[1] Golýazmanyň zaýalananlygy üçin şu setiri okap bolmady.

Ki ahyr okydy Tahyr bu ebýat,
Bu sözleri ajaýyp etdi binýat.

* * *

Sözi bilip sözlegenler, hup biler söz gadryny,
Parhy ýok köp sözlegenler, nä biler öz gadryny.

Bagy-bossan gadryny bilmez ki her zag-u zagan,
Bilbili şeýda biler gülzar, gül, ruz gadryny.

Jany-janawerler uçar, her haýsy öz wagtyn bilip,
Toty biçäre biler, saýrarda nowruz gadryny.

Her kimiň başyna düşmeý bilmez gamyň lezzetin,
Kim garypdyr ol biler kim ah-u dilsuz gadryny.

Kyldylar çäräm nedir her möhräni göwhere deň,
Ary, ary bilmediler lagly firuz gadryny.

Ýat bile ýördüň, Saýady, bilmediň halk gymmatyn,
Akyl-u dana biler hem ýat, hem öz gadryny.

* * *

Bu sözleri bile zal boldy dilşat,
Iberdi köňlündäki gamy berbat.

Bu Tahyr uşbu ýerde galdy hylwat,
Ki nägä geldi bu köňlüne külpet.

Diýdi: «Eý, patyşahy her du älem,
Ezelden eýlediň bu gama mährem.[1]

Ne söwdadyr meniň başyma saldyň,
Berip yşka höwes aklymy aldyň.

Ki mende galmady bir zerre namys,
Bary halk içre boldy türpe mäýus.

Meniň deňim bary oýnap güledir,
Ýörüp halk içre kim her ýan baradyr.

Ne kyldym men munuň dek zary efkar,
Ýatyr men ýüz tümen gama giriftar.

Garaz bu janda bolsa jan Seniňdir,
Ýok erse derdime derman Seniňdir.

Ki senden özge ýok puşt-u penahym,
Guluň men, kylma şermende, Ylahym.

Ki berer sen meniň derdime derman,
Myrada ýetmeý ölsem galar arman.

Ki mende ne ata-ýu, ne ene bar,
Ne hyş-u akrabadan zerre ahbar.

Niçik gama salyp Sen, Sen salyp Sen,
Hemme sabry-kararymyz alyp Sen.

---

[1] Golýazmalarda bu setiriň: «Hemme äleme Sendir-Sen müsellem» diýen nusgasy hem bar.

Kylar men özüňe her dem tөwekgel,
Köýüp hijr oduna kyldym tahammyl».

Okydy Taňryga uşbu senany,
Dilemedi Hudadan uşbu jany.

Okyp uşbu gazaly ýat kyldy,
Pygan-u nala-ýu perýat kyldy.

* * *

Meni biçäreler kylan Özüňsiň,
Jahan awaralar kylan Özüňsiň.

Sunup saky maňa şerbet ezelden,
Meni mestanalar kylan Özüňsiň.

Salyp başyma bu yşkyň höwesin,
Ýene diwanalar kylan Özüňsiň.

Ýakyp yşk oduna janymy herdem,
Meni perwanalar kylan Özüňsiň.

Ol şondag aşnadan men gedany,
Besi bigäneler kylan Özüňsiň.

Saýady, derdime derman Özüň kyl,
Ony dermendeler kylan Özüňsiň.

* * *

Diýdi Tahyra Zöhre: «Nury dide,
Enem gelsin diýgeý, syrymyz onda.

Bu syry sen eşit, geňeş edeli,
Bu zal işini soňra bitireli».

Bu sözüň üstünde eneke geldi,
Bu sözüň manysyn eneke bildi.

Diýdi Zöhräge kim: «Eý, nury dide,
Ki gam oduna sen bolduň piçide.

Bolup ol piri zaly guly betkär,
Görüp Tahyry ol bolupdyr agýar.

Niçik bolgaý bu iş tedbiri imdi,
Geler tawfyryň taksyry imdi».

Diýdi Zöhre enekesine: «Eý, ýar,
Baryp sen bermegil Tahyra azar.

Baryp biçäräni sen mundan getir,
Bu misgin tenni kim ol jana ýetir.

Ki bir dem oturaly hoş-u hoşwagt,
Ötüp eşret, geler imdi muşakgat.

Eneke çarlady çün geldi Tahyr,
Bu öten müşgil işni kyldy zahyr.

Ikisi oturyp raz aýdar erdi,
Ikisi razy demsaz aýdar erdi.

Ki ahyr çarlady öý gyzlaryny,
Bary hyzmatdaky kenizlerini.

Barysy gördüler Tahyr ýüzüni,
Bary bir ýerde goýdular sözüni.

Diýdiler: «Barça ahyr ölgeýmizdir,
Gülüstanda hazan dek solgaýmyzdyr.

Ölüm gelinçä bir eşret kylaly,
Ne kysmat kim bolar soňra göreli».

Diýdi Zöhre ki: «Ol kim eşretimdir,
Meniň alnymda olsa döwletimdir.

Getiriň munda uşbu piri zaly,
Ne wajypdyr oňa diýgeý bu syry.

Getirdi piri zaly biwepany,
Iki aşyk janyna pür jepany.

Ony tagtaga alyp gyýma kyldy,
Buýrup derisini tasma kyldy.

Diýdiler: «Indi ölsek galmaz arman,
Görermiz Taňrydan bize ne perman.

Eger öldürseler kysmatymyzdyr,
Ezelde aşyga nisbetimizdir.

Eger ölsek çün merdana olaly,
Bir, iki güne mestana bolaly».

Garrynyň işin bitirip barysy,
Geňeşip barça hem ýaş-u garrysy.

Ki çarladyp barça sazandalarny,
Gazal gygyrgyjy azadalarny.

Gurup köşk üstünde müň şadyýana,
Belent kakdyrdylar ýüz tebil ýene.

Bary sazanda durup saz ederdi,
Gazalhonlar ona owaz ederdi.

Bularyň zowkuny ol şah eşitdi,
Olaryň eşretine şükür etdi.

Diýdi: «Tahyryň söwdasyn unutdy,
Gyzgyn mährini Tahyrdan sowutdy».

Özi hem çagryban, kyldy toýy,
Ki soýdurdy ýüz at-u, ýüz koýy.

Halaýygy ajaýyp kyldy magmur,
Nagara çaldyryp, surnaý-u tanbur.

* * *

Bu şanyň hem habary ýok bulardan,
Bularyň hem habary ýok olardan.

Bu soltan bilmedi gyzlaryň pikrin,
Bu gyzlar bilmedi soltanyň mekrin.

Bu mekr-u hile bilen toý boldy,
Nikah etmäge güfteguý boldy.

Bu han etdi nikah Gara adyna,
Gulak salyň Hudanyň sungatyna.

Bu gyz etdi nikah Tahyr adyna,
Şükür kyldy, goşuldy öz zatyna.

Şerigat hökmüni bitirdi berjaý,
Bu soltan kylany barçasy bijaý.

* * *

Niçe öý gyzlary begzadalara
Bukup, bu syry bildirdi olara.

Habar ýetdi bu gyzlaryň işinden,
Eşitdi barça gyzlar geňeşinden.

Hemme ten berdiler gyzlar işine,
Bu gyzlar berdi ten soltan işine.

Niçe gün uşbu döwran birle ötdi,
Halaýyk bildi, soltan hem eşitdi.

Höküm kyldy ki soltan: «Aňlaňyzlar,
Eger bir tutsaňyz hup baglaňyzlar.

Jyda uçrasa munda getiriňler,
We ger bolmasa tutup öldüriňler».

Hakykat bildi soltan hal nedendir,
Bu gowganyň içinde kal nedendir.

Bu kylan işinden kyldy puşeýman,
Ne kylsyn tapmady derdine derman.

Getirdi alnyna jellatlaryny,
Ki ýygdyrdy hemme begzadalarny.

Emr kyldy kim soltan: «Tiz baryňlar,
Tutuban kim ony alyp geliňler.

Olara[1] bu dogany ýetiriňler,
Tutup agzaz birle getiriňler.

Kasam ýat etdi kim ol ýerde soltan,
«Diri goýsam olary, tapmaý iman.

Enaýat bolsa Hakdan zinde bolsam,
Galar arman ony öldürmeý ölsem.

Olar maňa munuň dek pent edipdir,
Habarym ýok, olar iş bitiripdir».

Eşidip uşbu sözi niçe begler,
Gelip pendi-nesihat köp diýdiler.

[1] Golýazmalarda bu sözüň «Gyzyma» nusgasy-da bar.

Eşidip begler uşbu sözüni,
Geňeş birle ara saldy özüni.

Diýdiler barça: «Eý, soltany dawer,
Barymyza erer sen şahy serwer,

Bu Tahyr bile Zöhräni aýyrma,
Iki gül-gunça şahany gaýyrma.

Ezeldendir bularyň yşky eý, şah,
Görermi sen bu ne takdyry Allah.

Akar derýa içinde gark boldy,
Hyýal etdik barymyz: Tahyr öldi.

Bilermi [sen] kaýu ýerlere baryp,
Ne hikmetler bile ony çykaryp.

Ony bu ýere getiren Hudadyr,
Sebäpler bile ýetiren Hudadyr,

Ki asla ýok idi, bar kyldy,
Ikisini bir-birine ýar kyldy.

Ýene hem kyldyň özüň ähdi peýman,
Okyp “Fatyha” Bahyr bile çendan.

Kişi ýar bolsa ähdinden dänermi?
Gylyç başyna gelse,ol ýanarmy?

Aýyrdyň sen, ýene goşdy Hudaýym,
Goşubergil ikisin patyşahym.

Behiştiň miwesin iýip sap bolgul,
Içip köwser suwun sirap bolgul».

* * *

Röwşen-u päkize-ýu hub-u ajap jaýdyr behişt,
Iki älemde makamy ähli yrfandyr behişt.

Bar imiş dowzah içinde bendäge dürli azap,
Ýok azaby hiç onuň gullara janandyr behişt.

Hak tagala hoş ýaratdy jawydan dar-es-salam,
Howzy köwser şerbeti-ýu bagy ryzwandyr behişt.

Çyn guluna Hak ýaratdy belki jennet-in-nagym,
Çün tanaggum aýş-u näz-u hüýri gulmandyr behişt.

Suraty ynsan içinde köp weli haýwan sypat,
Menzili haýwan imesdir jaýy ynsandyr behişt.

Adamy köpdür, Saýady, ýörmüş özünden bihabar,
Bes tafahhus kyldym erse, bagy-bossandyr behişt.

* * *

Eşitdi şah bu sözi boldy gamgyn,
Buýurdy, diýdi: «Begleri kylyň kyn.

Ne sözleri maňa aýdadyrlar köp,
Barynyň başlaryny eýläýin top».

Ki ahyr barça begler arz kyldy,
Barysy hanynyň pyglyny bildi.

Diýdiler: «Kysmaty Hak özge bolmaz,
Huda bilgen işini bende bilmez.

Oňa kysmat ezelden bolup erdi,
Onuň peýmanasy hem dolup erdi.

Onuň üçin bu iş boldy bahana,
Olardan galdy bu bize nyşana».

Pakyr Tahyry eýläp bendi mazbut,
Bu Tahyrdan gidipdir imdi bähbut.

Ikisini aýyryp bir-birinden,
Ki her kim gaçdylar ýerli-ýerinden.

Alyban bardylar kim, hanlaryna,
Ki galdylar garyplar ganlaryna.

Ki boldular rakyplar şady-horram,
Weli bu ikisinde ýüz tümen gam.

Pelegiň elinden Tahyr kylyp dat,
Gazalyn okydy-ýu kyldy perýat.

* * *

Pelek kyldyň bes-u jebri jepany,
Ki senden görmedim hergiz wepany.

Ne kasdyň bar maňa, eý, zaly dun kim,
Aman bermeý jepadan bir zamany.

Geçip men jümle esbaby tarapdan,
Dilemez men bu gün senden amany.

Jepa bilen bu gün sen efkar kyldyň,
Mugazzam eýlediň ol biwepany.

Mebada gam elinden çaha düşsem,
Bu gün ol delwi – täjir dan kany.

Gel, imdi bu pelekden şikwe kylma,
Saýady, taşlagyl uşbu howany.

* * *

Gel, eý, Saýady, ýok dünýä wepasy,
Ki ahyr uşbudyr dünýä jepasy.

Tutup getirdiler Tahyry onda,
Durup şah alnynda ol misli bende.

Diýdi soltan: «Bu dünýäde ne gördüň,
Bu derýadan çykyban kaýda ýördüň?

Sebäp ne boldy, ki derýaga düşdüň,
Ki bu şähr ählinden sen aýra düşdüň.

Ýadyňdan çykdymy sen ýene geldiň,
Ki hiç kim kylmagan işlerni kyldyň.

Bu söwdada öleriň bilmediňmi?
Bu janga zerre gaýgy kylmadyňmy?

Nä gördüň uşbu dünýäde, nä etdiň?
Diýgil sen, imdi öleriňe ýetdiň».

Bu sözleri diýdi soltan ki oňa,
Ynanjy galmady Tahyryň jana.

Ki Tahyr görgenin yzhar kyldy,
Ki yşkyň şerbeti efkar kyldy.

* * *

Şah-a, niçik karar eýleý ki munda bir peri gördüm,
Men onuň yşkynda her dem özümi ser-seri gördüm,
Ki derýa bagryga düşdüm, ajaýyp göwheri gördüm,
Bu gaş-u gözün özüme mähraby, münberi gördüm,
Jahany seýr edip hüýr-u peri serweri gördüm.

Daryg etmän guluňyzdan terehhüm hem enaýaty,
Meniň bu hassa köňlüme bu dem salmaň jerahaty,
Gije-gündiz dileýürmen Hudaýymdan sagadaty,
Ki dep eýläp tamyg odun, Özi bergeý kanagaty,
Kişi kim ähdinden ýansa, işini mudbiri gördüm.

Hudany bir bilen adamda ol doly amal bolsa,
Nä kim özün kylyp saýyl meniň dek bijedel bolsa,
Bu nebsiň ýoluna girip, ki şeýtany halal bolsa,
Kişi alym bolup okyp, onuň dek biamal bolsa,
Eý-a, dostlar, sährasynda ki bir eshary gördüm.

Ganymat tutmady, gapyl çün ötürdi haýatyny,
Weli, kylmady kim janyna bir zerre najatyny,
Ki ýygdy bu jahanyň munça esbap-alatyny,
Bu maldan zerre haýr eýläp çün bermedi zekatyny,
Saýady, kim bu işleri suwy ýok enhary gördüm.

* * *

Ahyr emr etdi şah jellatlaryna,
Golunda hanjary polatlaryna.

Alyp çykdy olar meýdan ýüzüne,
Jahan doldy halaýygyň özüne.

Diýdi Tahyr ki: «Eý, barça halaýyk,
Tawakkuf eýläňiz berhaky Halyk.

Kylaýyn ýar ile bir niçe güftar,
Ol erdi bu garyp janyma gamhor.

Onuň bilen bar erdi ähdi-peýman,
Getirdi ol meni äht ile kaýdan».

Bu söz üstüne nägäh Zöhre geldi,
Bir ahy-hijr ile bagryny dildi.

Diýdi: «Bolsun mübärek uşbu meýdan,
Ki men hem kylgum äht üstünde jöwlan.

Bu işden gam iýme merdana bolgul,
Bu şertden ýanmagyl şirana bolgul.

Myrad-u maksadymyz uşbu erdi,
Hudaýym maksadymyza ýetirdi».

Diýdi Tahyr: «Eý-a, dürdäneýi yşk,
Saňa arzym budur jananaýy yşk.

Kiçikden bir-birimize giriftar –
Ki bolduk, bizi bildi ýar-u agýar.

Diýdiler bir-birine boldy aşyk,
Olar dek bolmagaý bir ýary sadyk.

Bolupdyr aşyga bu aýdy-gurban,
Berer jan uşbu meýdanda huraman.

Dilär aşyk Hudadan gije-gündiz,
Miýesser kyl munuň dek aýdy-nowruz.

Şükür Allaga bu maksada ýetdik,
Ne kim köňüldäki matlaba ýetdik.

Çün taýyn eýläýin bu gullugymy,
Ki bilsin barça Halk aşyklygymy.

Bu meýdan içre maňa kylgyl ynam,
Ki bolsun hassa köňüller serenjam».

* * *

Nigär-ä, uşbu gün halky jahana aýdy gurbandyr,
Jyda senden bu gün eşretde içgen meý gyzyl gandyr.

Arafat ähli eýlärler doga Haka kylyp zary,
Pakyr-u binowalar jem bolarlar ruzy yhsandyr.

Perişan zülpi köýdürdi besi kalbym perişanym,
Eger janym alar bolsa oşol jan oňa gurbandyr.

Pyrakyň ýolunda eýläp idim beýtil hazan marwa,
Nigärim Ýusuby Müsri kibi tagt üzre soltandyr.

Jahanda barmyka, ýa Rep, munuň dek ýar aşyky bes,
Ýüzi şemsi kamar ýa şuglaýy hurşydy tabandyr.

Saýady ogludyr tenha, ýoluňda ýüz doga eýlär,
Eger kim bolsa ynam etseň ol makbuly Subhandyr.

* * *

Eşitdi Zöhre jan boldy huraman,
Gopup, kyldy köýüp aheňi meýdan.

Görüň Zöhre oşol meýdana girdi,
Munuň aşyklygyny barça bildi.

Girip meýdan içre diýdi ki: «Begler,
Meniň biçäre arzym eşidiňler.

Meni oňa nesip eden Hudadyr,
Bu janan ýolunda janym pidadyr.

Keramun kätibin ýazan ezelden,
Taky tapan nazar Hak Läýezelden.

Sabyr berdi niçe ýyllar Hudaýym,
Sabyr bile tapan jümle myradym.

Ki bir maksada ýetirdi Hudaýym,
Arasat gününde Hakdyr güwähim.

Hudanyň Özündendir bu nyşanlar,
Ony bilmediňiz eý, galtamanlar.

Aýyrdyňyz akyzdy bahry umman,
Aradan niçe ýyl ötdi perawan.

Getirdi Hak ony bir şiwe bilen,
Ýene getirdi ony tiwe bilen.

Bulary bilseňiz üjri Kerimdir,
Delildir, hem delildir, hem nazyrdyr».

Bu zalymlaryň şanyna bir ebýat
Ki Zöhre okydy-ýu kyldy perýat.

* * *

Ajapdyr kasdyňyz bu janda bolsa,
Berermen jan, eger permanda bolsa.

Keramun kätibin ýazmyş ezelden,
Ynanmaýmy delil Gurhanda bolsa.

Näge bilmez kişi şerhi-beýanyn,
Ezelden ähd ile peýmanda bolsa.

Tilär köňlüm guşy zülpi du taryn,
Hyýalym ol gözi mestanda bolsa.

Berer hak rehmetinden has-u a:ma,
Adalat ähdi bir soltanda bolsa.

Saýat ogly, tapar jümle myradyn,
Gije-gündiz gözi girýanda bolsa.

* * *

Görüp Tahyr bu Zöhräniň ýüzüni,
Gözüne sürtedir alyp yzyny.

Ki ýyglap aýdar erdi: «Ýary dildar,
Hoş imdi mähriban ýary wepadyr.

Men ölinçe maňa dildarlyk kyl,
Men ölsem murdama gamhorluk kyl.

Meni bir menzile çün depn eder sen,
Ki soňra maslahat özüň biler sen.

Dirilikde pyrak oduna köýdüm,
Jahandan doýdum-u jandan doýdum.

Galypdyr uşbu tende bir gury ruh,
Alar janyň seniň ger ýaşasaň Nuh.

Bolup men uşbu jandan hem ryzaýy,
Görüner maňa bir pazly Ylahy.

Ýüzüň şemsi-kamarlaryň ziýasy,
Ki men perwana men janyň pidasy.

Ýüzüňiň şuglasy hurşydy taban,
Ki men diwana men biser-u saman.

Köýer perwana şem oduna her dem,
Ki köýmeklik üçin ol boldy hemdem.

Semender köýmeýin maksada ýetmez,
Galandar ölmeýin mahbuba ýetmez.

Köýer men uşbu gün perwanalar dek,
Öler men hem ýene diwanalar dek.

Garybyň ruhuna tekbir kylgyl,
Garybyň gabrynda şebgir bolgul.

Rakyplar jebrinden kyldym widagy,
Ki senden özge barça maňa ýagy».

Okyp meýdanda gygyryp urar ah,
Onuň halyna ýyglar gaýry ol şah.

Bu erdi Tahyr okygan beýidi,
Ki ahyr kyldylar ony şehidi.

* * *

Eý, nigär-ä, galmady bu tende derman elpyrak,
Boldy ýar-ýardan jyda bolmaga perman elpyrak.

Men bu gün kylgum sapar ýalguz hamuşan şährine,
Sen galyp tapguň haýaty Hyzyr, janan elpyrak!

Men haçan aýrylgaý erdim, jebri soltan bolmasa,
Tä ezel mundag bolupdyr jebri soltan elpyrak.

Gahar eýläp, Züljelal kyldy meni ýardan jyda,
Imdi bolmaz derdimize hiç bir derman elpyrak!

Gul Saýady, sabyr kyl, Taňrym ryzasy sabyrdyr,
Imdi hoş gal dilberim, çün boldy perman elpyrak.

* * *

Iki aşyk kylyp efgan-u perýat,
Bu Tahyr elinden perýad-u perýat.

Köýüban Zöhre ýyglar hem enesi,
Ne kylsyn köýmeýin tapmaz dowasy.

Diýmedi han: Gyzym halyn soraýyn,
Nä üçin ikisin men öldüreýin.

Hyýal etdi ki Tahyry unudar,
Sabyr kylar, ýüregini sowudar.

Garabatyr bilen oýnap guwanar,
Ýörer oýnap, gülüp hem ýupanar.

Bu äht üstünde Zöhre kylyp jöwlan,
Akyp meýdan içinde reňbe-reň gan.

* * *

Bu Tahyr beg okyp berdi ryzasy,
Ki kyldy janyny yşkyň pidasy.

Ki ahyr Taňryga kyldy töwekgel,
Diýdi: «Merk şerbetin içdim tahammyl».

Gidip bu ýerde Tahyryň mejaly,
Ki nägäh düşdi Mahymyň hyýaly.

Diýdi Tahyr: «Eý-a, begler, zamany,
Hyýal eýläň kylaý bir yşk beýany.

Garyp boldum, baryp Bagdat içinde,
Ajap galdy pakyr gam, dat içinde.

Onuň soltanynyň bir kiçi gyzy,
Ady Mahym weli, mahpara ýüzi.

Meni biçäräge boldy hyrydar,
Garyplykda  maňa boldy wepadar.

Weli, men kylmadym bir iltifaty,
Ki galdy mende onuň köp uýady.

Ki nägä barsaňyz ol ýer saryga,
Salamym aýdyňlar Mahym perige.

Ki ýetiriňler oňa bir salamy,
Gerek bizden salam, ondan peýamy.

Diýňiz öldürdi Zöhre öz guluny,
Unutgan eken ol gül öz ýoluny.

Garybyň ruhuna kylsyn dogaýy,
Sapar kyldyk bizi bilsin jydaýy.

Meniň bitdi işim kyldym sapary,
Olara aýdyp ötdüm bu habary.

Iki dilbere Hak gamhor bolsun,
Ki biz gitdik olar taýýar bolsun.

Dirilikde bize ýoldaş idiler,
Garyplykda ýene syrdaş idiler.

Bu meýdan içre düşdüm ýeke ýalňyz,
Mübärekdir maňa bu aýdy nowruz.

Bu yşk meýdanydyr-aşyga meýdan,
Ki merdanlar başyn top etdi çendan.

Menem dostlar bu yşk oduna köýdüm,
Bu yşk meýdanynda çendan ýüwürdim.

Eý-a, begler, bagyşladym janymy,
Bu meýdan içre döküňler ganymy».

Bu sözden özge sözi hiç diýmedi,
Ölümden zerreçe gaýgy iýmedi.

Ýasawullar kylarlar yztyraby,
Bolup Zöhre ýüregi yşk kebaby.

Diýdi Zöhre: «Eý-a, eý, natuwanym,
Tasaddyk eýledim men tende janym.

Maňa ýokdur bu jandan zerre gaýgy,
Bolup dünýä maňa sensiz garaňky.

Ki senden soň ne gün görgümdir, eý, jan,
Seniň ýoluňda bu janymdyr gurban.

Mazaryň aldyna tutaý mazary,
Kylaý ganym bile men lälezary.

Seniň gabryň başynda türbetimi,
Düzeýin barça görsün zynatymy.

Diriligim guradyp, häk eder men,
Ki hanjar bile göwsüm çäk eder men.

Menem geldim bu gün meýdan başyna,
Gadam goýdum bu gün merdan işine.

Tanuk bolsun bu sözüme Ylahym,
Bu begler barçasy bolsun güwähim».

Kylyp üç gün duçar biri-birine,
Ki rugsat berdiler jellatlaryna.

Kesip ol ýerde Tahyryň başyny,
Bary halk gözünden dökdi ýaşyny.

Rakyplar kyldylar maksady hasyl,
Ki boldular olar niýete wasyl.

Kylyp jebri sütem Tahyra jahyl,
Ki jahyllar bolar dowzaha wasyl.

Rakyplar haýry-şeri bilmediler,
Bulara zerre rehmi gelmediler.

Ki jahyl şanyna ebýat binýat
Okyp, Zöhre kylar perýat-perýat.

* * *

Çün bilmez ähli jahyllar nädir bu hikmeti dowzah,
Sezewar etdi özlerin tutuban söhbeti dowzah.

Ki her adam ki köýmesdir muhabbet oduna munda,
Hararat birle köýdürip hem onda wahşaty dowzah.

Muhabbet baglasa aşyk tejelli nury Allaga,
Ki bolmasdyr oňa asla zamany pyrkaty dowzah.

Bu dünýä mömüne dowzah ki kapyrlara jennetdir,
Çün almas bähre jennetden gutarar minneti dowzah.

Tanaggum jenneti dostlar, kusur-u hüýri gulmandyr,
Welikin mary keždumlar biliň ol zynaty dowzah.

Bolup aşyky Hudanyň, muhabbet oduna köýseň,
Saňa ýokdur iki älem, Saýady, mähneti dowzah.

* * *

Kyl eý, Saýady, Zöhreden hekaýat,
Ki ahyr murdaga boldy hemaýat.

Göterdip murdany kenizlerine,
Ki matam birle eltdi öýlerine.

Kylar her birisi dürli pygany,
Onuň dek murdaga köýmes niçik jany.[1]

Kylyp Zöhre oňa abraýy bisýar,
Ne diýse bar idi haznada taýýar.

Saçyp başyna ol dürri jowahyr,
Çera ki bar idi gaznada wapyr.

Ýapyp üstüne mahmal bile zerbap,
Ýygyp kazy-ýu müfti birle arbap.

Ýene bar idi şyh-u hoja çendan,
Pakyr biçäreler onda perawan.

Ki bitdiler ony şehidi agla,
Onuň ornuny jennet kyldy marwa.

Jynaza okydylar barça durup,
Ki bu il ýyglaşyban halka gurup.

---

[1] Bu setiriň golýazmalarda «Barynyň örtener ruhy-rowany» diýen nusgasy hem bar.

Sypahysy onuň on müň idi sap,
Raýaty kyrk müň erdi Kap tä Kap.

Raýat şidde baglap reňbe-reňi,
Düzüp hapyzlary dürli äheňi.

Kylar diwanalar zikri semaýy,
Bary halklar pyraky elwedagy.

Bar erdi onda bir molla müderris,
Bolar erdi oşol Tahyra hemjyns.

Belent gygyryp aýtdy: «Eýu hannas,
Daýym bu sözi hem sizler biliň rast.

Kitap içre görip men ýüz delili,
Gulak salyň eşidiň bu welini.[1]

Şehit bolsa bu dünýäde musulman,
Getirmäň şek oňa ol elter iman.

Şehidi ger kişi derýa ab kylsa,
Ýa bir zerre tabydyndan göterse.

Oşol gula ata eýlär behişti,
Görer jennet içinde köp iýmişi».

---

[1] Bu beýdiň golýazmalarda:
«Kitap içre görüp men bir hadysy,
Ki size aýdaýyn, andag neziri»
ýaly nusgasy hem bar.

Bu söz bile ýene köp boldy yhlas,
Şehit gul boldy dostlar bendeýi has.

Hemaýat boldy Zöhräge bu sözler,
Gazal okyp nigärin ýadyn eder.

* * *

Kylyň, dostlar, bu gün derýaby jennet,
Hakykaty budur kim baby jennet.

Bakar men gül ýüzüň jennet mukarrar,
Bakara rehberiň kim baby jennet.

Ýüzüň  jennet, lebiň köwser şeraby,
Kaddyň tuba, gaşyň mähraby jennet.

Erer lutfuň letafatly çemen dek,
Ki aşyga şeraby naby jennet.

Nä bilsin zahydy terki ybadat,
Nigärim jilwesi mahbaty jennet.

Saýady, bolma nalan teşne men diýip,
Ki şaýet ruzy kylgaý aby jennet.

* * *

Gel, eý, Saýady, ahyr kyl hekaýat,
Ki Zöhre halyndan kylgyl rowaýat.

Diýdi Saýady, kim Tahyry jaýlap,
Bary halk gitdi Zöhre köňlün awlap.

Görüň, bu Zöhre niçik pikir kyldy,
Halaýyk barça gördi taň galdy.

Ki üç gün berip halka aşy-aby,
Ki aş üstüne sepdirdi gülaby.

Ki taňla bardy ol gabryň başyna,
Barar ýol öl boluban gözýaşyna.

Niçik öý gyzlary hem birge bardy,
Olar hem ýyglaşyp derdin diýr erdi.

Geýip egnine gara kürte Zöhre,
Agydan alar erdi ençe bähre.

Bu hal üstünde näge ýetdi Gara,
Onuň hem boldy görüp köňli para.

Ki ýyglap diýdi ki: «Eý, ýary dildar,
Gel, imdi maňa sen bolgul wepadar.

Ne boldy ol nigäriňiň wepasy,
Saňa ýadygär galdy köp jepasy.

Onuň külpetinde bolma, öler sen,
Pyrak oduna sen daýym köýer sen.

Mysaldyr erteden galan bu ahbar,
Ki ölen yzyndan sen ölme zynhar.

Öteni ýat kylma maňa ýar bolgul,
Diri biçäräge gamhor bolgul.

Diri men saňa hyzmatkärdir men,
Eger öldürseň hem taýýardyr men».

Gara mundag diýdi, oturdy bir dem,
Okydy bu gazaly boldy hemdem.

* * *

Ne kyldym eý, nigär-ä kylmadyň ýat,
Garybyň köňlüni eýlemediň şat.

Pelek kyldy meni ryswaýy älem,
Pelegiň elinden kim ahy-peryat.

Ki bir dem bolmadym men şady-horram,
Bu köňlüm bolmady hiç gamdan azat.

Seniň yşkyňda men hary-zar boldum,
Gel, imdi bendäňe sen kylgyl imdat.

Garaz bu janda bolsa eý, dilaram,
Özüň öldür, ne hajat özge jellat.

Miýesser bolsa waslyň zindelikde,
Okydym waslyňa ................................[1]

---

[1] Golýazmanyň zaýalananlygy üçin şu sözleri okap bolmady.

Ne kylsyn köýgeniňdir eý, Bahadur,
Niçe söz aşykana kyldy ebýat.

* * *

Eşidip Zöhre diýdi: «Eý, Bahadur,
Bu günçe diýmegil bu sözi dek dur.

Bu sözleri diýdiň aslyňy aňla,
Bu gün bolmasa aýş, bolgusy taňla.

Bu Tahyr öldi, saňa ýetdi döwran,
Bu gün men ýyglaýyn, galmasyn arman.

Bu ýerde durmagyl ilden uýalgyl,
Baryban toýuň esbabyn düzetgil.

Ki şahzada sen-u, men saňa laýyk,
Garyndaşym erer sen puşta halyk.

Bu günden nary ony ýoklamaz men,
Ki senden özgäni hergiz diýmez men».

Bu sözlerden Bahadur boldy handan,
«Bar eken köňli maňa» diýdi çendan.

Söýünip aýşy-eşret birle gaýtdy,
Bu sözi geldi enesine aýtdy.

Ata-ene barça boldular horram,
Şükür kyldy barysy boldy bigam.

* * *

Weli, Zöhre bolup nalan-u girýan,
Bary öý gyzlarynyň bagry biriýan.

Bu gyzlar bilmediler Zöhre halyn,
Ýaşyrdy köwşüni, köýnek, roýmalyn.

Hemme ýandy pygan-u ah bilen,
Bary öý gyzlary hemrah bilen.

Ki nägäh Zöhre jan geldi özüne,
Roýmalyn sordy sürteý diýp gözüne.

Tapylmady roýmaly ol zamany,
Sebäp oldur ki tende çykgaý jany.

Bary öý gyzlary her ýan ýügürdi,
Bu Zöhre etegin biline dakdy.

Sabyr kyldy bular gitdi yraga,
Göýä kim Zöhre mündi bir Byraga.

Ýügürip ýetdi ol gabryň başyna,
Habar bolmady ýar-u ýoldaşyna.

Ki bir hanjary bar erdi bilinde,
Soguryp hanjaryn aldy goluna.

Ne hanjary bar idi almaz bary,
Oňa galan nigärinden ýadygäri.

Goýuban dessesini ol gabyra,
Onuň takaty ýok erdi sabyra.

Goýup hanjary hem garnyna ol dem,
Ony tutgaly ýok galmady hemdem.

Ýüregin tyga goýup urdy bir ah:
«Myradym bu erdi, ýetirdi Allah».

Yşarat kyldy ol demde özüne,
Görünmeý ata-enesi gözüne.

Keleme etdi Zöhre boldy ahyr,
Beli, ölmekden özge ýokdy tedbir.

Pyçak oýnap çykdy onuň bagryndan,
Boýaldy gül teni gyzyl ganyndan.

Ki boldular hemme gyzlar habardar,
Bary matamda boldy zary-efkar.

Bu matamy eşitdi erse ol soltan,
Ýügürdi gara bagyr nalan-u girýan.

Eşitdi hem ýene Garabahadur:
«Ne sözdür uşbu söz badyhowadyr.

Maňa aýtdy bary ol derdi halyn,
Ýaşyrmady pakyrdan kylu-kalyn.

Onuň şerti budur ölmek imesdir,
Bu günden soň ýene köýmek imesdir.

Meniň bilen kylyp ol ähdi-peýman,
Sürer bolduk bu şähr içinde döwran».

Bu sözleri diýdi, ynanmady hiç,
Bu gowgalar bilen ol gün bolup giç.

Bu Zöhre murdasyn şähere eltmeý,
Rowaýat bile murdany götermeý.

Oşol gabr üstünde köp boldy gowga,
Gerek aşyk munyň dek kylsa söwda.

Daň atynça kylyp bu halk efgan,
Ata-enesi girýan, bagry birýan.

Atasy diýdi: «Mundag bilmedim men,
Gyzym derdine derman kylmadym men.

Köňülde galdy bu dagy kyýamat,
Ýüzüme boldy ol kim köp melamat.

Men imdi bu diriligi nädeýin,
Öz işime niçik tedbir edeýin?»

Enesi diýdi kim: «Eý, natuwanym,
Ne söwda boldy eý, aramy-janym?

Niçe aýtdyň ataň hiç aňlamady,
Seniň köňlüňi bir dem awlamady.

Diýmedi hassa köňlüni soraýyn,
Gyzym söýdi men hem ony söýeýin.

Ki ahyr hal bu boldy eý, garybym,
Neteý ahwal bu boldy eý, Habybym.

Garar men, sen kibi billah garyp ýok,
Seniň dek, ýene Tahyr dek garyp ýok.

Egerçe şah hem şahzada bolduň,
Garyp öldüň, ýene gam bada bolduň.

Seniň ornuňa bolgaýdym käşki men,
Ýoluňda ölgeý erdim käşki men.

Diri men oduň içre köýdüm, eý, waý,
Ne müşgil boldy maňa, waý, set waý.

Niçe ýyglap diýseň, ýokdur wepasy,
Onuň çün galdy maňa köp jepasy.

Kylyban barça ahyr sabry naçar,
Ýasap ol ýerde çün gabryny taýýar.

Köýüp Zöhräniň gabrynda halaýyk,
Myrady bu idi, ýetirdi Halyk.

* * *

Gel, imdi Garabeg derdin eşitgil,
Onuň aşyklygyn depdere bitgil.

Gabyr başyna geldi, urdy bir ah,
Ki şeýtan ol melguny kyldy gümrah.

Soguryp urdy pyçagyn özüne,
Ki derman galmady «öldüm» sözüne.

Ýykyldy, ýatdy ol hem bir zamanda,
Dirilik galmady zerre gümanda.

Ki bir sagatda, görüň, üç gülüstan,
Hazan urdy olup ýer bilen ýegsan.

Onuň hem ata-enesi eşitdi,
Ýügürip gabr başyna ýetişdi.

Onuň hem ýyglaşyp düzüp mazaryn,
Bu Zöhre alnynda düzdi mazaryn.

Öňünde Zöhre, soňunda Tahyr,
Ikew ortasynda Garabahadur.

Onuň dek düzdüler onuň mazaryn,
Ýene ol aýra düşürdi Zöhre ýaryn.

Ýene araga düşdi onda agýar,
Ýene bu ikisi biri-birine zar.

Görüň Taňry işini eý, ýaranlar,
Tämiz eýläň muny sahypkyranlar.

Görüň, bir gijede bu iki aşyk,
Onuň dek hup bolupdyr ýary sadyk.

Biri gül boldy, biri now nahaly,
Ikisi çyrmaşypdyr türpe haly.

Weli, Garabahadur hem gögerip,
Çykypdyr ikisini aýra ýaryp.

Gögeripdir ajap türpe tikeni,
Ki maglum boldy, ol agýar ekeni.

Ýene giripdir ol soltan düýşüne,
Gelip Zöhre atasynyň gaşyna.

Diýdi kim: «Eý, ata, men ne kylyp men?
Ajaýyp mübtelalyga galyp men.

Dirilikde çün bu ömrüm hor boldy,
Jahan eşretinden köňlüm düwüldi.

Ki imdi öldüm-u gamdan gutulman,
Ne kyldym men günähimden ötülmen.

Aradan bu keduraty götergil,
Bizi maksadymyza sen ýetirgil».

Oýandy han özi o subhygähi,
Özünden hem özi kim urdy ahy.

Baryp erte  birle gabryň başyna,
Görüp haýran galyp bular işine.

Ki wagty gül imesdir, açylyp gül,
Olaryň başynda saýraýyr bilbil.

Ki Zöhre serwi, Tahyr hem güli yşk,
Ikisi çyrmaşypdyr sünbüli yşk.

Görer Garabahadur bir tikeni,
Boluban gögeripdir dermiýany.

Kyladyr ikisini para-para,
Rakybyň, dostlarym, ýüzleri gara.

Ony kim gördi soltan, boldy haýran,
Ýüregin para kyldy, boldy girýan.

Diledip ol zaman paldarlaryny,
Aradan göterip agýarlaryny.

Ony köwletdi, taşlatdy yraga,
Ata-enesini goýdy pyraga.

Ki ol bir hanadana emr kyldy,
Olara ýer-u, ýurd-u, mülk berdi.

Diýdi: «Her ýylda köwläp taşlaňyzlar,
Ýene bu gül işini işläňizler.

Boluňyz barçaňyz „azat” adyndan,
Çykyňyz barçaňyz diwan hatyndan».

Oşol bary köwlär besi barysy,
Oşol bitmişdedir ýigit ýarasy.

Hem ol dem bary halklar görüp ony,
Bolup bu iki güle mähribany.

* * *

Eý, Saýady, Zöhre boldy ahyr,
Ki imdi Mahym işlerin zahyr.

Eşitgil imdi Mahymdan hekaýat,
Ki bir gün bagtyndan kyldy şikaýat.

Öz-özünden diýer: «Eý, bagty näkär,
Miýesser bolmady ol wasly dildar.

Maňa bir lahza ýary bermediň hiç,
Bu aýş gündizini sen eýlediň giç.

Ne kasdyň bar maňa aýtgyl, eý-a, bagt,
Meniň janyma saldyň ataşy saht.

Umydym bar idi gelgeý ýene ýar,
Ki imdi her tarapdan degdi ýüz har.

Niçe ýyl bu umytda geçdi owkat,
Büküldi gunça dek bu kaddy şemşat.

Niçik ötgeý eken hijrinde halym,
Öter boldy munyň dek mahy salym.

Men imdi uşbu dert içre nädeýin,
Men ony bolmasa yzlap gideýin.

Bu sözleri diýban başlady ebýat,
Pygan-u nala bilen kyldy perýat.

* * *

Eý, mähribanym, istesem, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni,
Eý, ýary janym, yzlasam, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Yşkyňda men boldum garyp, hem zagpyran dek sargaryp,
Tün gijelerde agtaryp, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Eý, näzenin simin beden, jan gitdi, munda galdy ten,
Eý, dilnowazym kaýda sen, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Her ýerde eýlär men höwes, bolsam ýene bir hemnepes,
Eý, Wahydy perýatres, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Biçäreýi misgin bolup, ýollar başynda delmuryp,
Her dem ýürekden ah urup, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Bir bilbili nalany zar, ber hajatym, Perwerdigär,
Boldum ýoluňda intizar, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Köňlümde arman biadat, diýmenem waspyňy Samat,
Eý, «Kulhuallahy ahat», tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Eý, «şemsi nuren wessafa», eý, hadyýy nury Huda,
Muýyň «welleýli wezzuha», tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Misgin Saýady, tä bekeý, nala kylar sen misli naý,
Biçäre husnuňy göreý, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

* * *

Eşitdi gyzlar ol dem uşbu güftar,
Ki jan bermäge Mahymdyr giriftar.

Barysy nala eýläp, kyldy efgan,
Akyp gözlerinden ýaş ornuna gan.

Diýdiler barçasy: «Mahym perizat,
Seniň bolgaýmykan köňlüň ýene şat?»

Diýdi Mahym: «Ne şatlyk düýdeýi gam,
Wujutyň şährine gam tutdy makam.

Gözüme görüner bir ruhy päki,
Meger boldumykan bize berhaky.

Geliň gyzlar gidermiz şähri Tatar,
Maňa durgan sary köp jebri artar.

Eger ölen bolsa, gabrynda ölsek,
We ýa diri bolsa hyzmatda bolsak».

Diýdiler barça gyzlar: «Geňeşeli,
Baraly, tapmasak ýolda öleli».

Gidere bagladylar bil barysy,
Bu gyzlaryň bary  ýaşy, garrysy.

Bu gyzlar hümmetini bildi Mahym,
Diýdi: «Tä barmasam, kem bolmaz ahym».

Diýdi kim: «Men galyp men gam elinde,
Ýene hümmet gördi gyzlar bilinde».

Köýüp hijr oduna diýdi ki: «Eý, ýar,
Bu şähr içinde ýokdur maňa gamhor.

Talap kylyp, ony Hakdan dilär men,
Myradyma ýeter men ýa öler men».

Bitip uşbu gazaly wasly ýaryn,
Ne kylsyn ýazdy kim bu söz humaryn.

* * *

Nigär-ä, senden özge ýar bolmaz,
Bu köňlümiň hoşy dildar bolmaz.

Seniň hijriňde köp örtendi janym,
Seniň dek birehim dildar bolmaz.

Seniň yşkyň bilen hassadyr men,
Tebip senden özge derkar bolmaz.

Ýetipdir jan meniň holkumma dostlar,
Maňa bir wasyly didar bolmaz.

Ki rehim kylgyl sen halymyza,
Meniň dek hassa dil bimar bolmaz.

Ki men halk era şermende gul men,
Meniň dek bagry gan, efkar bolmaz.

Rehim kyl.......................... Hudaýa,[1]
Jahanda men kibi näkär bolmaz.

Haçan maksada ýetgeý gul Saýady,
Beli, her kaýda gül bihar bolmaz.

* * *

Bu söz üstünde erdi, geldi kerwen,
Bu Mahym hanyma hem ýetdi döwran.

Diýdi Mahym: «Bu kerweni görüňler,
Ne ýeriň adamy eken, soruňlar.

Bu Tatar şährinden bolgaýmykan şat,
Habaryn ýetiriň sizler maňa, bat.[2]

Bu kasyt ol zaman hyzmatda erdi,
Bibi Şähri bilen hylwatda erdi.

Buýurdy kasyda: «Baryp soragyn,
Birin-birin baryp görgül barysyn.

Baryp görgül bary hüýi mejazyn,
Ki men biçäräniň sorgul alajyn».

Ki tagýyr etmedi kasyt bu söze,
Ki Mahym emrini kylmady özge.

---

[1] Köp nokat goýlan ýerleri okap bolmady.
[2] Bu beýt golýazmalarda:
«Bu Tatar ilinden bolgaýmy erkan,
Habaryň getiriňler, siz baryban» ýaly görnüşde hem gelýär.

Baryp kerwen bile sözleşdi kasyt,
Birin-birin görüp yzlaşdy kasyt.

Diýdiler: «Şähri Tatardan gelermiz,
Ne sorsaň, oşol ýurtdan bilermiz».

Diýdi kasyt: «Ol ýurtda ne habar bar?
Diýiňiz söz ýagşy-ýaman bolsa yzhar”.

Kasyt aýdar ýene: «Bilseňiz diýiň,
Niçik habar bolsa biz hem bileliň».

Diýdiler: «Ýurdumyza ot çakyldy,
Hemme ýagşy-ýaman oda ýakyldy.

Ki çykdy ýurdumyzda bir juwanmert,
Onuň derdi erer barçamyza dert.

Ne ýigit erdi ol kim bir şahbazy,
Başyna düşdi ki onuň yşk bazy.

Özi mürze idi kim ismi Tahyr,
Ýüzünde Mustapanyň nury zahyr.

Onuň dek ýok idi mürze jahanda,
Onuň sözi idi ýagşy-ýamanda.

Bar erdi şahymyzda bir ajap gyz,
Onuň tarypyny hem aýdalyň biz.

Ýüzidür misli röwşen mahy taban,
Lebidir gand-u köwser-u huban.

Ajaýyp leb şeker näzik bedendir,
Ýüzi manendi gülzary Eremdir.

Ýüzi erdi kuýaşy gündizi dek,
Ady Zöhre çün Zöhre ýyldyzy dek.

Bu Tahyr aşyky Zöhre bolupdyr,
Göýä ki Wamyky-Uzra bolupdyr.

Ýene hem Zöhre Tahyr bege aşyk,
Iki aşyk bir-birine laýyk.

Ikewlän kyldy nägäh yşky binýat,
Olary tutdy soltan dat eý, dat.

Diýdi şah: «Ikisini getiriňler,
Baryp meýdan içinde öltüriňler».

Tutup getirdiler Tahyry onda,
Bolup Tahyr ýene hem misli bende.

Tutup baglap kim ony eltdi hana,
Göýä ot saldylar uşbu jahana.

Enesi Zöhre hanymy ötündi,
Atasy ötünini oňa berdi.

Çünan ten berdiler gyzyň işine,
Jahan tagnasyny alyp başyna.

Durup ol ýerde Zöhre diýdi: «Begler,
Niçe söz aýdaýyn, siz eşidiňler.

Ezeldendir bizde ol ähdi-peýman,
Niçe aşyk bu ýolda berdiler jan.

Ki biz hem uşbu älemden ötermiz,
Sizleriň eliňizden dat edermiz».

Bu sözleri diýdi, ol kyldy efgan,
Olaryň halyna köýmez niçik jan?

Oşol dem ki elinde almaz jellat,
Gyzyl gül harmanyny kyldy berbat.

Başyny kesdi jellat ýola gitdi,
Görüň nobat ýene Zöhräge ýetdi.

Ýygyp Tahyr ölügin Zöhre ol dem,
Öýüne eltdi ony, tutdy matam.

Ne yzzatlar bilen goýdy ýerine,
Berip rugsat tamamy şähr iline.

Özi ýalňyz baryp gabryň başyna,
Habar ýok barça ýary-ýoldaşyna.

Ki hanjary ýüregine goýupdyr,
«Bu erdi maksadym» diýp jan beripdir.

Bu Zöhre halyna il boldy haýran,
Ki her kim baş alyban gitdi her ýan.

Onuň derdi bilen ýolda gelemiz,
Ne ötenden, ne geçenden, bilemiz.

Sorar siz ýurdumyzda bu habar bar»,
Bary ýyglap bu ebýaty kyldy tekrar.

* * *

Dostlarym, aýtsak habary, ol şahy mahpara ýok,
Ýüzi gül, gaşy galam ol gözleri hunhora ýok.

Ol şahynşah waspyny sorsam jahan hublaryndan,
Aýdyşarlar: «Sabyr kylgyl, mundan özge çäre ýok».

Tapmadyk istäp ony ýyglap köýünde zar-zar,
Agtaryp ýördük şäherler görgeli janana ýok.

Eý, saba, aýtgyl habar bizden oşol şahbaza,
Mejnun dek telbe bolan biz kibi awara ýok.

Pany dünýä içre köp arman bile galdy taky,
Maksadyna ýetmegen biz deý ki bir biçäre ýok.

Eşidip dilber bu hasta halyna rehm eýlegeý,
Bu garyplykda biziň dek ýüregi set para ýok.

Eý, Zunuby, gapyl olma bir nepes Hak ýadyndan,
Mundan artyk hamdyn aýdara şirin güftara ýok.

Her kimiň derdin görüp, ol derde eýlärler dowa,
Ol dowadan bu Saýady, hasta dile çäre ýok.

* * *

Ki kerwen sözlerin kasyt eşitdi,
Gelip sözleri bu gyzlara aýtdy.

Eşidip gyzlar ol dem kyldy efgan,
Diýdiler: «Barça imdi bergeýmiz jan».

Diýdiler kim: «Ajapdyr uşbu şureş,
Weli, Mahyma imdi boldy zor iş».

Birisi diýr ki: «Mahyma baraly,
Ýok erse barça munda jan bereli».

Biri diýr: «Tarypyna ýetireli»,
Biri diýr: «Niçik ony öldüreli».

Birisi diýr: «Eşitse bergusy jan»
Birisi diýr: «Niçik bolar bu pynhan?»

Birisi diýr: «Oňa diýp dyndyraly»
Birisi diýr: «Sorasa indemäli».

Birisi diýr: «Şäher ähli eşitgeý,
Ýene bir özge ýerden halk eşitgeý.

Bolarmyz ol zaman şermende ondan,
Yzalar dartgaýmyz eşitse ondan».

Bary hem gaşyna bardylar bat,
Perişan hatyry gamgyny nä şat.

Iki gyz bardy Mahym hyzmatyna,
Ne kylsynlar ezeliň kysmatyna.

Diýdi ki Mahym: «Ne söz, eşideli?
Goldan gelse, tiz maksada ýeteli».

Goýuban ikisi alnynda başyn,
Gözünden akyzarlar erdi ýaşyn.

Diýdi Mahym: «Turuň, gyzlar, ne boldy,
Tenime ot düşüp kül tuda boldy».

Diýdi gyzlar: «Eý-a, Mahym, serefraz,
Ki bir gam ýaňadan hem boldy demsaz.

Ki bu kerwen geler Tatar ilinden,
Barysy ýyglaşar kuffar elinden.

Oşol bossan gülündendir bu kerwen,
Gelipdirler kylyban güli harman.

Gülüstana hazan bady degipdir,
Oşol gül täzesin üzüp gidipdir.

Kylypdyr güli harman, bir darawgär,
Kany ol Tahyry kaddy senuber?

Bu kerwen şum habary getiripdir,
Tutup Tahyry ol şah öldüripdir.

Bu Tahyr murdasyn Zöhre alypdyr,
Onuň üstünde ol hem jan beripdir.

Ölüp ikisi älemden gidipdir,
Olaryň gabryna güller bitipdir.

Olary öldüren Zöhre atasy,
Ynangyl, ýok bu sözüň hiç hatasy».

Eşitdi sözi Mahym urdy bir ah:
«Näge boldum meni betbagt gümrah?

Ne diýp meni ýaratdyň, Hak ezelden,
Parahat görmedim söýen gözelden.

Tenim surat kylyp, erdiň ne hasyl,
Bu jan hijran oduna boldy wasyl.

Hudaý-a, men ryza men, al bu jany,
Gerekmezdir maňa dünýäýi pany!»

Bu sözleri diýdi, bir ah urdy,
Oşol ah üstünde janyny berdi.

Pyçak birle ýüregin çäk kyldy,
Özün bir demde zir-u häk kyldy.

Bary gyzlar duruban kyldy efgan,
Akyp gözlerinden ýaş ornuna gan.

Diýdi gyzlar: «Eý-a, eý, mahy peýker,
Barymyza idiň sen şahy serwer.

Jyda bolduk, niçik tedbir edeli,
Ki biz hem uşbu dünýäden gideli».

Niçe gyzlar bu ýerde berdiler jan,
Onuň çün janlaryny kyldy gurban.

Habar ýetdi bu Mahym enesine,
Ki ot düşdi onuň keşanasyna.

Ýene aňlap muny bu şahy älem,
Diýdi ki yşk ody düşdi müsellem.

Bu soltan bilen hanym tebrediler,
Olaryň derdine köp ýygladylar.

Ýetişdiler oşol matam saryga,
Ne kylsynlar ezeldäki kazaga?

Görerler ki geran bady gelipdir,
Gelip gül täzesin saýlap üzüpdir.

Ikisi oturyp, köp nala kyldy,
Gözüniň ýaşlaryn çün jala kyldy.

Onuň dek nalalar kyldy atasy,
Gara saçyn ýaýyp ýyglar enesi.

Enesi diýr: «Eý-a, Mahym, jepakär,
Seniň dek binowa dünýäde kim bar?

Ajap näzenin jan hanym erdiň,
Wujutym şährinde hem janym erdiň.

Bu gün janym, bedenden aýrylyp sen,
Meni biçäräni oda salyp sen».

Ne nalyşlar kylar soltan ol niçe,
Eşidip şah, ýene ýyglar ol şonça.

Pyganlar kyldylar bolmady hasyl,
Ki gaflat ukyga göz boldy wasyl.

Ikisi ukyga bir  dek gatyldy,
Ki nägäh bir neda Hakdan ýetildi.

Ki aýdy: «Bihabarlar , ne ýygydyr,
Ne sizlere ýygydyr, ne sagydyr.

Ki öldi, jan jananga olundy,
Hemme aşyk goşulyp bir bolundy.

Goşuldy Mahym-u, Zöhre-ýu, Tahyr»,
Ikisi gördüler bu düýşi zahyr.

Ikisi uşbu düýşden boldy bidar,
Taky artykça kyldy nalaýy zar.

Ikewlän ýygladylar erte-ýu giç,
Bulara zerre tawfir bolmady hiç.

Kazaga boldular ahyr ryzaýy,
Çera ki, boldy takdyry Hudaýy.

Ezel takdyryna şah syndy boýun,
Diýdi: «Imdi kylaýyn abraýyn.

Niçe mähremlere kim şah buýurdy,
Bu pany dünýäden Mahym ne gördi?

Baryban getiriň gaznada baryn,
Kylyňlar ahyretiň abraýyn».

Baryp getirdiler barça kumajy,
Ýok erdi dünýälikden ähtiýajy.

Ýapyp mahmal-u zerbapdan garakeş,
Kylyp tabydyna ki bisýar zerkeş.

Olaryň üstüne ýapdyrdy her reň,
Biri ýaşyl, biri zer, biri gül reň.

Bary şäher ili tutdy oňa matam,
Golundan düşdi göýä şahyň hatam.

Ki ahyr tapmadylar hiç alajyn,
Kylyp ahyret öýüniň rowajyn.

Seýilgäh içre gabryny düzedip,
Gabyra goýdular ony uzadyp.

Ýene öý gyzlaryny jaýladylar,
Ki bir söz manysyny oýladylar.

Diýdiler: «Bu idi yşka giriftar,
Ki yşk ody olary kyldy näkär.

Eger aşyk mejasy bolsa gyzlar,
Olar gümrah erer nebsini yzlar».

Bu söz boldy bary iliň dilinde,
Weli, gyzlar idi Hakyň ýolunda.

Gögerip çykdylar türpe hyýaban,
Huda emri bilen boldy gülüstan.

Gülüstany görüp, il boldy haýran,
Ulug-kiçik barysy boldy girýan.

Gögerip gül bolupdyr istihanlar,
Kylar jan bilbili onda pyganlar.

Olaryň bagzysy bilbil bolupdyr,
Ýene bagzysy onda gül bolupdyr.

Gähi Bagdat şähründe ýörerler,
Gähi Tatarda döwran sürerler.

Ýörerler tä kyýamatgaça mundag,
Huda söýen guly bolgusy andag.

Muny hiç bilmegen ýokdur jahanda,
Ki bu meşhur erer ýazy – ýabanda.

Goşup ertekini hup saz ederler,
Ýigitler gygyryp owaz ederler.

* * *

Hijriden gamdadyr men, eý nury ensarym meniň,
Senden özge bolmady, bu demde gamhorym meniň.

Hezreti Ýusup kibi girem, bu yşk bazaryna,
Mäliki täjir bolup, bolgul hyrydarym meniň.

........... eýledim, söýdüm seni janym bilen[1],
Iki dünýäde erer sen, söýgüli ýarym meniň.

Patyşahy du jahan syrry Taňry bilmez kişi,
Her demde häzir olgan, oldur ensarym meniň.

Gul Saýady, çün ezelden, yşk era Mansur kibi,
Gygyrarlar elkazada gadry ensarym meniň.

* * *

Bu Tahyr bile Zöhre tamam boldy,
Meniň biçäre işim ham boldy.

Eý-a, ussatlar, size bu tagzym,
Ki sizleriň dogaňyz bize lazym.

Bu kyssa içre barçasy hatadyr,
Eý-a, ussatlar, ki sizden atadyr.

Oşol gün ki galam elime tutdum,
Bu müşgil iş üçin ganlar ýuwutdym.

Şükür Allaha, kyssa tapdy enjam,
Hahy iş pugta bolsun, hah ol iş ham.

Bu kyssadan, rafyk, unutmagaý sen,
Okyganda unudyp gitmegeý sen.

---

[1] Köp nokat goýlan sözleri okap bolmady.

Doga bile pakyry ýat kylgyl,
Garyp Saýady ruhun şat kylgyl.

Bakar ýyly muňa boldy enaýat,
Ki jumga gün idi, kyldym rowaýat.

Rowaýat kyldym ol aşyklaryma,
Hudaýym  ýolunda laýyklaryma.

Rabygyl-owwal aýynda bitildi,
Ýene bilgin, oşal aýda ýetildi.

Ki jumga günde başladym, tä agşam,
Ki şenbe günde kyssa tapdy etmam.

Diýmegil jumgaga şenbe ýakyndyr,
Ýakyndyr, biri-birine karyndyr.

Aradan dört ýyl ötdi tamamy,
Ki şenbe güni boldy ihtimamy.

Şükür Allaha, bu bitdi nahanda,
Ki her kim ki sorar mehri nähirde.

Ki onda Balhyň derwezesidir,
Jahana giden ol owazasydyr.

Pakyr Saýady, Haýrabat ili men,
Ki saýat ili men, Hakyň guly men.

Kyýamatda örenim Gökdemirdir,
Bu Gökdemir dek öten bir ömürdir.

Hemişe Gökdemir Hoja örenim,
Iki dünýäde maňa mähribanym.

Tamam tapdy kyssa rejep aýynda,
Duşenbe gün, towuk ýyl ahyrynda.

Temmetil kitap biawnil malikil wahhab,
Molla Seýitmuhammet guftagi kitap hemun äst.



عقل هوشیم بربادایتیب دیوانه قیلدی عشق منی
ای سیدای بی هنر بو سوز کلو وقت سحر
زنکی بابام ایلانک نظر دیوانه قیلدی عشق منی

دوستلاریم اول دلبری شیرین زبان بولغای نصیب
سرو بویلیغ دلربادین شوم فلک قیلدی جدا
تنکری فرمان ایلاسا سرو روان بولغای نصیب
مدعلار یار ایله خلوت توتوب صحبت قیلور
منکا کیم اول سیوکولوک صاحبقران بولغای نصیب
ای صیادی قسمتیغه راضی بولغیل غم یمه
قوب سحرلار یغلاغیل سنکا ایمان بولغای نصیب

دوستلاریم بولدیم بوکون اول مهربانیمدین جدا
بوزلای کل میوه دل مغز جانیمدین جدا
نور عینیم کلشنیم باغیم بهاریم دلبریم

**Türkmenbaşy adyndaky TMGI-niň 91-nji bukjasyndaky golýazmada Saýadynyň «Zöhre-Tahyryndan» iki gazal bar.**

## «ZÖHRE-TAHYRY» MEŞHUR EDEN ŞAHYR

***Birek-biregi tanamaýan iki ýaş juwan tötänleýin biri-birine nazar salýar. Garaşylmadyk ýagdaýda ýigidiňem, gyzyňam gözlerinde ýyldyrym çakyp, olar bir bakyşda aşyk-magşuk bolýarlar. Beýle söýginiň öňünde durup biljek güýç hem gudrat ýok. Zöhre gyzyň yşgyna düşen Tahyr magşugynyň didaryny görmäge barýarka, öňünden gara daglar çykýar. Tahyr ataşly yşk aýdymyny aýdýar welin, gara daglar para-para bolup, ýol açyp berýär.***

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy.**

### 1. «Zöhre-Tahyr» ýordumynyň taryhy we bu ýordum boýunça döredilen ertekiler, hekaýatlar, halk dessanlary.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasynda «**Adamzat gowakdan çykaly bäri söýgini keramat derejesine göterip, söýgi barada aýdym döredýär, saz döredýär, dessan döredýär. Ol söýgi eserleri**

**bolsa, umumyadamzat ruhy hazynalaryna öwrülýär»**[1] diýip ýazyşy ýaly türkmen edebiýatynda hem umumy adamzat ruhy hazynasyna öwrülen eserler örän köpdür.

Türkmen edebiýatynyň umumyadamzat ruhy hazynasyna öwrülen dürdäneleriniň arasynda «Zöhre-Tahyr» ýordumynda döredilen eserler örän uly meşhurlyk tapypdyr. Bu ýordum esasyanda döredilen köp sanly rowaýatlar, ertekiler, hekaýatlar, halk dessanlary ylmy jemgyýetçilige bir eýýämden bäri mälimdir. Bu ýordumyň haýsy döwürlerde, haýsy ýerlerde ýüze çykandygy hakynda takyk bir pikiri aýtmak kyn. Her hal bu ýordumyň, takmynan, rowaýat, erteki, hekaýat görnüşinde XII-XIV asyrlarda, ýüze çykandygyny çaklamak mümkin. Soňra bu ýordum kem-kem kämilleşip XV-XVI asyrlarda halk dessanlarynyň döremegine getiripdir.

«Zöhre-Tahyr» ýordumynyň haýsy ýerde dörändigini takyk aýtmak kyn bolsa-da, onuň türkmenleriň arasynda dörändigini welin açyk aýtmak bolar. Türkmen halk döredijiligi we edebiýaty bilen yzygiderli meşgullanan moskwaly professor Halyk Güseýinowiç Görogly türkmen dessanlaryny ýordumy boýunça iki topara bölýär: — oguzlaryň hut özleriniň döreden ýordumlary hem-de arap, pars edebiýatyndan alnan ýordumlar. Professor arap, pars edebiýatyndan alnan ýordumlar esasynda döredilen dessanlara mysal edip «Ýusup-Zylyha», «Leýli-Mežnun», «Şabähram», «Gül-Bilbil», «Gül-Senuber», «Melike Dilaram», «Huýrlukga-Hemra», dessanlaryny getirýär. Oguz türkmenleriniň hut özleriniň döreden ýordumlary hökmünde

[1] Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy. Mukaddes Ruhnama. Ikinji kitap. –Aşgabat, 2004. 206 sah.

«Görogly», «Şasenem-Garyp», «Asly-Kerem», «Saýatly-Hemra» şeýle hem biziň gürrüňini edýän «Zöhre-Tahyr» ýordumymyzy görkezýär.[1]

Oguz edebi ýordumy bolan «Zöhre-Tahyryň» türkmen halkynyň halk döredijiliginde ýüze çykyp, soň kem-kem goňşy halklaryň halk döredijiligine aralaşyp başlapdyr. XVII asyrdan başlap, bu ýordum türkmen ýazuwly edebi-ýatyna hem girýär. Bu ýordum boýunça üç sany türkmen şahyry dessan döredipdir.

«Zöhre-Tahyryň» köşgi» atly gadymy köşgüň hem Türkmenistanda ýerleşmegi bu ýordumyň ir zamanlardan bäri türkmen halkynyň arasynda ýaşap gelýändigini tassyklaýar. Taryhçy alym Geldimyrat Gutlyýewiň «Gadymy Jeýhunyň ýadygärliklerine syýahat» atly kitabynda Zöhre-Tahyryň köşgi hakynda şeýle diýilýär: «*Zöhre-Tahyryň köşgi Garabekewül raýonynyň merkeziniň deňinde, Amyderýanyň sag kenarynda uzaklardan seleňläp owadan görünýär. Onuň köp bölegini Jeýhun derýasy özüniň akymyny üýtgeden döwri ýykypdyr. Köşk häzirki Burdalyk posýologyndan 20 km. demirgazyk-günbatarda ýerleşýär. Ýadygärlik örän gowy saklanypdyr. ... Zöhre-Tahyr» köşgüniň tutýan meýdany 250 X 25 metr. Onuň saklanyp galan bölegi kwadrat görnüşinde. Galanyň Erk köşgi bolup, ol şäheriň günbatar böleginde ýerleşipdir. Goranyş diwarynyň birnäçe ýerinde ýarymaý şekilli minaralar salnypdyr. Bäş sany minaranyň görnüşi häzirki döwre çenli gowy saklanypdyr. ... ýadygärligiň ösen döwri IX-X asyrlara degişlidir. Bu döwürde galanyň territoriýasy iki esse ulalýar we*

[1] Кор - оглу Х. Г. Туркменская литература. -Москва: Высшая школа, 1972. 73-75 sah.

*güýçlenýär. Emma XI asyryň ahyrlarynda XII asyryň başlarynda şäher ykdysady we syýasy taýdan pese düşüp ugraýar. Çingiz hanyň ordasy galany wagşylyk bilen basyp alýar. Orta asyrlarda muňa «Nawidah» diýlipdir, sebäbi geografik taýdan ýerleşişi, taryhy çeşmeleriň güwä geçmegi «Zöhre-Tahyr» köşgüniň orta asyrlarda ýaşalan Nawidah şäheridigini subut edýär.*

*...Nawidah şäheri (Zöhre-Tahyr) arheologlaryň toplan materiallary netijesinde I asyrdan XIII asyra çenli ýaşalan şäherdir. Bu Amyderýanyň sag kenaryndaky irki ýadygärlikleriň esasylarynyň biridir.*[1]

«Zöhre-Tahyryň» köşgüniň özüniň häzirki adyna takyk haçan eýe bolandygy belli bolmasa hem onuň, takmynan, şu ýordumyň döränn döwrüniň yz ýanlary bolandygyny çaklamak bolar. Belki-de şu ýadygärlik bilen baglanyşykly rowaýatyň ýordumyň iň irki rowaýaty bolmagy hem mümkin. Şol rowaýata görä, bu galada Babahan patyşa hökümdarlyk edipdir. Patyşanyň Zöhre atly gyzy bar eken. Babahan patyşa öz söýgüli gyzy Zöhre üçin Amyderýanyň kenaryndan hiç bir adam girip başarmaz ýaly, hiç bir duşman howp salyp bilmez ýaly bir ajaýyp köşk salyp beripdir. Patyşanyň gyzy Zöhre şol köşkde Tahyr atly bir ýigit bilen gizlinlikde ýaşapdyr. Patyşa Tahyryň bu köşkde öz gyzy bilen ýaşap ýörenligini eşidende ony tutdurypdyr, bir uly sandyga salyp, Amyderýa okladypdyr...

Soň bu rowaýatyň başga nusgalary-da ýüze çykypdyr. Türkmenleriň arasynda örän rowaçlyk tapan «Zöhre-Tahyr» ýordumy basym beýleki türki halklaryň halk döredijiligine

---

[1] G. Gutlyýew. Gadymy Jeýhunyň ýadygÿrliklerine syýahat. Aşgabat: Ylym, 1991. 28-29 sah.

aralaşyp başlapdyr. Bu ýordum boýunça dörän rowaýatlar, ertekiler, hekaýatlar, halk dessanlary özbek, azerbaýjan, gazak, türk, tatar, uýgur we beýleki türki halklaryň halk döredijiliginde-de duşýar. Gyzykly ýeri-de bu ýordum bilen baglanyşykly rowaýatlaryň, ertekileriň, hekaýatlaryň bir aýratynlygy hökmünde olaryň hemmesine diýen ýaly dessanlara häsiýetli bolan gurluşyň, ýagny goşgy bilen kyssanyň gezekleşdirilip gelinmeginiň mahsusdygyny bellemek bolar. Aman Kekilow «Zöhre-Tahyr» ýordumyndan dörän ertekileri gözden geçirip, «*...azerbaýjan ertekisinde jemi 118 setir, özbek ertekisinde jemi 96 setir, tatar ertekisinde jemi 128 setir, terenji ertekisinde jemi 74 setir goşgy bar. Bu dört ertekidäki hemme goşgyny jemläniňde 416 setir bolýar»* diýip ýazýar.[1] Aman Kekilow gazaklaryň «Kozy Körpeş we Baýan Suluw» ertekisiniň hem şu ýordum esasynda döredilendigini nygtap, onuň durşuna goşgy bilen ýazylandygyny belleýär. «Zöhre-Tahyr» ýordumy boýunça döredilen türkmen ertekilerinde-de goşgy getirilýär. Galyberse-de, bu ertekileriň ýene-de bir aýratynlygy hökmünde olaryň köp halklaryň arasynda iki we ondan hem köp görnüşde duşýandygyny hem aýtmak bolar.

Bu ýordum hakda Seýitmuhammet Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» eserinde-de ýatlanylýar. Ol hem bu ýordum bilen baglanyşykly ertekileriň Hindistanyň, Arabystanyň halklarynyň arasynda-da meşhurlygyny belläpdir. Muny eseriň «Giriş» bölüminden alnan aşakdaky setirlerden hem görmek bolýar:

---

[1] XVIII-XIX asyr türkmen edebiýatynyň taryhy boýunça oçerkler.-Aşgabat: Ylym, 1967. 379 sah.

Çün an erteki erdi has-u a:ma,
Dolup erdi bu Hindistan-u Şama.

Türkiýeli professor Fikret Türkmeniň pikiriçe, bu ýordumyň ýaýrawy türki halklara seredeniňde, olara goňşy bolan halklarda has giň. Alym bu hakda şeýle ýazýar: «*Tahir-Zuhra», «Tahir Mirza», «Zöhre-Tahyr», «Zohra-Tahar» —bu atlaryň geografiýasy diýseň giň, ýöne olar arassa türki taýpalaryň arasynda köp ýaýraman, ermeniler, gürjüler, albanlar ýaly bu hekaýatyň dürli-dürli nusgalaryny döreden goňşy halklarda aýratyn uly söýgä eýe bolupdyr».* [1]Görnüşi ýaly, «Zöhre-Tahyr» ýordumynyň ýaýrawy örän giň bolmak bilen, ol özbaşyna ýörite derňewi talap edýär.

«Zöhre-Tahyr» ýordumy türkmen halkynyň arasynda beýleki türki halklara seredeniňde has ir zamanlardan bäri bellidir. Ýokarda, «Zöhre-Tahyr» köşgi bilen baglanyşykly duranymyzda bu ýordum esasynda dörän rowaýatlaryň iň gadymylarynyň birini ýatlapdyk. Bu ýordum bilen baglanyşykly başga-da ençeme rowaýatlar türkmenleriň arasynda ýaşap gelipdir. Akademik Aman Kekilow bu ýordum esasynda dörän üç rowaýaty ýazyp alypdyr. Alym rowaýatlaryň birinjisini 1946-njy ýylda Aşgabadyň etegindäki Köşi obasyndan ýaşy togsana ýakynlaşan Çakan agadan ýazyp alypdyr. Görnüşine görä, Çakan aga XIX asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrynda dünýä inen bolmaly. Ýaşy togsan töweregi bolansoň Çakan aganyň huşy gideňkirlän bolmagy mümkin. Çünki A.Kekilow onuň bu rowaýatyň «mazmunyny doly aýdyp bilmändigini, yzygiderliligi saklap bil-

[1] Советская тюркология. 1987. № 3. 63 sah.

män, bölek-bölek, birden-bire baglanyşygy bolmadyk aýratyn wakalar, pursatlar şekilinde aýdyp berendigini, onda ýekeje setir hem goşgy ýokdugyny, onda türkmen däbine, türkmen urp-adatlaryna laýyk gelýän bir näçe maglumatlaryň bardygyny, bu nusganyň esasy gymmatynyň hem diňe şondan ybaratdygyny» belläpdir.[1]

Ýöne, A. Kekilowyň ýazyp alan bu nusgasynyň golýazmasy 1948-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynda Aşgabatda bolan elhenç ýer titremesiniň netijesinde ýitipdir. Alym bu hakda: «Ýeriň häli-şindi titremegini dowam edýän wagtynda, bir näçe gün dowamynda kerpiçleriň arasyny agtaryp, bu nusgany gözlemeklik hiç hili netije bermedi»[2] diýip ýazýar.

A.Kekilow ikinji nusgany Serdarabat (öňki Çärjew) etrabyndan Juma Sytdyhow diýen mugallymdan ýazyp alypdyr. Juma Sytdyhowyň özi bu nusgany 1948-nji ýylda öz obalaryndan ýazyp alypdyr. Bu nusga alymyň belleýşine görä, Orta Aziýadaky beýleki halklaryň arasyndaky şu ýordum boýunça dörän ertekilere meňzeş bolup, ol ýordumyň has gysgyldylan görnüşidir. Onda goşgy az. Alym bu türkmen ertekisiniň başga halklardaky ertekileriň mazmunynda duşmaýan ýerleri hakynda şeýle ýazýar: «*Şeýle-de bolsa, bu ertekiniň başga hiç bir ertekide duş gelmeýän aýratyn ýerleri bar. Mysal üçin, Tahyr derýa atylynda, onuň üçin sandygy Zöhre bilen Tahyryň ejesi ýasadýar. Olar sandygyň içine ýorgan-düşek, iýer ýaly zatlar salýarlar. Tahyr özüniň garry enesini Zöhrä tabşyryp gidýär:*

---

[1] Aman Kekilow. Mollanepes. (Ömri we döredijiligi). Aşgabat: TDN. 1957. 111 sah.

[2] Aman Kekilow. Mollanepes. (Ömri we döredijiligi). Aşgabat: TDN. 1957. 110 sah

*Tahyr —*

*Derýa içre joş urup,*
*Suw buldur-buldur akar.*
*Men suwda akyp gitsem,*
*Garyp enemi kim bakar.*

*Zöhre—*

*Sen mundan akyp gitseň,*
*Ýürek-bagrym ýakaram.*
*Bagu-bakjamy satyp,*
*Eneňi özüm bakaram.*

*Bu nusgada başga-da şunuň ýaly ýerler bar. Olar bu nusgany belli bir derejede beýleki nusgalardan tapawutlandyrýar».*[1]

A.Kekilow üçünji nusgany 1947-nji ýylda ýazyjy Ata Gowşudowdan ýazyp alypdyr. Ata Gowşudow bolsa ony özüniň ejesi belli türkmen ertekiçisi Ogulgerek Gowşudowadan eşidipdir. Ogulgerek eje hem bu ertekini öz ejesinden – Gökdepe etrapynyň Hurmantgökje obasynda ýaşan Annagül Köpek aýalyndan eşidipdir. Annagül Köpek aýaly 1916-njy ýylda togsan ýaşlaryndaka dünýäden gaýdypdyr. Ogulgerek ejäniň ertekisiniň gysgajyk mazmunyny A.Kekilow öz kitabynda beripdir.[2]

Üçünji nusgany halk arasynda giň ýaýrap, kämmilleşen nusga hasaplamak bolar. Sebäbi bu nusga türkmen durmuşyna has ýakynlygy bilen özüne çekýär. Bu nusgadaky

---

[1] Aman Kekilow. Mollanepes. (Ömri we döredijiligi). Aşgabat: TDN. 1957. 111 sah.

[2] Aman Kekilow. Mollanepes. (Ömri we döredijiligi). Aşgabat: TDN. 1957. 115 sah.

goşgular hem öz gurluşy, çeperçiligi boýunça halk döredijiliginiň iň giň ýaýran nusgalarynyň biri bolan halk aýdymlaryna, lälelere örän ýakyn. Muny Zöhräniň we Garabatyryň uýasynyň Tahyryň mazarynyň başyna üýşen gyzlaryň ýanyndaky aýdyşygyndan hem görmek bolýar:

Zöhre gyzlara şeýle diýýär:

Geliň gyzlar üýşeliň,
Üýşelgeden süýşeliň.
Tahyr dek zat ölende –
Üýşüşip aglaşalyň.

Garabatyryň uýasy:

Geliň gyzlar üýşmäliň,
Üýşelgeden süýşmäliň.
Tahyr geda ölende—
Üýşüşip aglaşmalyň.

Bu nusganyň halk arasynda ýörgünli bolandygyny görkezýän ýene bir tutaryk bar. Ol hem «Zöhre-Tahyr» ýordumy boýunça ýazuwly edebiýatda tutumly eseri ýazan türkmen şahyrlary Seýitmuhammet Saýady (XVII a), Molla Myrat (XVIII-XIX aa.), Mollanepes (XIX a.) dagylar öz eserlerini döredende, esasan şu üçünji nusga ýakyn wakalary saýlap alypdyrlar.

«Zöhre-Tahyryň» türkmen halk nusgalary hakynda gürrüň gidende, tä ýetmişinji ýyllaryň başlaryna çenli diňe A.Kekilow tarapyndan ýazylyp alnan ýokarky üç nusga ýatlanylýardy. B. Weliýewiň Stawropol türkmenleriniň arasyndan ýazyp alan «Zöhre-Tahyr» dessany bolsa türkmen

edebiýaty öwreniş ylmyna diňe ýetmişinji ýyllaryň başynda mälim bolýar. Häzirki wagtda bu nusga TMGI-niň golýazmalar hazynasynda saklanýar.

Dessanyň Stawropol türkmenleriniň arasyndan ýazylyp alnan nusgasy, Türkmenistandaky «Zöhre-Tahyrlara» seredeniňde käbir tapawutlara eýe. Muny dessandaky adam atlarynda-da, ýer atlarynda-da, wakalaryň bolup geçýän ýerlerinde-de görmek bolýar. Bu nusga göwrümi boýunça uly däl. Ondaky wakalaram çylşyrymlaşdyrylman sadaja beýan edilýär. Muňa garamazdan, bu nusganyň «Zöhre-Tahyr» ýordumynyň kämilleşmeginde we ýaýrawynyň artmagynda hyzmaty uludyr.

Stawropolly türkmenler bu nusgany başga ençeme dessanlar bilen Türkmenistanyň çäklerinden çykan döwürlerinde özleri bilen alyp gidipdirler.[1] Diýmek, Stawropol türkmenleri heniz Türkmenistanyň çäginden çykmankalar – şu ýerde ýaşap ýörkäler hem, «Zöhre-Tahyr» ýordumy türkmenleriň arasynda eýýäm dessan görnüşinde kemala gelipdir.

«Zöhre-Tahyr» ýordumy XVII asyrdan başlap, türkmen şahyrlarynyň döredijiligine aralaşyp başlapdyr. Bu ýordum boýunça iri göwrümli eser ýazan türkmen şahyry Seýitmuhammet Saýadydyr. Soňra XVIII-XIX asyrlarda Molla Myrat Horezmi, Mollanepes ýaly şahyrlar hem bu ýordum boýunça milli häsiýetli çeper dessanlaryny döretdiler.

[1] Weliýew Baba. Stawropol türkmenleriniň dessanlary. Aşgabat: Ylym, 1980, 17 sah.

## 2. SEÝITMUHAMMET SAÝADY WE ONUŇ «ZÖHRE-TAHYR» POEMASY

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasynda türkmen edebiýaty, gadymdan galan edebi ýadygärliklerimiz hakynda aýdylan mübärek sözleri ýada salalyň! Onda şeýle diýilýär: **«Biziň edebiýatymyz janly edebiýat, ganatly edebiýat, ol gije-gündiz aýdym bolup, dessan bolup halkyň gulagynda ýaňlanyp duran edebiýat...** «[1]. Ýöne şol ganatly edebiýat kommunistik aňyýetiň höküm süren sowet zamanasynda bolmalysy ýaly öwrenilmedi. Şonuň netijesinde, terjimehaly hem, edebi mirasy hem öwrenilmedik şahyrlar, alymlar bir ýa-da iki däl.

Şeýle şahyrlaryň biri hem XVII asyrda, XVIII asyryň başlarynda ýaşap geçen Seýitmuhammet Saýadydyr.

Saýady şahyryň edebi tahallusy bolup, onuň hakyky ady Seýitmuhammetdir. Saýady arap sözi bolup, ol türkmen dilinde awçy manysyny berýär. Arap dilinde bu söze *saýýad* diýlensoň edebiýaty öwrenijileriň köpüsi bu tahallusy türkmen dilinde-de Saýýady görnüşinde getirip başladylar. Emma aslynda bu söz türkmen dilinde saýat görnüşinde aýdylýar. Türkmenlerdäki saýat taýpasyna hem Saýýat diýlip aýdylanokda saýat diýilýär. Türkmen halk dessany «Saýatly Hemrany» hiç wagt «Saýýatly Hemra» görnüşinde sözlemändiler. Allaguly Saýatly atly türkmen şahyryny hiç wagt Allagulu Saýýatly diýip atlandyrmandylar. Emma Seýitmuhammet Saýadyny «Saýýady» diýip atlandyranlar bir ýa-da iki däl. Muňa belli derejede özbek

---

[1] Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy. Mukaddes Ruhnama. Birinji kitap. Aşgabat 2004. 189 sah.

edebiýatçylarynyň şahyryň tahallusyny «Saýýady» diýip ulanmaklary sebäp bolsa-da bolandyr.

Diňe soňky döwürlerde türkmen edebiýatçylary şahyryň tahallusyny türkmenlerde atlandyrylyşy ýaly Saýady diýip ulanyp başladylar. Dil-edebiýat ylymlarynyň doktory A.Aşyrowyň dil edebiýat ylymlarynyň doktory H.G. Göroglynyň redaksiýasy bilen neşir edilen «Туркменские поэмы XVIII века», dil-edebiýat ylymlarynyň doktorlary Geldi Nazarowyň, A.Aşyrowyň «Andalybyň golýazmalarynyň teswiri» kitaplarynda şahyryň ady Saýady görnüşinde getirilip başlandy. Biz hem şu kitabymyzda Saýadynyň adyny halk arasynda atlandyrylyşy ýaly getirmegi dogry hasapladyk. Haýsydyr bir ady köne türkmen ýazuwyndaky ýaly getirmek käte ýalňyşlyk getirip biler. Meselem, türkmenleriň arasynda Azady şahyryň ady Döwletmämmet diýlip tutulýar. Emma ýazuwda ol دولت محمد Döwletmuhammet görnüşinde gelýär. Elbetde, bu ýekeje mysal. Şundan ugur alynsa geçmişdäki şahyrlarymyzyň, alymlarymyzyň adyny halkylaşdyrmak şu günki günde maksada laýykdyr.

Seýitmuhammet Saýadynyň terjimehaly edebiýat taryhyny öwrenijiler üçin heniz näbelliligine gelýär. Diňe bir zat belli, ol hem bu şahyryň ir zamanlardan bäri türkmen halkynyň arasynda sylaglydygy, sarpalydygy, onuň döreden «Zöhre-Tahyr» eseriniň bolsa, il içinde ýatdan aýdylyp gelinýändigi belli. 1936-njy ýylda Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» eseriniň bir golýazma nusgasyny Türkmenistanyň Golýazmalar hazynasyna tabşyran edebiýatçy Hally Şahberdiýew Saýady hakynda türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynda ilkinji bolup gürrüň gozgapdyr. Ol Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» eseriniň golýazmasyny ele salyşy hakda şeýle ýazýar: «*Bu «Zöhre-Tahyr» kitaby Dänewde Çowdu-*

*ryň arabaçy tiresinden bolan Bagşy Baba diýen bir segsen ýaşly adamda saklanypdyr. Bagşy Babanyň hut öz ady Hudaýberdi, atasynyň ady bolsa Annamyratdyr... Bu «Zöhre-Tahyr» kitaby-da Bagşy Babanyň atasyndan galypdyr»*[1].

Hally Şahberdiýewiň Bagşy Babanyň sözlerine esaslanyp, tassyklamagyna görä, Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» eseri diňe Bagşy Baba we onuň atasy Annamyrat bagşy däl, eýsem beýleki türkmen bagşylary, rawylary tarapyndan hem boýdan-başa ýat tutulyp aýdylypdyr. Bu maglumaty «Zöhre-Tahyr» ýordumy bilen has içgin gyzyklanan akademik Aman Kekilow hem dürli işlerinde nygtapdyr[2]. Ýöne henize çenli ir zamanlardan bäri ýörgünli bolup gelýän bu eser we onuň ýazary Seýitmuhammet Saýady hakynda türkmen edebiýaty öwreniş ylmynda ýöritelenip ýazylan ýekeje-de ylmy iş ýok diýerliklidir.

Seýitmuhammet Saýady gelip çykyşy boýunça Lebap türkmenlerine degigşlidir. Eýsem biz haýsy çeşmelere, haýsy maglumatlara esaslanyp, şeýle netijä gelýäris? Biz şu pikiri ilki bilen şahyryň öz eserinde özi hakynda berýän maglumatlaryna esaslanyp aýdýarys.

Adatça, geçmişde türkmen şahyrlary uly göwrümli eserler ýazanynda özleri hakynda, ili, ülkesi hakynda, eser ýazmakdaky maksady ýa-da oňa sebäp bolan wakalar hakynda dürli maglumatlary galdyrýarlar. Meselem, Saýadynyň sähel yz ýanynda ýaşap geçen Nurmuhammet Andalyp

[1] Hally Şahberdiýew. «Sap goşgy bilen «Zöhre-Tahyr». «Sowet Türkmenistany» gazeti. 1936-njy ýylyň Ruhnama aýynyň 1-i.

[2] Aman Kekilow. Mollanepes (Ömri we döredijiligi). -Aşgabat: TDN, 1957, 100-101 sah. Аман Кекилов. Великий лирик.- Ашхабад: Туркменгосиздат, 1963, 73 sah.

özüniň meşhur «Ýusup-Zylyha» dessanynyň «Girişinde» şeýle maglumatlar beripdir:

Ismim idi Nurmuhammet Garyp,
Sözde tahallusym idi Andalyp,

Şährimiz Ürgenç welaýat idi,
Hanymyz Şirgazy hemaýat idi.

Asly mekanym ki Garamazydyr,
Adamy eşretde gyş-u ýazydyr[1].

Andalyp mundan başga-da dessany ýazmaga sebäp bolan wakalar hakynda-da ýatlaýar. Abdylla Şabendäniň, Gurbanaly Magrupynyň, Molla Myrat Horezminiň we beýleki türkmen şahyrlarynyň dessanlarynda-da şeýle maglumatlara duşýarys. Bu Gündogar edebiýatynda ýörgünli däp. Seýitmuhammet Saýady hem öz dessanynda öz terjimehalyna degişli aşakdaky maglumatlary getiripdir:

...Ki onda Balhyň derwezesidir,
Jahana giden ol owazasydyr.

Pakyr Saýady Haýrabat ili men,
Ki Saýat ili men, Hakyň guly men.

Eýsem Saýadynyň salgy berýän saýat ili kimler? Bu türkmen taýpasy hakynda dil-edebiýat ylymlarynyň dokto-

[1] Nurmuhmmet Andalyp. Dessanlar. -Aşgabat. Türkmenistan, 1991, 126 sah.

ry belli dilçi alym Soltanşa Atanyýazowyň türkmen tire-taýpa atlaryna, olaryň atlarynyň gelip çykyşyna bagyşlanan «Şejere» atly tutumly kitabynda şeýle maglumatlar bar: *«Saýat/saýatly. Çärjew (häzirki Lebap-Ar. M.) welaýatynyň saýat, Azerbaýjanyň Saýatly (häzirki Saatly) raýonlaryna adyny geçiren saýat ýa-da saýatly taýpasy orta asyrlarda uly türkmen taýpalarynyň biri bolupdyr. Buhara welaýatynyň Swerdlow raýonyndaky ilatyň esasy bölegini düzýän saýatlar häzir hem özlerini özbaşdak taýpa hasaplaýarlar (bu ýerde Saýat diýen obalar hem bar). XI asyrdaky seljuklar hereketi döwründe Saýatlaryň uly topary Eýrana, Azerbaýjana, Türkiýä, Yraga aralaşýar. Türkmenistanda galanlary bolsa ärsary, olam, salyr, baýat, ýomut, saryk we nerezimli taýpalarynyň düzüminde saýat atly tireleri emele getirýärler. Bu tire goňratlarda-da bar.*

*Alymlaryň aglabasy saýat diýen ady araplaryň awçy manysyndaky saýýad sözi bilen baglaşyndyrýarlar we bu pikiriň dogrudygyny subut edýän delil hökmünde, Saýat raýonynda Awçy obasynyň bardygyny hem ýatlaýarlar»*[1].

Eýranly taryhçy alym Arazmuhammet Sarly Türkmensährada ýaşaýan saýat türkmenleriniň ylma-bilime has köp üns berýän türkmen taýpasy hökmünde tanalýandygyny aýdýar. Onuň habar bermegine görä, saýat türkmenleriniň arasynda, bilimli adamlar örän köp. Saýatlaryň ýaşaýan ýerinde metjit-medreseler hem köp gurulýar. Arazmuhammet Sarly Saýatlaryň arasynda bolanynda gadymy golýazmalaryň toplumlaryna hem köp duşanlygyny nygtaýar.[2]

---

[1] Soltanşa Atanyýazow. Şereje. (Türkmeniň nesil daragty). Aşgabat: Turan-1,1994. 187 sah.

[2] «Garagum» žurnaly. 1998. № 12. 166 sah.

Seýitmuhmmet Saýadynyň öz edebi tahallusyny hut şu saýat taýpasy bilen baglanyşdyrmagy hem ýöne ýere däl. Sebäbi edebi tahalluslar ýöne ýere saýlanylmaýar. Ilki bilenem oba, şäher, welaýat, tire, taýpa, millet atlary edebi tahalluslara çeşmelik hyzmatyny ýerine ýetiripdir. Aýratynam, türkmen topragyndan sähel daşlaşan ildeşlerimiz hökman öz taýpasynyň, milletiniň ýa-da şäheriniň adyny tahallus edinip göteripdirler. Bu Gündogarda öňden gelýän däp. Köne çeşmelerden belli bolşy ýaly Merwezi, Sarahsy, Horezmi, Ürgenji..., tahalluslary (nisbeleri) bilen başga ülkelerde ýaşap ýörenler hakdaky maglumatlar ylym äleminde giňden bellidir. Möwlana Şany Tekeli, Baýram han türkmen, Jahanşa Garagoýunly, Berhurdar Türkmen, Owşar Kasym ýaly millet ýa-da tire-taýpa adyny tahallus edip göterýän şahyrlaryň, alymlaryň atlaryndan uzyn bir sanawy emele getirmek mümkin. Ýeri gelende aýtsak, türkmenleriň saýat tiresinden bolan Allaguly şahyryň (1813-1901) edebi tahallusy hem saýatlydyr[1]. Başgaça aýtsak, Seýitmuhammet Saýady öz tahallusyny awçylyk hünäri bilen däl-de, öz degişli bolan taýpasynyň ady bilen baglanyşdyryp alypdyr.

Seýitmuhammet Saýadynyň «Zöhre-Tahyryndan» täsir, görelde alanlar hem ilki bilen türkmen şahyrlary. Olaryň biri XVIII-XIX asyrlarda ýaşap geçen Molla Myrat Horezmi, ikinjisi belli türkmen nusgawy şahyry Mollanepesdir. Elbetde, köp sanly bagşylary, rawylary kätipleri hasaba almanyňda-da Molla Myrat, Mollanepes ýaly iki sany uly şahsyýetiň Saýadynyň eserinden täsirlenmegi onuň türkmendigine azda-kände güwä geçýär.

---

[1] Arzuw. Düzüji dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty Allaberdi Oraztaganow. Aşgabat: Magaryf, 1991, 13 sah.

Galyberse-de, öz peýdalanan çeşmeleri boýunça bu üç şahyr — Saýady, Molla Myrat, Mollanepes biri-birine örän ýakyn durýarlar. Eger şu üç şahyryň eserlerini hasaba alman, «Zöhre-Tahyr» ýordumy bilen baglanyşykly her haklyň hekaýatlary, rowaýatlary, ertekileri, halk dessanlary deňeşdirilip görlende olaryň tapawutlary has ýiti duýulýar. Emma bu üç şahyryň eserleri öz ugur alan çeşmeleri boýunça biri-birine örän golaýdyr, olary parhlandyrmak kyndyr.

Seýitmuhammet Saýady bilen baglanyşykly ýene-de bir maglumata ünsi çekesimiz gelýär. Dil edebiýat ylymlarynyň kandidaty Tejen Nepesow özüniň «Zöhre-Tahyr» atly makalasynda tatar alymy M. Gaýnulliniň «Zöhre-Tahyr» ýordumynyň Tatarystana aralaşmagyny Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» eseri bilen baglanyşdyrýandygyny, haýsy çeşmä salgylanýandygyny anyk görkezmese-de Saýadynyň adyny Saýady ogly Gylyç diýip atlandyrýandygyny habar berýär. Tatar alymy bu ýordumy halk arasyndan 1818-nji ýylda ýazyp alypdyr[1]. Tejen Nepesow bu maglumatlary M.Gaýnulliniň «Tatar edebiýaty»[2] diýen kitabyna salgylanyp getirýär.

Elbetde, Gylyçly maglumat Saýadyny öwrenijiler üçin täzelik. Ýöne bu at onuň türkmendigini has-da tassyklaýan maglumatdyr. Sebäbi Gylyç ady türkmenleriň arasynda bu halk özüni bileli bäri iň giňden ýaýran atlaryň biridir. Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» eseriniň golýazmalarynyň bize mälim bolan nusgalarynda Gylyç adynyň getirilýän ýerine duşmadyk. Ýöne şahyryň öz adyny «Saýady ogly», «Saýat ogly» ýaly görnüşlerde getirýän beýtleri bar:

---

[1] Tejen Nepesow. «Zöhre-Tahyr». «Aşgabat agşamy» gazeti. 1993-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 9-y.

[2] M.Gaýnullin. Tatar edebiýaty. Kazan. 1957.

**Saýady oglydyr** tenha, ýolunda ýüz doga eýlär,
Ger kim bolsa ynam etseň, ol makbuly Subhandyr.

Ýa-da:

**Saýat ogly** tapar jümle myradyn
Gije-gündiz gözi girýanda bolsa.

Saýadynyň özüniň türkmenleriň «saýat» ýa-da «saýat ili» taýpasyndan başga-da getirýän ýene-de bir maglumaty ünsi çekýär. Biz bu ýerde şahyryň:

Kyýamatda örenim Gökdemirdir,
Bu Gökdemir dek öten bir ömürdir.

Hemişe Gökdemir Hoja örenim,
Iki dünýäde maňa mähribanym —

diýen beýtlerini göz öňünde tutýarys. Eýsem Gökdemir Hoja kim? Seýitmuhammet Saýady üçin «**iki dünýäde hem mähriban**» bolan bu şahs hakda biziň elimizde hiç hili maglumat ýok. Ýöne Gökdemir Hoja hakda «**Kyýamatda örenim**», «**Hemişe örenim**» diýmegi onuň Saýadynyň atasy, garry atasy ýa-da ýakyn ata-babalaryndan biri bolandygyny çaklamaga itergi berýär. Gökdemir Hojanyň Saýadylaryň taýpasyna degişli tanymal hormatly aksakallardan biri bolmagy hem mümkin. Bu ýerde «**örenim**» sözi **ugrum**, **urugum**, ýagny **taýpadaşym** diýen manyny hem aňladyp biler.

Seýitmuhammet Saýadynyň ýaşan döwri babatda alymlaryň arasynda käbir jedelli pikirler bar. Meselem,

edebiýatçy Hally Şahberdiýew Saýadynyň «*nirede, haçan geçen şahyrlygy, kitabyň özünden aňlanylmaýar*» diýip ýazsa-da ony Mollanepesiň döwürdeşi hökmünde, diýmek **XIX asyrda ýaşan şahyr** hökmünde göz öňüne getirýär. Ol bu hakda gönüläp aýtmasa-da, aşakdaky mysal getirýän sözlerimizden şol pikiri aňlaýarys: «*...Mollanepesiň we Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» kitaplarynyň-da aslynda aýratyn bir nusgadandygyny görýäris.* ***Bulardan haýsy-da bolsa biri ikinjisinden alyp ýazan bolara çemeli***»[1].

Mollanepesiň XIX asyr türkmen şahyrydygy hemmä mälim. Şeýle ýagdaýda «*Bulardan... biri ikinjisinden alan bolara çemeli*» diýmek bilen H. Şahberdiýew Saýadyny hem **XIX asyrda ýaşan şahyrdyr** diýip oýlan bolmaly.

Elbetde, H. Şahberdiýew öz makalasyny golýazmany tapan badyna gowy öwrenmän ýazypdyr. Ýogsam, ol Saýadynyň Mollanepesden öň ýaşap geçendigini aňladyp duran maglumaty makalasynda-da getiripdir. Ol öz tapan golýazmasynyň «*... üç ýerinde musulman ýyl hasaby bilen 1221-nji ýyl ýazylypdyr*»[2] diýip bellese-de, bu senäniň Mollanepesiň heniz dünýä inmedik döwrüne düşýändigine-de üns bermändir. 1221-nji hijri ýyly 1806-1807-nji ýyllara dogry gelýär. Mollanepes bolsa 1810-njy ýylda dünýä inipdi.

Dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty K.Durdyýew Saýadyny **XIII asyra degişli** hasaplapdyr[3]. Professor H.G. Görogly Saýadynyň ýaşan döwri hakynda iki hili pikir

---

[1] H.Şahberdiýew. «Sap goşgy bilen ýazylan Zöhre we Tahyr». «Sowet Türkmenistany» gazeti. 1936-njy ýylyň Ruhnama aýynyň 1-i.

[2] H.Şahberdiýew. «Sap goşgy bilen ýazylan Zöhre we Tahyr». «Sowet Türkmenistany» gazeti. 1936-njy ýylyň Ruhnama aýynyň 1-i.

[3] K.Durdyýew. XIX asyr türkmen edebiýaty. Aşgabat: Magaryf, 1994. 250 sah.

aýdýar. Ol özüniň «Uzbekskaýa literatura» diýen kitabynda ilki şahyryň **XVIII asyra** degişlidigini bellän bolsa[1], soň onuň döredijiligi hakda aýdanda, Saýadynyň **XVII-XVIII** asyrlara degişlidigini nygtaýar[2].

Edebiýatçy Tejen Nepesow hem Saýady hakynda ýazan iki makalasynda iki dürli maglumat berýär. Onuň «Saýady we Nepes» atly makalasynda şahyryň «**XVII asyrda** liriki we epiki žanrda tanalýan ussatdygy aýdylsa[3], «Zöhre-Tahyr» makalasynda şahyryň «**XVI-XVII asyrlarada ýaşanlygy**» çaklanylýar[4]. Dil edebiýat ylymlarynyň doktory A.Aşyrowyň « Туркменские поэмы XVIII века» diýen ylmy işinde Seýitmuhammet Saýadynyň, takmynan **XVII** asyrda ýaşanlygy çaklanylýar[5].

Professor S.A. Garryýew[6], özbek edebiýatçysy T. Nyşanbaýewa[7] dagy Saýadynyň **XVII-XVIII asyrlaryň sepgidinde** ýaşandygyny tassyklaýarlar. Görşümiz ýaly Saýadynyň ýaşan döwri hakda **XVI asyrdan tä XIX asyra** — Mollanepesiň döwrüne çenli çaklamalar bar. Elbetde, şahy-

---

[1] Кор - оглу Х.Г. Узбекская литература. Издание второе, переработанное и дополненное. -Москва: Высшая школа, 1976. 134 sah.

[2] Кор - оглу Х.Г. Узбекская литература. Издание второе, переработанное и дополненное. -Москва: Высшая школа, 1976. 140 sah.

[3] Tejen Nepesow. Saýady we Nepes. Mugallymlar gazeti. 1992-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 29-y.

[4] Tejen Nepesow. Zöhre-Tahyr. «Aşgabat agşamy» gazeti. 1993-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 9-y.

[5] А.Аширов. Туркменские поэмы XVIII века. Ашхабад: Ылым, 1990. 27 sah.

[6] Seýit Garryýew. Türkmen eposy, dessanlary we gündogar halklarynyň epiki döredijiligi. 154 sah.

[7] Saýýodiý. Tohir wa Zuhra. Toşkent. Uzbekistan SSR Fanlar Akademiýasy Akademiýasy naşriýoti, 1960. 6 sah.

ryň dili, özboluşlylygy XVIII-XIX asyr türkmen şahyrlaryndan parhly. Megerem, Saýadyny XVII asyr bilen baglanyşdyrylýan çaklama hakykata has ýakyny bolsa gerek. Şondan ugur alyp, biz hem şahyryň XVII asyryň otuzynjy kyrkynjy ýyllarynda doglup, XVII asyryň ikinji ýarymynda, XVIII asyryň başlarynda ýaşap geçendigini çaklaýarys. Şahyryň «Zöhre-Tahyr» poemasy, takmynan, XVII asyryň ortalarynda döredilen bolsa gerek. Poemanyň dili XVII asyrda döredilen eserleriň diline ýakyn. Özbek edebiýatçysy T.Nyşanbaýewa hem eseriň diline esaslanyp, Saýadynyň XVII-XVIII asyrlaryň sepgidinde ýaşandygyny çaklaýar. Ýöne onuň «*Tohir we Zuhra» dostoni eng eski kul ýozmasining tili wa kogoziga karab, uning awtori XVII-XVIII asrlarda ýaşagan bulsa kerak*»[1] diýip çaklamagy biraz oýlandydýar. Sebäbi golýazma göçüriji kätipleriň Saýadynyň döwründäki kagyzlary hem, ondan bir asyr öň dörän kagyzy hem ulanmagy mümkin.

Şahyryň haýsy ýerde ýaşap geçenligi hakda-da maglumat ýok diýerliklidir. Tejen Nepesow ony **Balhda ýaşapdyr** diýip tassyklaýar.[2] Annagurban Aşyrow şahyryň türkmenleriň saýat taýpasyndan bolup, **Balh we Buhara töwereklerinde** ýaşandygyny nygtaýar.[3] Professor Mäti Kösäýew bolsa Saýadynyň **Garaköl türkmenleriniň arasynda** ýaşandygyny çaklaýar.[4] Elbetde, Balhda ýaşaýanlygyny şa-

---

[1] Saýýodiý. Tohir wa Zuhra. Toşkent. Uzbekistan SSR Fanlar Akademiýasy naşriýoti, 1960. 6 sah.

[2] Tejen Nepesow. Saýýady we Nepes. Mugallymlar gazeti, 1992-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 29-y.

[3] A.Аширов. Туркменские поэмы XVIII века. Ашхабад: Ылым, 1990. 27 sah.

[4] Kösaýew. M. Edebiýat barada söhbet. Aşgabat: Türkmenistan, 1972. 166 sah.

şahyryň özi hem tassyklaýar. Ol özüniň «Zöhre-Tahyr» eserini hut Balhda ýaşap ýören döwründe ýazypdyr:

Şükür Allaha bu bitdi jahanda,
Ki her kim ki sorar mähri nährde.

Ki onda Balhyň derwezesidir,
Jahana giden ol owazasydyr.

Buhara, Garaköl töwerekleri bolsa, saýat türkmenleriniň köpçülikleýin ýaşan ýerleridir. Şonuň üçin Saýadynyň asly gelip çykyşynyň şol ýerlerden bolmagy mümkin. Belki Saýadynyň neberelerin hem şol ýerlerde ýaşandyr.

H.G.Göroglynyň, A.Kekilowyň, S.Garryýewiň, T.Nyşanbaýewanyň işlerinde Saýadynyň nirelerde ýaşanlygy hakynda durulmandyr. Diňe A.Kekilow onuň «...Garypdyr bu Saýady binowaňyz» diýen setirlerini gönümel manysynda düşündirip, onuň garyp gatlakdan çykandygyny tassyklaýar. Alym poemada durmuşy garşylyklaryň ýiti goýulmagyny hem hut Saýadynyň garyp gatlakdan bolanlygy bilen delillendirýär. Elbetde, bu şol döwrüň goýan yzlaryndandy. Döwür we onuň aňyýeti şahyryň garyp gatlaga degişli bolmalydygyny talap edýärdi. Hut şonuň üçinem Andalybam, Azadynam, Magtymgulynam, Keminänem garyp, onda-da baýlaryň, barlylaryň garşysyna göreş alyp baran garyp hökmünde görkezmelidi. Diňe şeýle edilende olaryň «ile çykyp, öz sesini eşitdirmegine» rugsat berilýärdi. Ýagdaý şeýle bolansoň, Saýadynyň durmuşyna degişli maglumatyň saklanyp galmanlygyna seretmezden, onuň «garypdygyny» nygtamaly bolýardylar.

Maglumatlar ýok hem bolsa, ýazan eseriniň örän sowatly ýazylandygyna esaslanyp, Saýadynyň öz döwrüniň ýokary bilimli adamlarynyň biri bolandygyna, Gündogar edebiýatyndan oňat habarlydygyna ynanmak bolar. Şahyryň öz eserinde Leýli-Mežnun, Şirin-Perhat, Wamyk-Uzra, Ýusup-Züleýha, Seýpelmelek-Medhaljemal ýaly aşyklaryň, Süleýman, Mansur Hallaç ýaly şahslaryň ykbalyny bir setirde, bir aňlatmada ýerlikli ulanyp, ony öz aýtjak bolýan pikirini açyklaşdyrmakda hyzmat etdirmegi onuň Gündogar edebiýatyna beletliginden habar berýär. Şonuň ýaly-da, şahyr halkyň nähili «edebi tagamlary» isleýändigine hem gowy düşünipdir. Sebäbi bu zamanlarda şygyretiň halkylaşmak hereketi barha rowaç alýardy. Şahyryň eseriniň bagşylar, rawylar tarapyndan ýoň edilip ýatlanylmagy, aýdylmagy eýýäm kän zatlary aňladýar.

Seýitmuhammet Saýadynyň edebi mirasy hakynda gürrüň gidende, onuň «Zöhre-Tahyr» mesnewisini agzamak bolar. Şahyr «Zöhre-Tahyr» dessanyny örän uly yhlas bilen döredipdir. Elbetde, «Zöhre-Tahyr» ýordumy bilen baglanyşykly rowaýatlary, ertekileri, hekaýatlary, halk dessanlaryny Saýadynyň hem diňländigine, okandygyna, bu ýordumyň şöhratynyň uludygyna düşünendigine şübhe ýok. Şahyr öz eseriniň «Girişinde» «bir gün ýatyrka düýş görendigini, Zöhre-Tahyra duş gelendigini ýazýar:

Diýdi Saýady: Bir gün ýatyr erdim,
Ki rahat bilen men ukuda erdim.

...Ki nägäh uçradylar Zöhre, Tahyr,
Diýdiler: «Kyssamyzy eýle zahyr.

Kitap üzre ki biz hem ýat bolaly,
Okyban maksadymyza ýeteli.

Okasyn bizi ymmaty Muhammet
Eşidenler diýgeý: «Kim oňa rehmet».

Muhammede ki biz hem ymmat bolsak,
Kyýamat gün umydy şyfkat olsak.

Ne bolgaý biz hem aşyk namy bilen,
Salamat bolsak, ol ynamy bilen.

Bolar aşyklara munda melamat,
Umytdyr onda bolgaýlar salamat».

Çün an erteki erdi has-u a:ma,
Dolup erdi bu Hindistan-u Şama.

Oýanyp erdim, taky bidar boldum,
Gije-gündiz muhabbet bilen doldum.

Mysaldan görnüşi ýaly, Saýadynyň döwründe bu ýordumyň kyssasy, hekaýaty eýýäm ile belli. Hatda bu ýordumyň Hindistana, Şama ýaýranlygyndan hem şahyr habarly. Ýöne Saýadynyň döwrüne çenli bu ýordumyň haýsydyr bir şahyr tarapyndan ýörite işlenilmedik bolmagy mümkin. Bu hakda türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynda hiç hili maglumat ýok. Galyberse-de, dessandan ýokarda getiren mysalymyzda-da şahyryň Zöhre bilen Tahyry gepledip:

Kitap üzre ki biz hem ýat bolaly,
Okyban maksadymyza ýeteli —

diýdirmegi hem şol döwre çenli «Zöhre-Tahyr» ýordumyndaky kyssalaryň diňe halk döredijiliginde rowaýat, erteki, hekaýat, halk dessany görnüşinde duşup, ýazuwly edebiýatda kitap görnüşinde gabat gelmeýändiginiň subutnamasydyr. Ine şu aýdylanlardan ugur alsak, bu ýordumy Seýitmuhammet Saýady ilkinji bolup, ýazuwly edebiýata girizendir diýip netije çykarmak bolar. Şahyr muny şeýle düşündirýär:

Döwet bile galam elime aldym,
Olaryň yşkyny köňlüme saldym.

Olaryň kyssasyny nazm kyldym,
Ki aşyklara ýagşy bezm kyldym.

Gury jeziredi, bossan kyldym,
Bu aşyklara hup dessan kyldym.

Gel, eý Saýady, sen başla hekaýat,
Ki bolgaý ol hekaýatda rowaýat.

Saýady bu poemasyny dört ýylda ýazyp gutarýar. Bu hakda şahyr şeýle diýýär:

Aradan dört ýyl ötdi tamamy,
Ki şenbe güni boldy ihtimamy.

Ýöne Saýady poemany haýsy döwürde, haýsy ýyllarda ýazypdyr, ony takyk aýtmak kyn. Emma şahyr eserini

başlan ýa-da gutaran senesini takyk aýtmasa-da, sygyr ýylynyň dört tirkeşikleriniň birinjisinde şenbe güni tamamlandygyny anyk aýdýar:

Bakar ýyly muňa boldy enaýat,
Ki jumga gün idi, kyldym rowaýat.

Rowaýat kyldym ol aşyklaryma,
Hudaýyň ýolunda laýyklaryma.

Rabygyl-owwal aýynda bitildi,
Ýene bilgil, oşal aýda ýetildi.

Eger şahyr dessany, takmynan, XVII asyryň ortalarynda döredendir diýip çaklasak onda bu senäniň 1076 hijri ýylynyň sygyr ýylyna gabat gelýän bolmagy mümkin. Çünki 1064-nji hijriniň sygyr ýyly şahyr otuzynjy ýyllarda doglandyr diýenimizde-de biraz ir görünýär. Entek ýaş şahyra XVII asyryň 30-njy ýyllarynda doglandyr diýenimizde ýigrimi ýaşlarynda beýle çeper we kämil eseri döretmekden irräk bolup biler. Galyberse-de, şahyryň XVII asyryň 40-njy ýyllarynda doglan bolmagynyň mümkindigini hem aradan aýyrmaýarys. 1076-njy hijriniň sygyr ýylynda 25-35 ýaş töwereklerindäki Seýitmuhammediň dessany ýazyp gutaran bolmagy mümkin. Eger giç bolsa, onda dessanyň ýazylyp tamamlanan wagty 1088-nji hijriniň sygyr ýylynda bolup biler. Bu döwürde Saýady biziň çaklamamyza görä, 35-45 ýaşlarynda bolup biler.

Dört ýylyň yhlasy siňdirilen bu dessanyň diliniň çeperligi, öwrümli sözlere, dürli aňlatmalara baýlygy şahyryň ussatlygyndan habar berýär.

# 3. SEÝITMUHAMMET SAÝADYNYŇ XVIII – XIX ASYR TÜRKMEN EDEBIÝATYNA TÄSIRI

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy 1999-njy ýylyň Gurbansoltan aýynyň 12-sinde ýurdumyzyň teatr işgärleri bilen geçiren duşuşygynda sözlän sözünde türkmeniň baý edebiýatyna gadyr goýmagyň zerurdygy hakynda söz açyp «**Biziň beýik şahsyýetlerimiz näçe diýseň bar, eger-de siz «Görogly» eposyny, «Gorkut ata» eposyny, «Zöhre - Tahyry», «Şasenem - Garyby», «Hüýrlukga - Hemrany» we beýleki dessanlarymyzy bäş-alty gezek okap görseňiz, türkmeniň taryhynyň gadymydygyna, türkmen diliniň nähili baýdygyna göz ýetirersiňiz**» diýip sargapdy. Seýitmuhammet Saýadynyň hem «Zöhre-Tahyr» eserini okanymyzda türkmen diliniň nähili şirindigine, mazmunynyň çeperdigine, öňe sürýän pikirleriniň paýhaslydygyna göz ýetirmek bolýar. Eýýäm XVII asyrda «Zöhre-Tahyr» ýordumyny meşhur eden bu dessan özünden soňky eserlere-de täsirini ýetiripdir.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň «**Adamzat kalbynyň şahyry**» diýip atlandyran şahyry Magtymguly Pyragy heniz XVIII asyryň ortalarynda:

Tutmady olar dünýäni,
Galmady ýary-ýarany.
Misli ol Tahyr Zöhräni,
Söýen dek söýmüşem seni – [1]

[1] Magtymguly. Saýlanan eserler. Iki jiltlik. 1-nji jilt. Aşgabat: Türkmenistan, 1983, 78 sah.

diýip ýazan mahaly onuň Seýitmuhammet Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» eserinden habarlydygy şübhesizdir. Saýadynyň eserinden käbir setirleriniň Magtymguly Pyragynyň şygryýetine aralaşmagy hem biziň pikirimizi tassyklaýar. Has takygy, Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» eserindäki Tahyryň dilinden aýdylýan «Töwekgel - ner erer, endişe - mada» diýen setir Magtymgulynyň «Gidiji bolma» diýen goşgusynda «Töwekgel - ner erer, endişe - maýa» görnüşinde getirilýär. XVIII asyrda Magtymguly bilen goşgy aýdyşyp ýören türkmen şahyry Zunubynyň hem Saýadynyň «Zöhre - Tahyr» poemasynyň bir golýazma nusgasyny göçürmegi onuň bu esere ýokary baha berendiginden alamatdyr. XVIII asyr türkmen poemalaryny ýörite öwrenen A.Aşyrow hem « *Seýitmuhammet Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» poemasynyň türkmen epiki şygryýetine uly täsiri boldy*» diýip belläpdir.[1]

XVIII asyryň ikinji ýarymynda - XIX asyryň birinji ýarymynda ýaşap geçen türkmen şahyry Molla Myrat Horezminiň «Zöhre-Tahyr» dessanynyň Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» poemasyndan täsirlenip döredendigi gürrüňsizdir. Başgaça aýtsak, Molla Myradyň dessanyny Saýadynyň eserine ýazylan nezire diýip düşünmek bolar. Iki dessanyň arasyndaky ýakynlygy, çalymdaşlygy mazmun babatda-da, wakalaryň yzygiderliligi babatda-da öňe sürülýän pikir-düşünjeler babatda-da, eserleriň gurluşy babatda-da, eserlerde getirilýän keşpler babatda-da yzarlamak mümkin. Elbetde, Molla Myrat ýordumyň umumy ugruny saklan hem bolsa, oňa öz döwrüniň keşbini, düşünjesini, dilini öz döredijilik hyýalbentligini (fantaziýasyny) siňdiripdir. Şeýlelik-de des-

---

[1] А.Аширов. Туркменские поэмы XVIII века. Ашхабад: Ылым, 1990. 26 sah..

sanyň öz many-mazmuny babatda-da täze bir özbaşdak eser bolandygyny aýdyp bileris. Galyberse-de, Molla Myradyň döwründe türkmen edebiýaty, aýratynam, dessanlar ýokary millilige eýe bolupdy. Molla Myrat Saýadydan parhlylykda öz eserini kyssa bilen şygry utgaşdyryp ýazypdy. Bu bolsa eseriň bagşylar tarapyndan ýerine ýetirilmeginde köp ýeňillikleri döredýärdi. Kyssa bilen şygyr utgaşyp gelende bagşylar eseriň kyssa bölegine has erkin çemeleşip bilýärdiler. Saýadynyň eserini hem bagşylar ýatdan aýdýardylar. Ýöne diňe goşgy bilen ýazylan eserler bagşylara erkin çemeleşmäge az mümkinçilik berýärdi. Diňe şahryçylykdan oňat baş çykarýan bagşylar goşgulary üýtgedip başarýardylar.

Molla Myrat dessandaky keşpler babat-da Saýadydan görelde alan hem bolsa, köp ýerde has döredijilikli çemeleşipdir. Aýratynam, Molla Myradyň dessanynda Tahyryň keşbi Saýadynyň eserindäki Tahyryň, şeýle hem Tahyryň halk nusgalaryndaky keşplerinden has gaýratly, edepliligi bilen parhlanýar. Saýady Tahyryň derýa taşlanmagyny kysmat hökmünde, bolaýmaly zat hökmünde düşündirýär. Şonuň üçin ol derýa taşlanjak bolup duran Tahyryň keşbini kysmata kaýyl, garşylyksyz boýun synýan halda berýär:

Diläňiz Hydyr atadan bir dogaýy,
Diläň, ki rehmini salgaý Ylahy.

Sapardyr, maňa barmak gerekdir,
Nä kim kysmat bolar, görmek gerekdir.

Barymyza Huda gamhor bolsun,
Bu yşk gullaryna ýar bolsun.

Ki aşyklar işi daýym töwekgel,
Köýer yşk oduna, kylar tahammyl.

Saýadynyň dessanynda Tahyryň ejesi Şahyhuban hem şu ýagdaýa kaýyl. Ol Tahyra göwünlik berip şeýle diýýär:

Ýene ol ýerde Tahyryň enesi,
Ne kylsyn gözüniň agy-garasy.

Köýüp, ol nalalar binýat kyldy,
Niçe sözler okyp, ebýat kyldy.

Diýdi kim: «Eý, balam, merdana bolgul,
Geçip jandan ýene janana bolgul.

Molla Myradyň dessanynda-da bu wakalar Saýadynyň dessanyndaky ýaly yzygiderlilikde gaýtalanýar. Bu ýerde-de Tahyr bilen Zöhräniň söýüşýändigi hakyndaky habar Babahan patyşa ýetirilýär. Şanyň iberen ýasawullary hem Tahyryň ýanyna gelýär. Ýöne bu ýerde Tahyr ilkibaşda hatda şanyň ýanyna barmakdan hem ýüz dönderýär. Ol ýasawullara şeýle jogap berýär:

Wada kylyp, wadasynda durmaýyn,
Aşyklary magşugyna bermeýin,
Babahanyň ýüzün hergiz görmäýin,
Meniň peýamymy sizler ýetiriň.[1]

[1] Gruziýa Ylymlar akademiýasynyň K.S. Kekelidze adyndaky Golýazmalar instituty. TUR AS 16.

Şahyhubanyň, Zöhräniň, Mahymyň, Garabatyryň keşbinde-de şahyryň düşündirişlerinde, olaryň häsiýetlerinde täzeçillik bar. Emma umumy mazmun, waka yzygiderliligi Saýadynyň dessanyndan aýrybaşgalaşmandyr. Esere täze goşulan wakalar köp däl. Molla Myradyň eserine girizen täzelikleriniň biri hem Saýadynyň dessanynda atsyz gelýän käbir gahrymanlaryň anyk atlar bilen getirilmegidir. Saýadynyň dessanyndaky bagban Molla Myradyň dessanynda Mahmyt Çaharbagban, kasyt bolsa Kabyl diýlip atlandyrylypdyr. Bu bolsa ol gahrymanlara belli bir anyklyk berip, olaryň ýatdagalyjylygyny artdyrypdyr.

Molla Myradyň «Zöhre-Tahyr» dessany bilen Seýitmuhammet Saýadynyň adybir eseriniň özara baglanyşygy hakynda biz özümiziň «Molla Myrat Horezmi we onuň edebi mirasy» atly dissertasion işimizde giňişleýin durup geçendigimiz üçin bu ýerde gaýtalamakdan saklanýarys.

XIX asyr türkmen nusgawy şahyry Mollanepes hem Seýitmuhammet Saýadynyň döredijiliginden täsirlenen şahyrlaryň biridir.

Mollanepesiň dessany bu ýordum esasynda ýazylan has çeper, has kämil we hyýalbentlige (fantaziýa) baý eserdir. Edebiýatçy Tejen Nepesowyň «Saýýady we Nepes» 1. Edebi gatnaşyklaryň täsiri» atly makalasyndaky «*Faktlar Saýýady we Nepesiň ylham babatda bir käseden şerap içendigini aýdýar*»[1] diýen sözleriniň üstüni Molla Myradyň hem «Ylham alan şerabynyň şol käsedäki şerapdygy» bilen ýetirmek bolar. Has takygy bu üç şahyryň eserleri waka ýordumy boýunça meňzeş. Diňe wakalary däl, eýsem esasy

---

[1] Tejen Nepesow. Saýady we Nepes. I. Edebi gatnaşyklaryň täsiri. „Mugallymlar gazeti». 1992-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 20-si.

gahrymanlaryň hemmesiniň diýen ýaly atlary hem, hereketleri hem, esasan, meňzeşdir. Bu meseläniň bir tarapy. Meseläniň ikinji tarapy, Molla Myradyň öz dessanyny ýazanda Saýýadydan, Mollanepesiň bolsa ol şahyryň ikisinden hem Saýýadydan hem, Molla Myratdan hem täsirlenendigini görmek bolýar. Mollanepesiň «Zöhre-Tahyrynda» Saýýadynyň eserindäki käbir goşgularyň üýtgewsiz diýen ýaly girizilendigini hem synlamak bolýar. Meselem, Saýýadynyň «Zöhre-Tahyrynda» şeýle gazal bar:

Eý, şemsi enwer ýüzlügim, görmegeý erdim käşki,
Köňlümi ahu-gözüňe bermegeý erdim käşki.

Eý, gülşeni Bagy Erem, eý mähriban zyba senem,
Lebiňniň şerbetin dembe-dem sormagaý erdim käşki.

Yşkyňda men eý bihabar, ýyglap ýörüp şam-u säher,
Hijran çekip huny jiger, ýörmegeý erdim käşki.

Yzlap wysalyň, eý göwher, gedaýy boldum derbe-der,
Hümmet etegin elime almagaý erdim käşki.

Ýadyňdadyr men gijeler, perýatlar kyldym säherler,
Boldum haraby derbe-der, ýörmegeý erdim käşki.

Geldim adem sährasyndan, men bu wujut eýwanyna,
Çün kyldym aşyklyk işin, bilmegeý erdim käşki.

Misgin Saýýady bakerem, boldy sowaly lajerem,
Merdanawer yşka gadam goýmagaý erdim käşki.

Mollanepesiň «Zöhre-Tahyrynda» bu gazal aşakdaky görnüşde getirilýär:

Eý, şemsi enwer ýüzli gül,
Görmegeý erdim käşiki.
Owwalda men saňa köňül
Bermegeý erdim käşiki.

Eý, bilbili Bagy Erem,
Eý, mähriban zyba senem,
Laglyň zekatyn dembe-dem,
Sormagaý erdim käşiki.

Yşkyňda men ,eý, bihabar,
Aglap gezip şam-u säher,
Hijran çekip huny jiger,
Dilmegeý erdim käşiki.

Sen jilwe eýläp jan era,
Diwana men ynsan era,
Başym salyp meýdan era,
Girmegeý erdim käşiki.

Yzlap wysaly men geda,
Kyldym eziz janym pida.
Hümmet etegin bilime,
Urmagaý erdim käşiki.

Tahyr diýer, eý bakerem!
Boldy suýy lajerem.

Merdan durup yşka gadam,
Goýmagaý erdim käşiki[1].

Görşümiz ýaly, käbir sözler çalşyrylypdyr diýmeseň, Mollanepes, esasan, Seýitmuhammet Saýadynyň «Zöhre-Tahyryndaky» şygyr setirlerini gaýtalaýar. Şeýle hem Mollanepesde bir bent kem gelýär. Ýene bir tapawudy ol hem Saýadyda bu goşgy gazal görnüşinde gelse, Mollanepesde ol murapbag görnüşinde alnypdyr. Saýadynyň «Zöhre-Tahyryndaky Mahymyň dilinden aýdylýan «Eý, mähribanym, istesem, tapgaýmenmu ýa Rep  seni» diýen setir bilen başlanýan gazal hem Mollanepesiň «Zöhre-Tahyrynda-da» Mahymyň dilinden diňe käbir üýtgeşmeleri  hasap etmeseň, tas gaýtalanyp gelýär diýmek boljak. Saýady bu şygry gazal görnüşinde alypdyr:

Eý, mähribanym, istesem, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni,
Eý, ýary janym, yzlasam tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Yşkyňda men boldum garyp, hem zagpyran dek sargaryp,
Tün gijelerde agtaryp, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Eý näzenin simin beden, jan gitdi munda galdy ten,
Eý dilnowazym kaýda sen, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Her ýerde eýlär men höwes: bolsam ýene bir hemnepes,
Eý wahydy, perýatres, tapgaýmenmu ýa Rep, seni.

---

[1] Mollanepes (lirikasy we «Zöhre - Tahyr» dessany). Aşgabat: TYA-nyň neşirýaty. 1963. 213-214 sah.

Biçäreýi misgin bolup, ýollar başynda delmuryp,
Her dem ýürekden ah urup, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Bir bilbili nalany zar, ber hajatym Perwerdigär!
Boldum ýoluňda intizar, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Köňlümde arman biadat, diýmenem waslyňny samat,
Eý kulhuallahy ahat, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Eý şemsi nuren wessafa, eý hadyýy nury Huda
Muýyň welleýli wezzuha, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Misgin Saýady täbekeý, nala kylar sen misli naý,
Biçäre husnuňy göreý, tapgaýmenmu, ýa Rep, seni.

Bu goşgy Mollanepesiň dessanynda aşakdaky görnüşde gelýär:

Eý mähribanym, ýoldaşym,
Taparmenm, ýarym, seni?
Gurban kylam malym-başym,
Taparmenmi, ýarym, seni?

Yşkyňda men boldum garyp,
Hem zagpyran dek sargaryp.
Tün gijelerde agtaryp,
Kandan tapaý, ýarym, seni?

Eý, näzenin simin beden,
Jan gitdi, munda galdy ten,

Eý hümmeti aly kehen,
Kandan tapaý, ýarym, seni?

Her lahza kyldym men höwes,
Bolsam ýene bir hemnepes.
Eý, kadyry perýatres,
Kandan tapaý, ýarym, seni?

Biçäreýi misgin bolup,
Ýollar başynda delmuryp,
Her dem ýürekde ah urup,
Kandan tapaý, ýarym, seni.

Bir bilbili nalaýy zar,
Ber hajatym, Perwerdigär!
Boldum ýolunda intizar,
Kandan tapaý, ýarym, seni?

Eý, şemsi enwer wezzuha!
Eý, hadyýy-nury Huda,
Eý, gülşeni-bady saba,
Kandan tapaý, ýarym, seni?

Mahym diýer, eý, serwi boý!
Nala kylar men misli naý,
Arzuwda men husnuň göreý,
Kandan tapaý, ýarym, seni[1].

---

[1] Mollanepes (lirikasy we „Zöhre - Tahyr» dessany). Aşgabat. TYA- nyň neşirýaty. 1963. 356-357 sah.

Mollanepesiň şygrynda «Ýa Rep, seni» gaýtalanýan kapyýasy (refreni) «Ýarym seni» görnüşinde alnypdyr. Ýöne Saýadynyň dessanynyň hem «Ýarym seni» görnüşinde getirilen golýazma nusgalary-da bar. Eýsem bu meňzeşlikler nämäni aňladýar?! Alymlar bu ýagdaýy dürli hili düşündirýärler. Meselem, edebiýatçy Tejen Nepesow ýokarda ýatlanylan makalasynda şeýle düşündiripdir: «*Nepes öz «Zöhre-Tahyryny» ýazýarka, ine, Saýýadynyň şu «Tahyr we Zöhre» atly poemasyny nusga hökmünde goldanýar. Saýýady we Nepesiň edebi gatnaşygyny haýsy fakt we detallar subut edýär? Nepes uly edebi aň we adatdan daşary ýatkeş bolany üçin Saýýadynyň «Tahyr we Zöhre» poemasyny okaýarka we özleşdirýärkä ondaky çeperçilik figuralar, obrazly aňlatmalar, frazeologik birlikler, setirler, hat-da tutuş beýtler onuň ýadynda galypdyr we «Zöhre-Tahyry» döredýärkä şol elementler we faktlar Nepesiň hut Saýýadyny okanyny, onuň täsirinde bolanyny şübhesiz subut edýärler... Şeýlelikde, meseläniň bir tarapy, ýagny meňzeşlikler arkaly Nepesiň hut Saýýada uýany aýan bolýar. Hakykatda, Nepesiň aýak yzlary baryp, Saýýadynyň bagyna girýär...*»[1]. Professor S.A. Garryýew bu meňzeşlikleri biraz başgaça düşündirýär: «*Mollanepesiň we Saýýadynyň iki sany meňzeş şygyrlary hem bar. Ol şygyrlar şahyrlaryň haýsy hem bolsa biriniň dessanyndan (poemasyndan) ikinjisiniňkä golýazmalardan göçürilende ýa aýdylanda geçendir diýip pikir edýäris*»[2]. Bu ýerde alym goşgynyň aslynda Mollanepesiňki bolup, soň göçürijiler, aýdyjylar tarapyndan Saýadynyň eserine geçen bolmagynyň ähtimallygyny çaklaýar. Emma professoryň bu tassyklamasy

[1] Tejen Nepesoň. Saýady we Nepes. Edebi gatnaşyklaryň täsiri. „Mugallymlar gazeti». 1992-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 20-si.

[2] Seýit Garryýew. Türkmen eposy, dessanlary we gündogar halkalrynyň epiki döredijiligi. Aşgabat: Ylym, 1982 , 171sah.

sypaýyçylykly aýtsak howlukmaçlyk bilen aýdylan pikirdir. Sebäbi Mollanepesiň özi XIX asyrda doglan we ol öz dessanyny şol asyryň ortalaryna golaý döwürde ýazýar. Saýady bolsa XVII asyrda dünýä inýär we şol asyrda öz eserini ýazýar. Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynda Saýadynyň eseriniň heniz Mollanepes dogulmanka göçürilen golýazma nusgalary-da bar. Şahyryň şeýle golýazmalarynyň biri XVIII asyr türkmen şahyry Zunuby tarapyndan göçürilipdir. Dogry S.A. Garryýew hem öz derňewiniň dowamynda Saýadynyň köne golýazmasynda şol meňzeş gazala duşandygyny belleýär: «*Saýýadynyň eseriniň bir köne golýazmasynda ýokarda mysal alnan gazala hem duşýarys. Şonuň üçin ol setirler Saýýadynyň poemasyndan Mollanepesiň dessanyna geçendir diýip pikir edýäris*»[1]. Ýöne alym bir eserden beýleki esere geçen şygyrlary «*soňky wagtlarda göçürijiler tarapyndan, ol şygryň üsti Saýýadynyň eseri bilen doldurylypdyr*»[2] diýip düşündirýär.

Elbetde, alym «günäni» ýene-de göçürijileriň üstüne atýar. Munuň özi Mollanepesiň dessanynyň asyl nusgasyndaky goşguda Saýadynyň goşgusyna meňzeşlik ýokdur, ýöne soň göçürijiler bu goşgyny Saýadynyň eserinden göçürendir ýa-da Saýadynyň goşgusy bilen çalşyrandyr diýip netije çykarmak. Ýöne bu «günäni» kätipleriň näçesiniň boýnuna dakjak. Sebäbi Mollanepesiň bu goşgularyny göçüren kätipler bäş ýa-da on däl, olar has köp. Diýmek, bu kätibiň günäsi däl. Bu goşgulary Mollanepes düşünjelilik bilen öz dessanyna girizipdir.

---

[1] Seýit Garryýew. Türkmen eposy, dessanlary we gündogar halkalrynyň epiki döredijiligi. Aşgabat: Ylym, 1982 , 173sah.

[2] Seýit Garryýew. Türkmen eposy, dessanlary we gündogar halkalrynyň epiki döredijiligi. Aşgabat: Ylym, 1982 , 173sah.

«Dahan içre asal ezip» başaran uly söz ussady Mollanepes näme üçin bu goşgulary durşuna diýen ýaly gaýtalaýar?! Biz muny şeýle düşündirmek isleýäris: Birinjiden, Saýýadynyň bu gazallary örän çeper bolup, olar Mollanepese ýarapdyr. Ol bu gazallary üýtgetmän, şol durşuna diýen ýaly esere girizmegi ýerlikli hasaplapdyr. Ikinjiden, «Eý. şemsi enwer ýüzlügim, görmegeý erdim käşki» diýen setirleri bilen başlanýan gazal Alyşir Nowaýynyň «Käşki» redifli gazalyna hem mazmuny we görnüşi taýdan örän ýakyn. Elbetde, Mollanepes Nowaýynyň döredijiliginden habarly we ondan döredijilikli täsirlenen şahyr. Şonuň üçin hem şahyr eger Saýadynyň bu gazaly Nowaýydan täsirlenip we uly bir üýtgeşme girizmedik bolsa soňky täsirlenen hem şol däbi saklasa dogry bolar diýen düşünjeden ugur alan bolmagy mümkin.

Elbetde, Mollanepes bilen Saýadynyň eserleriniň arasyndaky ýakynlyk diňe şu iki goşgy bilen çäklenmeýär. Dessanyň köp ýerinde köp goşgularynda meňzeşlikler bar. Ýöne bu meňzeşlikleriň hiç birine gönümel halda bir şahyryň beýleki bir şahyry şol durşuna gaýtalamasy diýmek diňe bir ýöntemlik däl, eýsem Mollanepesiň ruhy dünýäsine, has aňry gitsek Gündogaryň edebi däplerine çala düşünmeklik bolardy.

Mollanepesiň dessançy şahyr hökmündäki ussatlygy «Zöhre-Tahyr» dessanyny özünden öň döredilen «Zöhre-Tahyrlardan», şol sanda Seýitmuhammet Saýadynyň hem «Zöhre-Tahyryndan» bütinleý başgaça, bütinleý täze, ýokary çeperçilik derejesine ýetirip bilmegindedir. Dessandaky öňden tanyş keşplere öz döwrüne laýyklykda öz garaýyşlaryny siňdirip, olary täze wakalaryň içinde açyp görkezmegindedir.

# 4. SAÝADYNYŇ EDEBI MIRASYNA DEGIŞLI GOLÝAZMA ÇEŞMELERI

Ajaýyp «Zöhre – Tahyr» dessanyny döreden Seýitmuhammet Saýadynyň şu poemasyndan başga nähili eserleriniň bardygy bize belli däl.

Şahyryň döredijiliginden ýörite dissertisiýa ýazan T.Nyşanbaýewa hem onuň şu dessandan başga hiç hili eseriniň özüne mälim däldigini, diňe ýekeje beýazda duşýan bir gazalyň Saýada degişlidigini anyklandygyny belleýär we öz kitabynda 5 beýtlik şol gazaly tutuşlygyna getirýär. Biz ony alymyň kitabyndan bolşy ýaly görnüşde getirýäris:

Eý, mehribonim, istasam, tobkaýmumen, ýorim seni,
Eý, ýori jonim, istasam, tobkaýmumen, ýorim seni.

Işkingda buldum men garib, çun zafaron dek sargarib,
Keçaýu kunduz ýolborib, tobkaýmumen ýorim seni.

Eý, nozanin simin badan, jon ketdi, koldi munda tan,
Eý, himmati oliý, baland, tobkaýmumen ýorim seni.

Har lahza kilur men hawas, bulsam ýana bir hamnafas,
Eý, wohidi farýodiras, tobkaýmumen ýorim seni.

Misgin Saýýod, tobakaý, nola kilursen misli naý,
Umr utdi ketdi masti maý, tobkaýmumen ýorim seni.[1]

---

[1] Saýýodiý. Tohir wa Zuhra. Toşkent. Uzbekistan SSR Fanlar Akademiýasy naşriýoti, 1960. 6 sah.

T.Nyşanbaýewa bu gazaly Özbegistan YA-nyň Biruny adyndaky Gündogary öwreniş institutynyň 9355-nji bukjasynda saklanýan beýazyň 363-364 sahypalaryndan tapýar. Emma alym şu gazaly hut şu dessanda Mahymyň dilinden aýdylan gazal hökmünde hem getirýär.[1] Bu maglumatlary bolşy ýaly gaýtalan professor H.G.Görogly hem muňa üns bermändir.[2] Bu gazal dessanyň Türkmenbaşy adyndaky TMGI-niň 129-njy belgili bukjasynda saklanýan nusgasynda-da eseriň içinde gelýär. Munda käbir söz tapawutlary bar. Şeýle hem T. Nyşanbaýewanyň kitabynda by gazal bäş beýtden ybarat bolsa, 129-njy bukjada bu gazal dokuz beýtden durýar.

Türkmen golýazmasyndaky nusga, görşümiz ýaly, «özbekçe» nusga (biz özbek alymy T. Nyşanbaýewanyň özbek dilinde neşir etdiren kitabyny göz öňünde tutýarys) seredeniňde möçber taýyndan ep-esli artyk. Bu diňe şu gazal babatda-da däl. Dessanyň köp ýerlerindäki artykmaç beýtleri gören okyjylar muňa göz ýetirendirler.

Tejen Nepesowyň makalasynda-da Saýadynyň edebi mirasyna degişli gazallar hakynda gürrüň edilýär. Ýöne ol gazallar hem dessanyň içinde duşýar. Meselem, «Gadryny», «Behişt», «Dowzah», «Jyda», «Elwedag», «Gerek», «Aýrylyp» ýaly gazallar dessanda Tahyryň, Zöhräniň, Tahyryň enesiniň dilinden aýdylýan gazallardyr. Umuman, dessanda gazal az däl. Başga-da köp gazallar bar. Bu gazallaryň hemmesiniň yzyndan Saýady öz adyny hem getiripdir. Şonuň üçin bu gazallaryň beýazlarda duş gelýän nusgalarynyň Saýadynyň özbaşdak eseri hökmünde çaklanyl-

---

[1] Saýýodiý. Tohir wa Zuhra. Toşkent. Uzbekistan SSR Fanlar Akademiýasy naşriýoti, 1960. 149-150 sah.

[2] Кор - оглу Х. Г. Узбекская литература. Издание второе, переработанное и дополненное. -Москва: Высшая школа, 1976. 140 sah.

magy asla geň däl. Hakykatdanam, bu gazallaryň birnäçesi dürli beýazlara aralaşypdyr. Bu beýazlaryň käbiri dil-edebiýat ylymlarynyň doktorlary G. Nazarowyň, A. Aşyrowyň düzen teswir kitaplarynda hem teswirlenilip geçilýär.[1] A.Aşyrowyň «Magtymgulynyň golýazmalarynyň teswiri» diýen kitabynda Türkmenbaşy adyndaky TMGI-niň golýazmalar hazynasynyň 2, 3-nji bukjalarynda saklanýan beýazlara teswir berilýär. Bu beýazlarda Saýadynyň hem gazallary bar.[2] 2-nji bukjadaky beýazda 40-dan gowrak şahyryň goşgulary ýerleşdirilipdir. Olaryň arasynda Hafyz, Jamy ýaly pars dilli şahyrlaryň hem ençemesi bar. Ýazary näbelli bolan türkmençe we parsça goşgular hem bar. Beýazda Saýadynyň «Ne helawatdyr maňa, eý, ýar, senden aýrylyp», «Yşk era Mejnun bolup men, Leýli dek ýarym gerek», «Eý, nigär-ä, galmady bu tende derman elwedag», «Dostlarym, ol dilberi şirin lukga bolgaý nesip» diýen setirler bilen başlanýan gazallary bar (88 w). Golýazma 1273(1856-57)-nji hijri ýylynda göçürilipdir. 2-nji bukja berlen bu teswir A.Aşyrowyň G. Nazarow bilen bilelikde düzen «Andalybyň golýazmalarynyň teswiri» diýen kitabynda hem bolşy ýaly gaýtalanýar.[3]

Beýleki 3-nji bukjada saklanýan beýaz Mollamurtyň göçüren golýazmasydyr. 30-a golaý şahyryň goşgularyny, «Leýli-Mejnun», «Şasenem-Garyp» dessanyndan parçalary öz içine alýan bu beýaz golýazmanyň kätibi Mollamurtyň 1885-nji ýylda doglandygyny göz öňünde tutsaň,[4] onda bu

---

[1] A. Aşyrow. Magtymgulynyň golýazmalarynyň teswiri. Aşgabat: Ylym, 1984; G. Nazarow, A. Aşyrow. Andalybyň golýazmalarynyň teswiri. Aşgabat: Ylym, 1990.

[2] A. Aşyrow. Magtymgulynyň golýazmalarynyň teswiri. 57-58, 59-60 sah.

[3] G. Nazarow. A.Aşyrow. Andalybyň golýazmalarynyň teswiri 11-12 sah

[4] Türkmen edebiýatynyň taryhy. IV jilt. Aşgabat: Ylym, 1979. 77 sah.

beýazyň XX asyryň başlarynda göçürilen bolmagy mümkin. Ýöne biziň pikirimizçe, 3-nji bukjadaky Saýadynyň adyna berilýän gazal Seýdä degişli bolmalydyr. Dogry, bu gazal öz äheňi boýunça Saýadynyň gazallaryna meňzeşräk:

Eý, zaty päki enbiýa, janlar pida didaryňa,
Sen-sen resuly atkyýa, janlar pida didaryňa.

Eý, hatymy ahyrzaman, täj-u seri pygamberan,
Eý, seýýidi nury jahan, janlar pida didaryňa.

Hakdyr hemişe ägähiň, arş üzredi jowlangähiň,
Hurşyt erer häki rahyň, janlar pida didaryňa.

Eý, enbiýalar serweri, uşşaklarynyň rehberi,
Eý, şemsi mahy enweri, janlar pida didaryňa.

Eý, Seýýidi, nury älih,çekdim syry köýüňde ah,
Kylgyl gedaýyňa nigäh, janlar pida didaryňa.

Dessandaky gazallaryň heniz teswir kitaplaryna girmedik golýazmalarda-da duş gelýänleri bar. Meselem, 4/1-nji bukjadaky golýazmada şahyryň «Yşk era Mejnun bolup men, Leýli dek ýarym gerek», «Sözi bilip sözlegenler hup biler söz gadryny», «Röwşeni päkizeden ne hup, ajap jaýdyr behişt», «Çün bilmez ähli jahyllar, nedir bu hikmeti dowzah», «Eý. mähribanym, istesem, tapgaý meni ýa Rep seni» (26 sah.), 91-nji bukjadaky golýazmada «Dostlarym, ol dilberi şirin zyban bolgaý nesip», «Dostlarym, boldum bu gün, ol mähribanymdan jyda» diýen setirler bilen başlanýan gazallary bar. Bu gazallaryň hemmesi hem şahyryň «Zöhre-Tahyr» mesnewisiniň içinde gelýär. Elbetde, mu-

nuň özi şahyryň dessanynyň il içinde örän meşhur bolanlygyny aňladýan alamatdyr. Aslynda-da çeper dil bilen ýazylan bu gazallar Saýadynyň uly ussatlygyndan nyşandyr.

Türkmenbaşy adyndaky TMGI-de Seýitmuhammet Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» dessanynyň iki nusgasy bar. Olaryň birinjisi 129-njy belgili bukjada saklanýar. Dessanyň başlanýan ýerinden iki-üç warak ýetmeýär. Hudaýa, onuň resuly Muhammet pygambere, dört çaryýarlara aýdylýan salawatlar ýok. Golýazmanyň ortasynda-da garawulynyň dogry gelmeýän käbir waraklary bar ($2^b$-$3^a$, $28^b$-$29^a$). Golýazmada eseriň köp beýtleriniň galdyrylyp gidilendigini görmek bolýar. Golýazmada eserden jemi 1263 beýt bar. Diýmek ýene 1100 beýt dagy ýetmeýär. Tejen Nepesowyň «Saýýady we Nepes. 1. Edebi gatnaşyklaryň täsiri» atly makalasynda bu san sähelçe artdyrylyp 1350 (2700 setir) diýlip görkezilipdir.[1] Dessanyň soňlanyşy bar. Golýazmanyň senesi 1205 (1790-1791)-nji ýyl.

Metin maýdajyk, ýöne düşnükli nestaglyk hatynda ýazylypdyr we iki sütüne bölünip berlipdir. Kagyzy gündogar önümi. Her waragyň soňlanýan ýerinde garawul goýlupdyr. Dessanyň metini, esasan, doly nusgada. Golýazmanyň kätibi öz adyny görkezmändir. Ýöne metiniň ahyrragynda şeýle setirler bar- $32^b$ w.:

Misgin Zunuby, tabykeý, nala kylar sen misli neý,
Biçäre husnuňy göreý, tapgaýmy men, ýa Rep seni.

Golýazmanyň 66-njy sahypasynda Zunubynyň ady ýene-de gaýtalanýar:

---

[1] Mugallymlar gazeti. 1992-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 29-y.

Eý, Zunuby, gapyl olma bir nepes Hak ýadyndan,
Mundan artyk hamdyn aýdara şirin güftara ýok.

Biziň pikirimizçe, bu ýerde Zunuby ýöne bir günäkär manysynda gelýän söz bolman, XVIII asyrda ýaşap geçen Magtymguly bilen goşgy aýdyşan Zunubynyň ady bolmaly. Zunubynyň ýaşan döwri bilen bu golýazmanyň ýazylan wagty hem gabat gelýär. Golýazma 1205 (1790-1791)-nji ýylda göçürilen. Zunuby bolsa professor K. Ataýewiň belleýşi ýaly «...takmynan XVIII asyryň birinji ýarymynda doglup, şol asyryň ortalarynda we ikinji ýarymynda ýaşap geçipdir».[1] K. Ataýew Zunubynyň ýaşan döwri hakyndaky pikirini onuň Magtymguly bilen aýdyşan goşgusyna esaslanyp delillendirýär: «Şol goşgynyň ahyrky bendinde «Bir müň iki ýüz on bir» (1211 hijri) diýen sene görkezilipdir:

Zunuby:

Resul gündür, imdi hasap tutaly,
Müň iki ýüz on bir ýyldyr biteli,
Ajal köpri, gel, didara ýeteli,
Zunuby diýr, bizden habar şeýledir.

Bu senäni milady ýyl hasabyna öwürsek, onda Magtymguly bilen Zunubynyň 1796-njy ýylda goşgy aýdyşandygy belli bolýar»[2]. Biz K. Ataýewiň Zunubynyň Magtymguly bilen aýdyşygyny haýsy çeşmä salgylanyp getirendigini bilemzok. Sebäbi bu goşgy alymyň Zunuba degişli görkezýän «146, 149, 660, 12, 52 we başgalar» diýen bukjalarynda ýok. Ýöne alym sanawynyň soňuny «we başgalar» diýip jem-

[1] Kakajan Ataýew. Edebi tapyndylar. -Aşgabat: Türkmenistan, 1980, 26 sah.

[2] Kakajan Ataýew. Edebi tapyndylar. -Aşgabat: Türkmenistan, 1980, 26-27 sah.

leýär. Başgalara haýsy çeşmeleriň girýändigi belli bolman galýar. Emma Zunubynyň Magtymguly bilen aýdyşygy alymyň belgilerini takyk görkezýän bukjalaryndaky nusgalarda ýok. Megerem, K.Ataýew prof. M.Kösäýewiň «Edebiýat barada söhbet» diýen kitabynda berýän maglumatyna salgylanýan bolsa gerek[1]. Sebäbi Zunuby bilen Magtymgulynyň aýdyşyk goşgusy hakynda ilkinji gezek ylmy jemgyýetçilige habar beren M.Kösäýewdi. M.Kösäýew hem bu aýdyşyk goşgudaky getirilýän senäniň 1796-97-nji ýyllara gabat gelýändigini nygtapdy. Ýöne bu goşgy hakda biraz soň dil-edebiýat ylymlarynyň doktorlary G.Geldiýew[2], A.Aşyrow[3] dagy başgaça düşündiriş berdiler. Bu «düşündiriş» Zunuby bilen Magtymgulynyň aýdyşygy bar bolan täze bir golýazmanyň ýüze çykmagy bilen başlandy. Golýazma 1977-nji ýylda merhum edebiýatçy dil-edebiýat ylymlarynyň doktory M.Annamuhammedow tarapyndan Sarahsda ýaşaýan Orazmyrat Satlykowdan alnypdyr. 3921-nji bukjada saklanýan bu golýazma A. Aşyrowyň «Magtymgulynyň golýazmalarynyň teswiri» diýen kitabynda ylmy teswir berilýär.[4] Zunuby bilen Magtymgulynyň bu aýdyşyk goşgusy Magtymgulynyň 1983-nji ýylda neşir edilen «Saýlanan eserlerine» hem girizilipdi.[5] G. Geldiýew, A. Aşyrow aýdyşyk goşgudaky görkezilýän senäniň 1796-1797-nji ýyllara däl-de 1805-1806-njy ýyllara degişlidigini tassyklaýarlar. Olar diňe senä däl, eý-

---

[1] Kösäýew M. Edebiýat barada söhbet. Aşgabat: Türkmenistan, 1972.76 sah.

[2] Geldiýew G. Şygryň gudraty. -Aşgabat: Magaryf, 1985. 36-38 sah.

[3] Aşyrow A. Magtymgulynyň golýazmalaryny yzarlap... -Aşgabat: Ylym, 1995, 87-89 sah.

[4] Aşyrow A. Magtymgulynyň golýazmalarynyň teswiri. -Aşgabat: Ylym, 1983, 87 sah.

[5] Magtymguly. Saýlanan eserler. Iki jiltlik. 2-nji jilt. -Aşgabat: Türkmenistan, 1983, 153-156 sah.

sem goşguda senäniň haýsy maksat bilen getirilendigine ünsi çekýärler we gürrüňiň goşgynyň däl-de Muhammet pygamberiň wepatyndan bäri geçen wagtyň hasaby hakda barýanlygyny görkezýärler. Şu gürrüňlerden netije çykarsak, Zunuby 1805-1806-njy ýyllarda ýaşap ýören bolmaly.

129-njy bukjadaky golýazma Zunubynyň diňe bir şahyr däl, eýsem hatdat hem bolandygyny görkezýär. Biz şu golýazmany Zunubynyň öz eli bilen ýazan nusgasydyr diýip çaklaýarys. Biziň golýazmalar hazynamyzda türkmen şahyrlarynyň göçüren golýazmalarynyň ençemesi bar. Döwletmämmet Azadynyň, Mollanepesiň, Gurt oglunyň, Mollamurtyň öz eli bilen ýazan nusgalary hakdaky maglumatlar türkmen çeşmeşynaslyk ylmynda mälimdir. Eger bu golýazma Zunubynyň öz eli bilen ýazan nusgasy bolmasa, onda ol nusga Zunubynyň göçüren nusgasyndan göçürilen bolsa gerek. Türkmen edebiýatynda we umuman gündogar edebiýatynda-da kätibiň esere öz adyny goşýan ýerleri az däl. Meselem, Mollamurt Andalybyň «Leýli-Mejnun» dessanyny göçüren mahalynda aýry-aýry pursatlarda Andalybyň sesine öz sesini-de goşupdyr:

Daşyň uny demim tutdy,
Şor kepek meýnime ötdi,
Ýary görmeý ajal ýetdi,
Sizler dek mekgara ýokdur.

**Mollamurt, sen gaýra durgul,**
Haýdar Jelal assa urgul,
Ýa Ýaradan, towpyk bergil,
Men dek bagty gara ýokdur.[1]

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky TMGI-niň 3-nji bukjasy. 223 sah.

Ýa-da:

Getirgil her ýerde bolsa dert bilen,
Işim bolmaz şäher, ülke, ýurt bilen,
Haýdar işan gelsin **Mollamurt bilen,**
Owwalky jogapdyr meniň jogabym.[1]

Elbetde, şahyr Zunubynyň hem Saýadynyň mesnewisini göçüren wagtynda aýry-aýry gazallaryň yzyndan öz adyny getirmegi bolup biljek ýagdaýdyr. 129-njy golýazmanyň metininiň ýokary tarapy çyg çekip zaýalanypdyr we köp setirleri okamak mümkin däl. Özü-de bu metiniň aýry-aýry ýeri däl-de, başdan-ahyryna çenli şeýle. Golýazma hazyna getirileninden soň rejelenipdir, daşy emeli deri bilen jiltlenipdir.

Saýadynyň mesnewisiniň ikinji bir nusgasy 5817-nji bukjada saklanýar. Bu hakda «Türki dilli golýazmalaryň teswirinde»[2] maglumat berilýär. Saýadynyň bu mesnewisiniň üçünji bir nusgasy H.Şahberdiýew tarapyndan getirilen golýazma bolmaly. Ýöne gynansak-da bu golýazma bize näbelli bolan sebäplere görä golýazmalar hazynasynda saklanyp galmandyr. H. Şahberdiýewiň getiren golýazmasynyň 129-njy ýa-da 5817-nji bukjalardaky golýazma nusgalaryndan başga özbaşdak bir nusgadygyny aýtmak gerek. Sebäbi H.Şahberdiýewiň habar berýän golýazmasynyň «*üç ýerinde musulman ýyl hasaby bilen 1221-nji ýyl ýazylan*» bolmaly. Özü-de bu golýazma, ýokarda-da ýatlap geçişimiz ýaly, Bagşy Babanyň atasy Annamyrat bilen kyýamatlyk dogan

[1] Türkmenbaşy adyndaky TMGI-niň 3-nji bukjasy. 217 sah.
[2] A.Mämmetjumaýew, G.Guzuçyýewa. Türki dilli golýazmalaryň teswiri. - Aşgabat: TMGI. 1997, 37-38 sah, 25-nji teswir.

okaşan Garakölli kazynyň gyzy Aýtoty tarapyndan göçürilen bolmaly. Aýtotynyň göçüren golýazmasynyň Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» mesnewisiniň bizdäki bar bolan nusgalary bilen senesi we beýleki alamatlary – sahaby, metini meňzeş gelmeýär. Biz H.Şahberdiýewiň makalada mysal getiren beýtleri bilen bize mälim bolan nusgalardaky metinleri deňeşdirip şeýle netijä geldik.

Biziň elimizde bu mesnewiniň başga golýazma nusgasy ýok. Dogry käbir beýazlarda mesnewiniň içinde gelýän aýry-aýry gazallar duş gelýär.

T.Nyşanbaýewa Saýadynyň «Zöhre-Tahyr» mesnewisiniň özüne mälim bolan sekiz sany golýazmasynyň barlygyny, olaryň dördüsiniň Özbegistan Ylymlar akademiýasynyň Abu Reýhan Biruny adyndaky Gündogary öwreniş institutynda (6357, 6359, 9194, 10236-njy bukjalar), bir nusganyň Özbegistan Ylymlar akademiýasynyň Dil we edebiýat institutynyň edebiýat muzeýinde (95-nji bukja), iki nusganyň Russiýa Ylymlar akademiýasynyň Gündogary öwreniş institutynyň Sankt-Peterburg bölüminde (148/7 T, W 310 T), ýene-de bir nusganyň Sank-Peterburgyň M.E.Saltykow-Şedrin adyndaky Jemagat kitaphanasynda (täze pars seriýasy boýunça 439-njy bukja) saklanýandygyny aýdýar.[1] Bizde, Türkmenbaşy adyndaky TMGI-de bar bolan iki nusga, görşümiz ýaly, bu sanawa girmeýär. Dogrudanam, bizdäki nusgalar hakynda käbir makalalarda ýatlanylýanlygyny hasap etmeseň, heniz ylmy jemgyýetçilige ýeterlik habar berlenok. Mesnewiniň ýene-de bir golýazmasy wenger alymy Herrmann Wamberide hem bolupdyr.

[1] Saýýodiý. Tohir wa Zuhra. Toşkent. Uzbekistan SSR Fanlar Akademiýasy naşriýoti, 1960. 6 sah.

Herrmann Wamberi 1867-nji ýylda Saýadynyň bu mesnewisinden bir parçany neşir etdiripdi.[1]

Biziň neşire taýýarlan şu «Zöhre-Tahyr » dessanymyz ilkinji nobatda Türkmenistanda saklanýan we ylmy jemgyýetçilige az belli bolan golýazma nusgalaryna daýanýandygyny we onuň metin babatda käbir tapawutlara eýedigini aýdyp bileris.

**A. MÄMMETJUMAÝEW,**
***Türkmenistanyň Milli medeniýet***
***«Miras» merkeziniň bölüm müdiri,***
***dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty***

[1] Herrmann Vambery. Caqataische sprachstudieren enthaltend drammatikalischen umriss Chrestomat hie und wörterbuch der Caqataicheng scrache. Leipziq, 1867. 34 sah.

## SÖZLÜK

### A

Ab - 1) suw, 2) gözýaş.
Aby haýwan - dirilik suwy.
Aby rowan - 1) akýan suw, 2) gözýaş.
Abyt - yhlasly, ybadat kylyjy.
Adam aby - suw adamy.
Adawat - duşmançylyk, içigaralyk.
Adem - ýokluk.
Aftab (apytap) - gün, ýagtylyk.
Afzal - 1) bilimli, ylymly; 1) iň gowy, artykmaç.
Agaz - başlanyş, giriş.
Agýar - 1) keseki, ýat; 2) bäsdeş, rakyp.
Agzaz - eziz.
Ahbar - bir iş baradaky gürrüň, habarlar.
Ahmar - reňk, gyzyl reňk.
Ahy semer - gynançly netije.
Ahy dil - ýüregiň ahy.
Ahy-waweýla - gynanç, wah, haýp.
Ahýar - gowy adamlar, jomartlar.
Ajam - arap däl ýurtlar, Eýran.
Ajap efsana - geň , täsin waka, hadysa.
Ajyglanma - gaharlanma.

Akly bahuş - akylly-huşly.
Akraba - 1) garyndaşlar, kowum-gardaşlar; 2) iň ýakyn, ýakyn.
Akybet - ahyr, soň.
A:m - köpçülik, hemme, garamaýak.
An - ol.
Anaýat (enaýat) - 1) rehim, kömek; 2) bagyşlamak, bermek.
Anbar efşan - atyr saçýan.
Anbaz - ol ýene-de.
Anduh (enduh) - gaýgy-gam, gussa.
Aňňyz (engiz) - 1) tolgundyryjy; 2) niýet, meýil, sebäp.
Aperin (aferin) - berekella.
Ara - 1) bezegçi; 2) bezeg.
Arasat - harasat, kyýamat, ahyret, gowga.
Araýyş - bezeg, bezeme.
Araza - ýüz, keşp.
Arbaýydan - dört elementden (suw, ot, ýel, toprak).
Ardydal - giň ýüreklilik.
Arş - 1) gök, asman; 2) tagt; 3) beýiklik.
Asy - günäkär, ýazykly.
Asy zyýada - günäsi , ýazygy artykmaç.
Asyp - 1) zyýan, zelel; 2) horluk, muşakgat.
Aşufta - bulagaý, telbe, aşyk.
Aşufta hal - haly perişan.
Aşýan, aşýana - öý, jaý, höwürtge.
Ata kylmak - bagyşlamak, eçilmek.
Ataş - ot.
Ataşy saht - pugta. berk ot.
Ataşy suzan - ýandyryjy ot, ýanyp duran ot.
Awam - köpçülik, aşaky gatlak.
Aýak - pyýala, käse.

Aýş - 1) keýp, lezzet; 2) ýaşaýyş.
Aýýar - 1) mekir, hilegär; 2) talaňçy; 3) sergezdan.
Aýyn - 1) adat, ýörelge; 2) Bezeg.
Azym - uly.

## B

Ba - bilen, -ly, -li... (baglaýjy goşulma).
Baby jennet - jennet gapysy.
Bada - meý.
Badil - ýürekli.
Badiýanat - dinçi, dine uýýan, takwa.
Bady haşan - 1) dabara; 2) ýaran.
Bady saba - saba şemaly.
Bagry birýan - bagry köýen, bagry daglanan.
Bagyr hunabasy - bagry gan bolan, azap çeken.
Bagys - sebäp.
Bagzy - käbiri, birnäçe.
Bahadur - batyr, pälwan.
Bahem - bilelikde.
Bahuş - huşly.
Bakemal - kemally, bilim düşünjeli.
Bakerem - keremli, sahy.
Bal - ganat.
Bala - 1) ýokary, üst; 2) uly, belent, beýik.
Bap - 1) gapy; 2) degişli, babatda; 3) bölüm.
Bapazylat - ylymly, bilimli.
Baran - ýagyş, ýagmyr, ýagyn.
Bark - ýyldyrym.
Bary-yşk - yşk ýüki.
Basyr - görüji, görýän.
Bat - şemal, ýel.

Bawepa - wepaly.
Bawer - ynam, ynanç.
Baz - 1) ýene, ýene-de, gaýtadan; 2) algyr guş.
Beççe - çaga.
Bedaýet - başlangyç.
Bedel - 1) öwezine; 2) garşylyk.
Behbud ahbar - bähbitli habar.
Belakeş - bela, azap çekiji.
Beli - hawa.
Bent - bagly, daňylgy.
Berkemal - kemally.
Berhaky razyk - Rysgal beriji hakyna.
Betkär - ahlaksyz.
Betnam - ýamanatly.
Beýewan - çöl.
Beýt - 1) öý; 2) şygryň iki setiri.
Beýtil hazan - gaýgy öýi, gam-gussa öýi.
Beýtillah - 1) Allanyň öýi; 2) Mekgäniň hem-de Käbäniň ady.
Bezm - toý, meýlis, keýpi-sapa.
Bähr - deňiz.
Bähri yşk - yşk deňzi.
Biçügüne - deňdeşsiz, taýsyz, barabarsyz.
Bidowa - dermansyz, emsiz, yşksyz.
Bihet - hetsiz, çäksiz.
Bikes - hiç kimsiz, ýeke-ýalňyz.
Billah - Alla üçin, Hudaý üçin.
Binowa - garyp, bagtsyz, biçäre, pakyr, garamaýak.
Binýat - esas, düýp, kök.
Binehaýat - soňsuz, çäksiz.
Biseru saman - hiç kimsiz, öý-öwzarsyz.
Bisýar - köp, artykmaç.

Bizowal - zyýansyz, zelelsiz.
Böhtan - töhmet.
Buýyn güller - ysly güller.

## Ç

Çag - 1) wagt, möhlet, zaman; 2) sag; 3) semiz.
Çarhy-kaddar - zalym dünýä, hilegär dünýä.
Çarhy pelek - döwrüň aýlanşy, zaman, dünýä.
Çeçek - gül.
Çendan - 1) köp; 2) ýek-ýarym; 3) käwagt.
Çera ki -näme üçin.
Çeşm - göz, göreç, garak.
Çeşmeýi haýwan -dirilik çeşmesi.
Çäbik - çalasyn.
Çust - çalt, tiz.
Çustu-ýyndam - örän ýyndam, çalt.
Çustu-çäbik - çalt, çaltlyk bilen, hasyr-husur.
Çün - şonda, şeýle, dek, kimin.

## D

Dagwat - çagyrma, çagyryş, çakylyk.
Dam -  duzak.
Damad - giýew.
Danyşment - alym, bilimli, akylly adam.
Darawgär - orakçy.
Daryga - haýp, arman.
Dawer - 1) häkim, patyşa 2) kazy.
Daýa - eneke.
Debistan - mekdep.
Demsaz - arkadaş, hemdem, ýoldaş bolmak.

Deraz - uzyn, uzak, köp.
Derbe der - sergezdan, awara, derwüş.
Dermende - ejiz galan, biçäre.
Derýaýy-agzam - uly derýa.
Dest - 1) el, gol; 2) gezek, mertebe; 3) kömek, ýardam.
Destgir - 1) kömek beriji, goldaýjy; 2) tutma, ele salma.
Deşt - çöl.
Dähr - dünýä, älem, asyr.
Diger - başga, özge.
Dil - ýürek, göwün.
Dil efgär - ýüregi ýaraly.
Dilawer - batyr ýürekli edermen gahryman.
Dilnowaz - 1) göwün göteriji, mähriban; 2) söýgüli.
Dilruba - 1) göwni özüne çekiji gözel; 2) söýgüli.
Dilsuz - ýüregi awaýan, dertdeş, rehimdar.
Diwanawar - däli ýaly, telbe ýaly.
Diwanaýy yşk - yşkda aklyny ýitiren derwüş.
Diýanat - dine uýma, dini dogry tutmaklyk, takwa.
Dowa - derman, em.
Du älem - iki älem.
Du demdar - iki ýüzli, iki tygly, zülpikär.
Dubara - ikinji gezek, gaýtadan, iki gezek.
Dügäne - ikisi.

## E

Ebr - bulut.
Ebýat - 1) beýtler, 2) öýler, mesgenler, gonalgalar.
Efgan - pygan, eňreme.
Efgär - 1) ýaraly, biçäre; 2) ýadaw, gaharly, gazaply.
Efkar - pikirler.Efsana - erteki, hekaýat.
Ekbar - bir gezek, birdenkä.

Ekta - ýeke-täk, ýalnyz.
Elwedag - hoş, saglykda görşeli!
Enaýat - rehim-ýagşylyk.
Enbaz - ýoldaş, şärik.
Endek - azajyk.
Endişe - pikir.
Enduh - gaýgy - gussa.
Engiz kylmak - niýet etmek, meýil etmek.

## Ä

Ägä - habarly, belli, mälim.
Äheň - owaz, ses, heň.
Ähli-hal - sopy, sufizm wekili.
Ähli-razy - ýaşyryn syrlardan habarly, dini ylymlardan başy çykýan alym.

## F

Fatyha - 1) Gurhanyň bir süresiniň ady; 2) doga okamak.
Fazly ylahy - 1) yllahy bilim; 2) yllahy ukyp.
Ferawan (perawan)- köp, kän, artyk.
Ferip - hile, mekir, pirim.
Fert - 1) ýeke, ýalňyz; 2) iki setir şygyr.
Fihi - onda.

## G

Gadar - 1) güýç, kuwwat; 2) takdyr, täleý.
Gamgüsar - mähriban, gaýgy-gamdan aýyryjy.
Gamhana - köp gussaly, gamly öý.
Gamhor - 1) mähriban, göwünlik berýän; 2) söýgüli.

Gamkeş - gamly, tukat, gussaly.
Gamnäk - gamly, gussaly, gaýgyly.
Gamza - näz, näzli bakyş, näzli garaýyş.
Garaýyp - geň zatlar, gyzykly zatlar.
Gaýrullah - Alladan gaýry, özge.
Gerdan - aýlanýan, dolanýan, dolanyş, pelek.
Gerden - boýun.
Gerdiş - gezme, gezim, aýlanyş, hereket.
Gerdun - pelek, asman, takdyr, ýazgyt.
Giriftar - duçar bolma, bendiwan, sezewar bolma.
Girýan - aglaýan, gözi ýaşly.
Göýäne - gürleýän, aýdýan.
Gubar - 1) çaň, tozan; 2) gaýgy, gam.
Gurbat - aýralyk, jyda düşmek.
Guwwas - suwuň düýbüne çümýän, suwa girýän, suwda ýüzüji.
Güdaz - ergin, eredýän, ýanyk, ýakýan.
Güftar - söz, gürrüň.
Güftiguý - gürrüň, sözleşme, gürrüň etme.
Gümrah - azaşan, ýoldan çykan, ýoluny ýitiren.
Güşada - açyk, şat.

## H

Hajat - gerek zat, zerur zat, isleg, talap.
Halawat - ýakymlylyk, süýjülik.
Hallak - ýaradyjy, döreden, ýaradan (Hudaýyň epiteti).
Halyk - ýaradan, döreden (Hudaýyň epiteti).
Ham - 1) egri, bükün; 2) çig, biderek, boş; 3) deri.
Hamuşan - 1) sessiz, üýnsiz, dymýanlar; 2) ölüler.
Hamuşan şähri - sessizler şäheri, mazarçylyk, gabrystan.
Hanyman - öý, öý goşy, mal-mülk.

Harem - aýal.
Hassaýy bimar - 1) aýratyn keselli; 2) keselli.
Hasse - aýratyn.
Has-u-a:m - 1) köpçülik; 2) ýokary we aşaky gatlak.
Haýat - ýaşaýyş, dirilik.
Haýdar - ýolbars, şir, batyr, ýürekli. (Alynyň epiteti).
Hazan - 1) güýz pasly; 2) sary ýaprak; 3) tupan.
Hebes - biderek, peýdasyz, ýarama.
Hemhana - bir öýde ýaşaýan, ýoldaş bolmak.
Hemnepes - aýalyňa, söýgüliňe aýdylýan söz.
Hemraz - syrdaş.
Hemser - ýassykdaş.
Häk - ýer, gum, tozan.
Hijran - aýralyk, uzaklyk, daş düşmeklmk.
Hikmet - 1) akyllylyk, filosofiýa, parasatly söz, şygar.
Hoşu-akrap - 1) eýranlylaryň şemsi aýlarynyň sekizinjisi; 2) ýyldyzyň ady.
Howadar - tarapdar.
Hudawent - Alla bagly adam.
Hukama (hekimler) - örän akylly we paýhasly adam.
Hunaba - jepa, azar.
Hunhor - gan hor, gan içiji zalym
Huraman - sallanyp ýöriş, näz bilen sallana-sallana ýöreýän.
Hursant - şat.
Husn - görk, gözellik, owadanlyk.
Hümmet kemeri - gujur, gaýrat toplama, mertlik kemeri.
Hüýr - behişt gyzy.
Hyjap - perde, ýaşmak, bürençek.

## I

Imdat - kömek, ýardam, medet.
Imla - 1)doldurmaklyk; 2) dürs ýazuw, ýazuw.
Imtihan - synag, derňew, barlag.
Inşa - ýazuw, düzme, hat.
Intihar - yz, soň, ahyr, bir zadyň gutaran ýeri.
Iştiýak - meýil, isleg, arzuw, şowk, höwes.
Isýan - günäli.
Izhar (yzhar)- äşgär, aýan, beýan etme.
Iztirap - 1) aljyraňňy, özüňi ýitirmeklik; 2) azap, zähmet, horluk.

## J

Jafy - jepaly, elemli, öküniçli.
Jahan ara - älemi, jahany bezeýän, ýagtylandyrýan.
Jahannema - jahany, älemi görkezýän.
Jala - 1) çyg, damja; 2) çagba, gözýaş.
Jan teslim etme - jan berme, jan tabşyrma.
Jan-u-dil - jan we ýürek, jan we göwün, çyn ýürek.
Jary - 1) akýan, akar; 2) belli, ýaýran.
Jawydan - ömürlik, bakylyk.
Jelal - beýiklik, dabara, şan-şöhrat.
Jerahat - ýara.
Jezire - ada, suwdaky ada.
Justuju - gözleg, agtaryş, yzlamak.

## K

Kah - saman.
Kal - 1) söz, gep, gürrüň; 2) galmagal.

Kalu bela - «Hawa» diýdiler». («Gurhanyň» sözlerinden).
Kamug - hemme, ähli, bütin.
Katl - öldürmeklik, ölüm.
Katlban - galtaman.
Kejdum - içýan.
Kiparat - 1) örtüji, ýok ediji; 2) günäden arassalanmak.
Kipaýat - 1) ýeterlik, başarjaňlyk; 2) kömek, haýyr.
Kiştiban - gämiçi.
Köwser - 1) jennetiň çeşmesi, howzy; 2) gaty süýji zat.
Kumaj - mata, ýüpek, geýim, esbap, göwher.
Kusur - egsiklik, kemlik, aýp, nogsan.
Kylawuz - aladaly.

## L

La akyl - akylsyz, huşsuz.
Lagly şeker bar - şeker saçýan dodak.
Lahza - bir salym wagt, pursat, garaýyş, nazar.
Lajerem - şeksiz, gümansyz, gürrüňsiz.
Lamezal - ölmez ýitmez, zowalsyz, baky.
Laýezal - ebedi, hemişelik, hiç haçan ýok bolmaýan.
Leb - 1) dodak; 2) kenar, gyra, ýaka.
Läşeriki - şäriksiz, deňsiz-taýsyz, gaýtalanmaýan.
Lowhulmahfuz - asmanyň iň ýokary gatyndaky ýazgy tagtasy. Ol ýazgy tagtasynda ähli ynsanlaryň ýazgydy, ýaşaýşyň ähli syrlary ýazylan.
Lutf - mylaýymlyk, mähribanlyk, rehimlilik.

## M

Mada - urkaçy haýwan.
Maglup - ýeňlen, ýeňlişe sezewar edilen.

Magrur - ulumsy, howalaly, buýsançly.
Mah - aý.
Mahy-lukka - aý ýüzli, owadan.
Mahy-peýker - aý ýaly keşp, surat.
Mahy-taban - 1) ýagty aý; 2) owadan, gözel.
Majera - hadysa, waka, bolan waka.
Makbul - kabul
Manent - ýaly, meňzeş
Manyg, meng - böwet, päsgel.
Mar - ýylan.
Masewa - ondan başga zatlar, Hudaýdan başga zatlar.
Mawa (mäwa) - başpena, durar jaý.
Mazbut - 1) berklenen, mäkämlenen; 2) belli, bellenen.
Mejazy - çyn däl, hakyky däl, hakyky bolmadyk zada degişli.
Mejruh - ýaraly, ýaralanan.
Mekri tedbir - hileli pikir, hileli alaç.
Mensup - 1) bagly, degişli; 2) dikilen, bellenen.
Menzilgäh - 1) durulýan ýer, duralga; 2) gabrystan.
Menzum - düzülen, tertibe salnan.
Merhaba - 1) hoş geldiňiz! 2) Berekella!
Mäýus - göwni çökgün, umytsyz.
Minewwer (münewwer)- nurly, ýalkymly.
Misgin - betbagt, garyp, gedaý, pahyr.
Muazzam - uly, belent.
Muhabbet - söýgi.
Muhteşem - hormatly, sylagly.
Mukarram (mükerrem) - hormatly, eziz.
Munim - nygmat beriji.
Munşy - ýazyjy, kätip, mürze.
Munysy - hakyky, çyn dosty, ýarany.
Murassag - bezelen.

Murda - öli, jeset.
Muşfyk - mähirli, mähriban, merhemetli.
Mübeddil - öwrülen.
Mübtela - bir zada duçar bolma, bela duşma, uçrama.
Müderris - sapak beriji, ders beriji.
Müžde - buşluk, hoş habar.
Müsellem - anyk, anyklyk.
Müşki-Hotan - Hotan müşki.
Mysapyr - ýolagçy, biçäre, goldawsyz.

## N

Nabut - ýok bolmaklyk, aradan çykmaklyk.
Nasrin - gülüň ady, gül, bägül.
Natuwan - güýçsiz, ýarawsyz, ejiz.
Naý - gamyş, gargy, tüýdük.
Nazargäh - 1) seredilýän, görülýän ýer; 2) nukdaý-nazar, pikir.
Nazm - 1) tertip düzgün; 2) şygyr, goşgy.
Nazyr - seredýän, gözleýän, üstünden seredýän.
Neda - ses, owaz.
Nedim - gürrüňdeş, söhbetdeş, ýoldaş.
Nemnäk-1)öl,yzgar,çyg;2)gözýaş.
Neng-u namys- ar-namys.
Nezaket - näziklik, gözellik, edeplilik.
Nezir - deňi, meňzeşi.
Nigär - 1) surat, nagyş; 2) söýgüli ýar.
Nisar - gurban, pida, seçmek.
Nowha-perýat - agy, möňňürme, nala.
Nury aýn - gözüň nury.
Nury-dide - gözüň nury.

Nury-zahyr - aýan nur, äşgär nur, daşky görnüş.
Nyhan - gizlin, örtülgi, ýapylgy, ýaşyryn.

## O

Oşol - şol, ol.
Owzag - ýagdaý, hal, durmuş.
Owkat - wagtlar.
Owsap - wasplar.

## P

Perawan - bol, köp.
Perwana - kebelek, aşyk.
Perwaz - uçuş, uçma.
Perwerdigär - Hudaýyň epiteti.
Perweriş - terbiýelemek, ýetişdirmek.
Peýam - 1) sargyt, habar; 2) salam, salam haty.
Peýgam - ýüzlenme, habar.
Peýrowan - yzly-yzyna.
Peýweste - 1) baglanan, birikdirilen; 2) goşmaça hemra; 3) hemişe, mydama.
Piçide - dolanan, gurşalan, oralan.
Piri zal - ak sakgal, garry, goja.
Piş - öň, öň ýan, ileri.
Pişe - iş, kär, kesp.
Post - ten, deri, ham, gabyk.
Pota - 1) guşak; 2) ýaglyk.
Puşty-penah - arkadaýanç.
Pürgam - gamly, örän gaýgyly, köp gamly.
Pyýala - käse, meý içilýän gap.

## R

Rabat - 1) gala; 2) kerwensaraý.
Ragaýat - göz öňünde tutmaklyk, berjaý etme.
Ragd - güýçli ýyldyrym.
Ragna - owadan, gözel, näzik.
Rah rowan - 1) ýola salyjy; 2) ýola düşen.
Rahnema - ýol görkezme.
Raht - 1) geýim-gejim; 2) düşek.
Rakyp - 1) garawul, sakçy; 2) keseki, ýat; 3) duşman; 4) ýoldaş.
Ramide - boýun bolan, kaýyl bolan.
Raz - syr.
Rehber - ýolbaşçy, baştutan, ýol görkeziji.
Reýhan - 1) gül ady; 2) ysly otlaryň umumy ady.
Riş - 1) ýara, baş; 2) sakgal.
Rowan - 1) akýan, akar, akyjy; 2) ýöreýän, gezýän.
Rowzan- tüýnük.
Roýmal - ýaglyk.
Ru - 1) ýüz, keşp; 2) üst.
Ruhsar - ýüz, ýaňak, keşp.
Ruz - gün, gündiz.
Ryswa - şermende, masgara.
Ryzwan - 1) behişt; 2) kanagatlylyk, razyçylyk.

## S

Saba - daň, ertir, ir bilen.
Sabyk - öň,öňki.
Sadap - 1) balykgulak; 2) çaňňalak.
Sadyk - dogruçyl, dogry sözli.

Sagy (saý) - yhlas.
Saht - berk, mäkäm, pugta.
Salyk - 1) bir ýoly yzarlaýan; 2) mürit.
Samat - 1) ebedi, hemişelik; 2) Hudaýyň epiteti.
Samy bol - belent bol, beýik bol.
Sany (säni) - ikinji.
Saýt - aw, şikär.
Saýyl - gedaý, dilegçi, ykmanda.
Sema - asman.
Seňhara - daşyň bir görnüşi (granit).
Ser - 1) kelle, baş; 2) ýokary üst.
Seraser - başdan-aýak.
Serenjam - 1) ahyr, soň; 2) tertip, düzgün.
Ser-u pa - başdan-aýak, bütinleý.
Serwi-azat - 1) dik ösýän serwi agajy; 2) gözel.
Set dat - ýüz dat.
Set para - ýüz para.
Sim-u-zer - gyzyl-kümüş, pul, baýlyk.
Sirap - 1) ganan, suwdan ganan, doýgun; 2) joşan.
Siwa - başga, özge.
Subhy-dem - ertir çagy, daň saz beren wagty.
Suda - kül.Suhanwer - dilewar, söze çeper.
Suhanriz - sözleşmek.
Sylah - ýarag
Syna suzan - synasy ýanan.
Sypahy - goşun, esger.

## Ş

Şad-u horram - hoşal, begençli, şat.
Şahbaz - 1) laçyn, algyr bürgüt; 2) batyr, edermen, şöhratly.

Şam - 1) gije, agşam; 2) gije iýilýän nahar; 3) ýer ady.
Şasuwar - at çapmaga ökde, batyr ýigit.
Şebnem - gije çygy, çyg, gyraw.
Şefket, şepagat - mähir, mylakat.
Şegufte - açylmak.
Şejagat - batyrlyk, gaýduwsyzlyk, edermenlik.
Şems - gün.
Şemsi enwer - gün nurlary.
Şeraby yşk - yşk içgisi.
Şerbet - içgi.
Şerh - düşündiriş.
Şikaýat - 1) zeýrenme, käýinme; 2) arza.
Şikeste - ýaralanan.
Şuňkar - laçyn.
Şur - 1) duzly; 2) howsala,dowul; 3) höwes, joşgun.
Şureş - topalaň, gowga, tolkun, joşgun.
Şuryda - 1) howsalaly, tolgunýan; 2) gozgalaňçy, topalaňçy.

## T

Tafahhus - agtarmak, gözlemek, barlamak.
Tahammyl - çydama, kynçylyga döz gelme, takat etme.
Tahsyr - 1) günä, etmiş; 2) saklanma; 3) gysgaltma.
Tanaggum - rahatda ýaşaýyş.
Tarykat - ýol, yslamyň ýoly.
Tawajjuh (töwejjüh)- 1) hormat, üns; 2) ugur.
Tawakkuf (towakkuf) - durma, saklanma, säginme.
Tawfyr - peýda,bolçulyk.
Tazarrug - haýyş, dileg, ýalbarma, aglama, eňreme.
Tebessum -ýylgyryş, gülki.
Tedbir - 1) çäre, alaç; 2) pikir; 3) karar.

Tekbir kylmak - «Allahu ekber» aýtmak.
Tekellüm - gepleşmek, sözleşmek.
Tekrar - gaýtalamak.
Temenna - haýyş, towakga.
Tenbur - kirişli saz guraly, tamdyra.
Tenur -tamdyr.
Terahhym - rehim etme, ýürek awama, haýpyň gelme.
Terana - aýdym, saz.
Terki dünýä - dünýäden uzaklaşma, göwni çökgün.
Teskin - köşeşdirme, duruzma, saklama.
Teslim - 1) boýun egme; 2) tabşyrma, berme.
Tezwir - aldaw, hile, mekirlik.
Tiwe - düýe.
Towana - güýçli, kuwwatly, gaýratly, gudratly.
Towazyg - kiçi göwünlilik, pespäl.
Tuby - 1) jennetdäki bir agajyň ady; 2) gözel, uzyn boý.
Tuda - depe, topar.
Tuhfa - sowgat, serpaý.

## U

Ubudyýet - bendelik, gulluk.
Uftada - 1) ejiz, biçäre; 2) kiçi göwünli, pespäl.
Ulus - il, halk, ýurt, ülke.
Uzur - 1) ötünç; 2) bahana; 3) kemçilik.

## Ü

Ülpet - ysnyşyk, ysnyşykly dost.

## W

Wadaryga - haýp, gynanç.
Wady - çöl.
Wafyr - bol, köp.
Wahşat - gorky, howp, ýekelik, ýalňyzlyk.
Wahyt - 1) ýeke, ýalňyz; 2) Hudaýyň epiteti.
Wale - diwana, telbe.
Warasydar - 1) hossar; 2) mirasdar.
Warys - mirasdar, miras düşer.
Wasl - gowuşma, birikme.
Wasp, owsaf - sypatlary, wasplary.
Wasyl - gowşan, magşugyna ýetişen.
Waweýla - gynanç, haýp, wah.
Wazg - hal, ýagdaý, durmuş.
Wejh - ýüz, keşp.
Welet - perzent, çaga, ogul.
Wehimnäk - gorkuly, gorkmak.
Wirt - bir sözi ýa-da dogany üznüksiz gaýtalamak.
Wujut - barlyk, göwre, beden.
Wuzu - täret kylma.

## Y

Yklym - 1) jahan, älem; 2) klimat.
Ylmy-mejazy - allagoriki ylym.
Yşk baby - yşkyň gapysy.
Yşk baz - yşk bilen meşgullanýan.
Yşk-ähli - 1) yşka degişli bolan adamlar; 2) sopular.
Yzhar - beýan, ýüze çykaryş, äşgär etmeklik.
Yzzat - sylag, hormat, hezzet.

## Ý

Ýaryg - ýagty, owadan, gözel.
Ýarulyk - ýagtylandyrylan.
Ýegana - ýeke-täk, ýalňyz.
Ýelda - ýylyň iň uzyn we garaňky gijesi (Bitaraplyk aýy-nyň 22-si).
Ýezdan - Hudaý, Taňry, Alla.

## Z

Zahyr - 1) daşky görnüş, şekil; 2) mälim, aýan.
Zal - 1) aksakgal, garry; 2) ýoluny ýitiren, ýoldan çykan, ýoluny urduran.
Zaly dun - pis aksakgal.
Zebun - 1) biçäre, pakyr, ejiz; 2) ýeňilen ýesir, ähmiýetsiz.
Zerkeş - altyn çaýylan, tylla bilen bezelen.
Zikr - ýatlama, ýat etme.
Zille - peslik, ýigrenjilik.
Zinde - diri, janly, şat-horram.
Zir - aşak, ast.
Zirek - çakgan, başarjaň, ökde.
Zowal - batmak, ýaşmak.
Zowk - 1) höwes, hyjuw; 2) keýp, hezillik, inçe duýgy.
Zülpi simin -1) kümüş reňkli saç; 2) ak saç.

# MAZMUNY

**Zöhre-Tahyr** ........................................................................ 8

*A. Mämmetjumaýew*, **«Zöhre-Tahyry» meşhur eden şahyr** ........................................................................ 233

**Sözlük** ........................................................................ 283

**SEÝITMUHAMMET SAÝADY**

# ZÖHRE – TAHYR

**Teh redaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahaby bezän A. Modyýew**
**Korrektor G. Mämmedowa**

Çap etmäge rugsat edildi 17.12.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 19.

Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 2 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №2859.
A-14631

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.